

JOŞ MAKDAUELL • ŞON MAKDAUELL

# MUKADDES KITABYŇYZY DUÝUŇ

JOŞ MAKDAUELL • ŞON MAKDAUELL

# MUKADDES KITABYŇYZY DUÝUŇ

KITABI-KNIGI.COM

Islendik bölümi, tutuş maşgala üçin mugt
ekitaplary kompýuteriňe ýükle we oka.

KITABI-KNIGI.COM

Originally published in English under the title
*Experience Your Bible* by Josh McDowell and Sean McDowell
Copyright © 2012 by Josh McDowell Ministry and Sean McDowell
Published by Harvest House Publishers.

Copyright © 2021 for the Turkmen edition.
Translated by permission. All rights reserved.

Eger başga terjime görkezilmedik bolsa, onda salgylanmalar Sinodal terjimeden alnandyr.

Eger başga zat görkezilmedik bolsa, onda Mukaddes Ýazgydan alnan aýatlardaky bellikleriň hemmesi awtorlar tarapyndan goşulandyr.

Awtorlyk hukugy goralan. Neşirçiden hat üsti bilen rugsat almazdan kitabyň materiallaryny ulanmak we köpeltmek, şeýle hem, syn görnüşindäki gysgajyk salgylanmalardan başga, tankydy hem makala görnüşindäki synlardan alnan gysgajyk parçalardan başga tär — elektron, mehaniki, sifr, fotokopiýa etme arkaly, ýazgy etme ýa-da başga usul bilen täzeden işläp çykarmak, gözleg sistemasynda saklamak ýa-da islendik görnüşde we islendik serişdeler arkaly ulanmak gadagan edilýär.

# MINNETDARLYK BILDIRÝÄRIS

Bu kitabyň üstünde işlemeklige gymmatly goşantlaryny goşan şu aşakdaky adamlary belläp geçmek isleýäris.

Meniň 35 ýylyň dowamyndaky dostum hem kärdeşim Deýw Bellis kitabyň nusgasynyň üstünde işlemekde, onuň birinji garalamasyny ýazmakda, göçürmekde we bu kitabyň umumy bezeg işlerini geçirmekde we oňa gutarnykly görnüş bermekde biziň bilen hyzmatdaşlyk etdi. Biz Deýwi "üçünji awtor" hasap edýäris we goşandy üçin oňa çuň minnetdarlyk bildirýäris.

Bize düşüneni we şahsy durmuşymyzdaky gullugy, aýratynam, gatnaşyklar teologiýasyna hem Mukaddes Kitaby öwrenmeklige degişli pikiri üçin doktor Dewid Fergýusona minnetdar. Dewidiň "*Beýik Tabşyryk torundaky*" gullugy onuň wagyzlarynyň we çap eden materiallarynyň üsti bilen köp adamlaryň durmuşyna täsirini ýetirdi, şeýle hem, onuň gullugynyň täsiri bu kitabyň sahypalarynyň köpüsinde hem öz beýanyny tapýar.

Doktor Riçard Fişere golýazmany tankytlandygy üçin we giň Mukaddes Kitap bilimlerini hem-de Mukaddes Ýazgynyň düşündirilişi boýunça teklipleri berendigi üçin minnetdar.

Peýdaly maslahatlary we kitabyň golýazmasy boýunça teklipleri bereni üçin Niýemileriň kiçi toparyna minnetdar, sebäbi olar materialy özleriniň topar bolup öwrenmekleri üçin ulandylar. Şeýle hem, Mark we Marsi Niýemilere, Ketrin we Endi Milliganlara hem-de Laura Faringere golýazmany okandyklary we bize bu kitaby has düşnükli we düşünmek aňsat bolar ýaly etmäge kömek eden maglumatlary berendikleri üçin minnetdar.

Golýazmany redaktirlän prosesinde özüniň gymmatly sözi ulanyş endigini ulanany we yhlasly ýüregi üçin Tom Uilýamsa minnetdar. Şu zatlaryň kömegi bilen sözler çap edilen sahypasynda janlandy.

Golýazmany taýýarlan wagtynda görkezen sabyrlylygy we kompýuteriň başynda yhlasly işläni üçin Bekki Bellise minnetdar.

Deýw Bellis II-ä Hoşeýanyň kitabyny düşündireni we Hudaýyň Sözüne eýerip, açyk ýürek bilen bu işe gaty uly höwesli ýapyşany üçin minnetdar.

"*Hasyl öýi*" neşirýatyndaky Terri Glepsä analitik ukyplary we bu kitaby nämäniň has ynandyryjy edýändigine gurluş taýdan düşünmesi, şeýle hem, bu kitabyň ugruny emele getirmäge kömek etmek üçin şol zatlary paýlaşany üçin minnetdar.

"*Hasyl öýündäki*" Pol Gossarda golýazmanyň ahyrynda girizen kämilleşdiriji redaktirlemesi we düşünjesi üçin minnetdar.

Bob Hoksin-kiçä we "*Hasyl öýi neşiryatçylary*" komandasyna "Mukaddes Kitabyňyzy duýuň" kitabynyň ideýasy hem-de bu neşiriň çap bolup çykmagynda biziň bilen egin-egne berip işläni üçin minnetdar.

*Joş Makdauell*
*Şon Makdauell*

1-NJI BAP

# MUKADDES KITAP: SYRLYMY WE OŇA DÜŞÜNMEK KYNMY?

*“Men Mukaddes Kitaby gowy görýärin we onuň Hudaýyň Sözüdigine ynanýaryn, ýöne, dogrymy aýtsam, onuň nämäni aňladýanyna düşünmeýärin”.*

*“Men Mukaddes Kitaby az okaýanym üçin özümi günäli duýýaryn, ýöne hakykat şeýle, Mukaddes Kitap meni ýalňyşdyrýar, ondaky köp zatlara men asla düşünmeýärin”.*

Ýokarda getirilen pikirler häzirki zaman mesihileriniň köpüsiniň pikirlerini görkezýär. Hakykatyň gözüne seredeliň — Mukaddes Kitaby okamak hemişe aňsat däl. Imanlylaryň aglaba bölegi üçin Köne hem Täze Ähtleriň 66 kitaby kyn hem birazajyk gorkuzyjy ýaly bolup görünýär. Bu haýran galdyryjy zat däldir, sebäbi Mukaddes Ýazgynyň asyl nusgasynyň aglaba bölegi biziň döwrümizden we medeniýetlerimizden güýçli tapawutlanýan wagtlardan we medeniýetlerden gelen. Mukaddes Kitap 2000 ýyldan gowrak wagt mundan ozal 40-dan gowrak nesiller we jemgyýetiň dürli gatlagyndan bolan 40-dan gowrak awtorlar tarapyndan ýazylan. Ol Aziýa, Afrika we Ýewropa kontinentlerinde üç dilde — iwrit, arameý we grek dillerinde — ýazylan. Şonuň üçin Mukaddes Kitap döwründäki diliň we medeniýetiň bizi birneme çekindirýäni geň zat däldir. Hatda Isa ýerde gezip ýörkä-de, Onuň şol jemgyýetde

ýaşaýan şägirtleri hem, Mukaddes Ýazgynyň özleriniň döwründen we medeniýetinden köp wagt öň ýazylan käbir sözleriniň manysyna hem aktuallygyna güýçlerinde baryny edip düşünjek bolupdyrlar. Geliň, şonuň ýaly çylşyrymlylygyň mysallarynyň birine seredeliň.

## DÜŞNÜKSIZ ZADY DÜŞNÜKLI EDIP

Şol gün emosional hem düşnüksiz wakalaryň birgideni boldy. Iýerusalimden Emmaus obasyna çenli barýan ýedi kilometrlik ýoldan barýarkalar, iki şägirt hemme zada düşünmäge synanyşýar. Olar Isa Mesih Ysraýyly rimlileriň zulumyndan gutarmaga gelendir diýip pikir etdiler. Emma rimliler Isany tutup haça çüýlänlerinde, elbetde, bu umyt kül-peýkun boldy.

Özlerini halas etmeli bolan Mesihiň Özüni haça çüýlemäge berenini synlamagyň özi-de az gorkuly däldi. Ertirden bäri şägirtleriň arasynda aýlanýan gürrüňler ondan-da täsindi. Isanyň mazarynyň ýanyna baran aýallar mazaryň agzyndaky daşyň aýrylanyny, jesediň hem ýitenini görüpdirler. Olar perişdepisint bir zatlaryň özlerine Isanyň ölümden direlenini aýdandyklaryny nygtaýardylar. Aýallaryň sözleriniň dogrumydygyny barlamak üçin Petrus gidýär we mazaryň boşdugyny tassyklaýar. Bu zatlara nähili düşünmeli?

Olar pikirlerini sesli aýdyp ýöräp barýarkalar, olara bir nätanyş adam goşulýar. Olaryň gürrüňlerini diňläp barşyna, Ol adam: “Siz näme hakda gürrüň edýärsiňiz?” diýip gyzyklanýar. Gürrüňdeşleriň biri bolan Kleopa: “Sen Iýerusalimdäki bu zatlar barada eşitmedik ýeke-täk adam bolsaň gerek” — diýip haýran galyp aýdýar. Nätanyş geň galyp: “Näme hakda?” diýip soraýar.

Olar özleriniň Isa — Onuň durmuşy, ölümi we ölümden direlmesi — barada “bilmeýän täze ýoldaşyna” gürrüň berýärler. Şonda Nätanyş olara Isa diýen Adam, hakyky Mesih barada Mukaddes Ýazgynyň näme diýýänini we oňa nähili düşünmegiň gerekdigini düşündirýär.

Iki dost barmaly ýerine baranlarynda özleriniň täze ýoldaşyny özleri bilen agşamlyk naharyny edinmäge we gije galmaga

çagyrýarlar. Nätanyş çöregi döwüp, oňa ak pata berende, olaryň gözleri hem ýürekleri açylýar. Aňk bolup galan dostlar Onuň hut Isadygyny — ölümden direlen Rebdigini — tanaýarlar. Soň Isa edil olaryň gözleriniň öňünde gaýyp bolýar. “Olar biri-birlerine: «Ýolda biziň bilen gepleşip gelýärkä, bize Mukaddes Ýazgylary düşündirýärkä, içimizde ýüregimiz ýanmaýarmydy?» diýişdiler” (Luka 24:32).

Isanyň Özüniň yzyna eýerýänleriň bu ikisine Emmausa barýan ýolda Mukaddes Ýazgydan getiren bölekleri olar üçin täze zat däldi. Bu şägirtler şol parçalary ozalam ençe gezek eşidipdiler, şeýle-de bolsa, olaryň hakyky manysyna we aktuallygyna düşünmändiler. Ýöne bu gezek Isa “olara Mukaddes Ýazgyny açanda” olaryň ýürekleri täze düşünjeden doldy, olar şol sözleriň aktuallygyna düşündiler. Eýsem, biziň hemmämizem şeýle zada teşne dälmi — Hudaýyň Sözüniň şeýle düşnükli bolup, öz talaplarymyzy kanagatlandyrmagyny, durmuşymyzy gönükdirmegini we ony durmuşda nähili ulanmalydygyna düşünmegimize ýardam etmegine teşne dälmi?

---

Nähili ýaşamagyň gerekdigini we durmuşdan doly derejede nädip lezzet almalydygyny öwrenýän ýoluňyzda Hudaý Öz Kitabynyň siziň şahsy syýahatyňyz bolmagyny isleýär.

---

Şeýle sorag ýüze çykýar: bize wada berlen akyldarlykdan we durmuşa düşünmekden doly Kitaby bermek, şol bir wagtyň özünde-de, ony düşünmesi kyn etmek Hudaýa nämä gerekkä? Eger Mukaddes Kitapda biziň üçin aktual bolan hakykat bar bolsa, onda ony tapyp almak näme sebäpden bize kyn düşýärkä? Käbirleri Hudaýyň Sözüni diniň bilermenleri üçin ýazylan ylahy düşündiriş kitaby bolup durýar diýip hasap edýärler. Ony wagyz etmek we manysyny düşündirmek şolaryň işi diýip, olar hasap edýärler.

“Ekspertlere” Mukaddes Ýazgynyň düşündirişini bermekdäki mesele onuň gizlin hazynalarynyň hakyky şahsy gymmatyny özbaşdak açmany gözden salýandygymyzdadyr. Dürdäne täjiriniň “gymmatbaha bir dürdänäni tapanyny we baryp, ähli zadyny satyp, ony satyn alanyny” (Matta 13:46) Isa aýtdy. Hudaýyň hakykatynyň esasy manysynyň we aktuallygynyň ägirt uly gymmaty bardyr, eger ony siziň özüňiz açsaňyz, bu dünýäde hemme zat üýtgär. Hudaý hut siziň üçin Öz Kitabyna hakykat dürdänesini sepip çykdy. Siz olaryň her birini durmuşyňyzyň gerek ýagdaýynda we gerek wagtynda açarsyňyz. Hudaýyň Kitaby — Onuň size çyn ýürekden ýazan söýgi hatydyr. Şonuň üçin Ol Öz hatynyň çylşyrymly, bulaşyk bolmagyny ýa-da size başga biriniň üsti bilen barmagyny islemeýär. Aslynda Ol Öz Kitabynyň nähili ýaşamagyň gerekdigini we durmuşdan doly derejesinde nädip lezzet almalydygyny öwrenme ýoluňyzda siziň şahsy syýahatyňyz bolmagyny isleýär.

Men (Şon, Joşuň ogly we onuň awtordaşy) orta mesihilik mekdebinde sapak berýärin. Men okuwçylarymy Mukaddes Kitap bilen Hudaýyň her birimize şahsy taýdan we hemmämize bilelikde aýtmak isleýän zadyny bilme mümkinçiligi hökmünde tanyşdyrmak isleýärin. Men baplaryň, aýatlaryň nomerlerini we sözbaşylaryny aýryp, Efeslilere haty dolulygyna çap etdim. Pawlus ony Efesdäki ýygnaga hat hökmünde ýazýar, şonuň üçin, başda onuň baplara, aýatlara we sözbaşylara bölünmändigi göze görnüp dur. Men şol zatlaryň hemmesini aýranymda çagalar hatyň asyl nusga has ýakyn görnüşini görüp bildiler we onuň strukturasy we manysy babatda özleriniň netijesini çykardylar. Baplara hem aýatlara bölmeklik käbir manysynda peýdaly bolsa-da, olar jikme-jiklikler dogrusynda biziň ünsümizi bölýär we iň esasy zady ünsden düşürmegimize alyp barýar.

Meniň birinji eden zadym okuwçylarymdan kitaby bir oturanda, hiç hili bellik etmezden, okap çykmaklaryny haýyş etmek boldy. Men olara ownuk zatlaryň içinde ýitip gitmän, Efeslilere hatyň umumy keşbinde ünsi jemlemegi maslahat berdim. Bu olaryň käbirleriniň

Mukaddes Kitabyň bir kitabyny durşuna birinji gezek okaýşy boldy. Bu takmynan 20 minudy aldy. Soň biz Efeslilere hatyň esasy aýtjak bolýan zady barada gürrüň etdik, mysal üçin, Pawlus ony näme üçin we kime ýazdy? Mundan soň men olardan kitaby başyndan ahyryna çenli okanlarynda nämäni bilendiklerini soradym.

Ertesi gün biz sapagy Efeslilere haty täzeden gaýtalap okamakdan başladyk. Biz wajyp temalary we maksatlary görüp biler ýaly, bütin kitabyň dowamynda gaýtalanýan zatlarda ünsi jemlemelidiklerini men olara aýtdym. Bu gezek men olara bellikler etmäge rugsat berdim. Soň men olardan kitaby okap çykanlaryndan soň Efesdäki ýygnak barada näme bilendiklerini soradym. Olar işler, merhemet, bagyşlama, Hudaýyň çagasy bolmak nämäni aňladýar we ş.m. ýaly temalary açyp başladylar.

Üçünji gün biz haty "patrak" usulynda sesli okadyk. Biz synp otagynyň içinde aýlanyp, biri-birimiziň yzymyzdan üç aýatdan okadyk. Soň men içinden okaman diňlemek bilen näme öwrenendiklerini soradym. Şeýle hem, men hatyň strukturasynda nähili giň ideýalary görendiklerini aýdyp paýlaşmaklaryny olardan haýyş etdim.

Dördünji gün biz ýene Efeslilere haty okadyk, ýöne bu gezek her kim içinden okady. Soň men okuwçylary iki topara böldüm we tutuş kitaby gysgajyk beýan etmegi haýyş etdim. Indiki günlerde men kitaby baplara we kiçi baplara bölmegi we olaryň hemmesine sözbaşy oýlap tapmagy tabşyrdym. Şunuň ýaly ýönekeý prosesiň kömegi bilen, hatda her bir kiçijik aýatda hem, adaty bolmadyk çuňlugy we ähmiýeti tapyp bilendiklerine okuwçylar haýran galdylar. Olar, şeýle hem, hakykatyň şol dürdäneleriniň özleriniň şahsy durmuşyna hem dahylynyň bardygyna düşünip başladylar. (Kitabyň ahyryndaky "Goşmaça resurslar" bölüminde siz meniň okuwçylarymyň oýlap tapan zatlaryny görüp bilersiňiz).

Bu kitapda biz Mukaddes Ýazgydaky taryhlara we tymsallara hem-de Hudaýyň Öz Sözünde bize aýdýan zatlaryna aýdyňlyk hem many getirýän ýönekeý metodologiýany görkezmek isleýäris. Şeýle-de bolsa, biz mundan başga-da, siziň Mukaddes Ýazgyny

ýöne bir öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem Mukaddes Kitaby şahsy taýdan öwrenmegiňiz üçin, ondan hakykatyň dürdänesini tapmagyňyzy hem isleýäris. "*Öwrenmek*" sözüni ulanmak bilen biz, Hudaýyň hakykatlary siziň durmuşyňyzda seslenme tapar ýaly, Onuň hakykatlarynyň gizlin manysyny tapmagyňyzy göz öňünde tutýarys. Mukaddes Kitap janly hem täsirlidir, onuň sözleri sizi takwa düşünjeden, akyldarlykdan, manydan, amala aşyrmadan we şatlykdan doldurmaklyga niýetlenilendir. Bu özgerdiji açyşlaryň hemmesi Hudaýyň Ruhunyň edýän işleridir.

## HAKYKAT RUHY TARAPYNDAN DÜŞÜNJE BERLENLER

"... Hudaýda näme barlygyny Hudaýyň Ruhundan başga hiç kim bilýän däldir. Biz bu dünýäniň ruhuny däl-de, Hudaýyň özümize beren bereketlerini bilerimiz ýaly, Hudaýdan gelen Ruhy aldyk" (1 Korintoslylar 2:11–12) — diýip, Pawlus aýtdy. Emmausa barýan ýoldaky şägirtlerine açyşy ýaly, bize-de Mukaddes Ýazgyny açar ýaly, Isa indi fiziki taýdan ýerde däl, ýöne Ol şol işleri edip biljek Mukaddes Ruhy bize berdi. Bize munuň ýaly kömek Mukaddes Kitabyň tapmaçalar kitaby bolup durýandygy üçin däl-de, Pawlusyň aýdyşy ýaly, biziň çäkli düşünjämizi Hudaýyň Öz tükeniksiz akyldarlygyndan doldurmagy üçin gerek. Eger Mukaddes Ruhuň gudratly Şahsyýeti bizi gönükdirmese, onda Hudaýyň Sözüne nähili düşünmelidigine hiç haçan düşünmeris we onuň özgerdiji manysyna hem-de durmuşymyzdaky ähmiýetine akyl ýetirmeris.

Biziň bilmegimizi isleýändigi üçin aňymyzy we ýüreklerimizi açmak üçin Mukaddes Ruhuň bu ýerdedigi hakykat bolsa-da, bu: "Hudaý, maňa aýt, men düşünerin" diýen ýaly ýönekeý zat däldir. Bu Hudaýyň hakykatyna düşünjek bolmanyň nädogry ýoly bolup, pajygaly netijelere alyp barar, eýýäm alyp hem barýar. Biz Hudaýyň Sözüniň hakykatyny öwrenmelidiris we almalydyrys. Eger Mukaddes Ruh hakykata tarap alyp barýan ýeke-täk ýolbelet bolan bolsa, bize Mukaddes Kitap gerek bolmazdy, Söze düşündiriş berýän zehinli teswirleýjiler, teswirlemeler, köp sanly terjimeler,

Mukaddes Kitap programmalary we şu kitaba meňzeş kitaplar barada gürrüňem ýok.

Köp babatlarda Mukaddes Ruhda aýratyn teswirleýji — Hudaýyň Sözi — bar. Bu Mukaddes Ruhuň bizi Söze garşy pikirlenmäge, gürlemäge ýa-da bir zady etmäge hiç haçan meýillendirmejekdigini aňladýar. Şeýlelikde, biz Mukaddes Ýazgyny näçe köp öwrensek, Mukaddes Ruh şonça-da onuň manysyny köp açar we Onuň hakykatyny öz durmuşymyzda duýmaga bize mümkinçilik berer. Ýöne biz Mukaddes Kitabyň düşündirilişiniň synagdan geçen ýoluna eýermäge çalyşmasak, onda ýalan taglymatlaryň öňünde ejiz bolarys.

Pawlusyň bizi "Hakykat sözüni dogry ulanyp... gaýrat etmeklige" (Timoteos 2:15) çagyrmagynyň degerli sebäbi bar. Ýalan taglymatlary berijiler bar, duşman hem, siziň Hudaýyň Kitabyna düşünmegiňizi we onuň özgerdiji manysyny hem-de öz durmuşyňyzdaky ähmiýetini görmegiňizi islemeýär. Pawlus Korintosdaky ýygnaga "galp resullaryň, Mesihiň resullarynyň keşbine girýän aldawçy işgärleriň bardygyny, munuň geň zat däldigini, sebäbi, şeýtanyň özüniň hem nur perişdesiniň keşbine girýändigini" (2 Korintoslylar 11:13–14) — duýdurdy. Şoňa görä-de, "hakykat sözüni dogry wagyz etmek üçin" biz bu kitabyň bütin dowamynda synagdan geçen gurallary we usullary nädip ulanmalydygyny düşündireris.

## ULANYŞ WE TEJRIBE

Mukaddes Kitap, dogrudanam, syrly hem düşünmesi kyn bolan kitapmy? Ol, dogrudanam, syrly kitap, sebäbi Hudaýyň pikirini, ýüregini we ýoluny açýar. Ýöne onuň manysyny aýdyňlaşdyrýan esasy nawigasiýa gurallarynyň käbirlerini nähili ulanmalydygyny bilsek, Hudaýyň Sözüne düşünmek kyn däl.

30 ýyl mundan ozal men (Joş) "*Mukaddes Kitaba düşünmek boýunça gollanma*" atly kitaby ýazdym. Onda Hudaýyň Sözüni açmagy öwrenmek boýunça özümiň şahsy usulym beýan edilipdi. Bu kitabyň käbir bölekleri şol kitapdan alnan. Ýöne 30 ýylyň

dowamynda meniň durmuşymda köp zatlar bolup geçdi. Iň ähmiýetli bolan üýtgeşme aýalym Dotti ikimiz maşgala gurduk. Biz çagalarymyzyň her biriniň päk ahlakly uly adam bolşuny şatlyk hem ruhubelentlik bilen synladyk. Olaryň hemmesi eýýäm öýden gitdiler-de, özleriniň maşgalalaryny gurdular. Olaryň käbirleri maňa agtyklary terbiýelemek bilen baglanyşykly ýiti duýgulary sowgat etdiler. Mundan başga-da, öz oglum Şon bilen egin-egne berip, gullugy alyp barmak, dürli temalary ara alyp maslahatlaşmak ýa-da kitaplary ýazmagyň üstünde bile işlemek maňa diýseň ýakymly.

Mukaddes Kitaba düşünmek baradaky işimi ýazalym bäri Hudaýyň Sözüniň häzir öz durmuşym üçin, aýratynam, maşgala durmuşymda, näderejede has aktualdygyny gördüm. Özümiň nämäni göz öňünde tutýandygymy düşündirmäge rugsat ediň.

Men mydama öz durmuşymda Mukaddes Kitap hakykatlaryny ulanmak zerur diýip hasap edýärdim. Bu ulanyş Mukaddes Kitap hakykatyny kabul etmekde we durmuşyňy şol hakykata gabat gelmäge alyp barmakda jemlenendir. Mysal üçin, men Hudaýyň Sözüniň başgalary bagyşlamagy öwredýänini bilip we oňa ynanyp bilýärin. Ýöne bu hakykaty ulanmaklyk göwnüme degýän adamlary hakykatdan bagyşlamakda jemlenýär.

Mukaddes Kitap hakykatyny ulanmaklyk ruhy ösüşiň esasy bölegi bolup durýar, şeýle-de bolsa, ony ulanmakdan başga-da ätmesi gerek bolan bir ädim bar: *Hudaýyň Sözüni özüň üçin hakyky zat etmeli*. Hudaý bilen we beýleki adamlar bilen gatnaşyklarymyzda Mukaddes Ýazga görä nähili ýaşamagymyzyň gerekdigini bilmegimiz gerek. Hawa, bize Hudaýyň tabşyryklaryny ulanmak, gowy bolmak, başgalaryň aladasyny etmek, dogruçyl, wepaly, arassa, rehimdar, pes göwünli, sabyrly bolmak, başgalary bagyşlamak we ş.m. gerek. Ýöne Hudaý Öz hakykatyny biziň almagy hem bermegi başarmagymyzy-da isleýär. Ol biziň kabul etme (Rimliler 15:7), ruhlandyrma we abatlama (1 Salonikliler 5:11), ýardam etme (Galatýalylar 6:2), hormatlama (1 Petrus 2:17), goldama (Rimliler 14:18), şatlyk (Rimliler 12:15a), teselli

tapma (2 Korintoslylar 1:3–4) we ş.m. zatlary göni manysynda duýmagymyzy isleýär. Hudaý Öz hakykatyny biziň öz durmuşymyzda ulanmagymyzy, şeýle hem, ony Özi we başga adamlar bilen bile duýmagymyzy isleýär. Özümiň göz öňünde tutýan zadyma mysal getirmäge maňa rugsat ediň.

Birnäçe ýyl mundan ozal Dotti mekdep ýygnagyndan, haýsydyr bir enäniň çagalarymyzyň biri barada aýdan zady sebäpli, öýe örän gynanyp geldi. Öňler ol şunuň ýaly meseläni maňa aýdanda men ýagdaýa baha berýärdim-de: "Indiden beýläk biz nähili ýaşarys?" diýen soragyň Mukaddes Kitap jogabyny oýlap tapýardym. Men şonda takmynan: "Ezizim, goý, bu seni gynandyrmasyn. Adamlara sabyrly bol we öte gynanmazlyga we olara öýkelemezlige çalyş" diýerdim. Aslynda bu ýagdaýda men oňa Petrusyň: "Ýamanlyga ýamanlyk, (özüňiz ýa-da çagalaryňyz barada erbet zat aýdanlarynda) sögünje sögünç bilen gaýtargy bermän, tersine, haýyrdoga ediň; çünki siz bereketiň mirasçysy bolmak üçin muňa çagyrylansyňyz" (1 Petrus 3:9) diýen sözlerini-de aýdyp bilerdim.

---

Dottä özi bilen bile Rimliler 12:15-däki: "Şatlanýanlar bilen şatlanyň, aglaýanlar bilen aglaň" diýen hakykaty bile duýup biler ýaly biri gerekdi.

---

Başga ýagdaýlarda men teologiýa ýüzlenip: "Öç Meniňkidir, jezalandyrjak Mendirin" ýa-da "Duşmanlaryň heläk boljak güni ýakyndyr, jeza güni gaty golaýdyr" (Kanun taglymaty 32:35) diýen ýaly Mukaddes Kitap pikirlerini teklip edip bilerdim. Eger Dotti Hudaýa tankytçy hem adalatsyz enäni sud etjek Hudaý hökmündäki imanynda berkäp bilen bolsa, ol, elbetde, özüni gowrak duýardy. Galyberse-de, eger ol bu hakykaty durmuşynda ulanan bolsa, bu Hudaý üçin ýakymly bolardy.

Ýöne bu anyk ýagdaýda Dottiniň gynanýandygyna men düşündim, oňa Mukaddes Ýazgynyň parçasyndan teselli tapmak

gerekdi. Şol pursatda oňa Hudaýyň Kimdigi ýa-da hakykaty öz durmuşynda nähili ulanmalydygy barada diňlemek gerek däldi. Oňa özi bilen bilelikde Rimliler 12:15-däki: “Şatlanýanlar bilen şatlanyň, aglaýanlar bilen aglaň” — diýen hakykaty duýýan biri gerekdi.

Şonuň üçin men ony ýöne bir gujakladym-da: “Ezizim, seniň bu sözleri eşitmeli bolanyňa men gynanýaryn, saňa nebsim agyrýar” — diýdim. Ine, bolany şu, hiç hili teologiýa-da ýok, başga zadam ýok. Erbetlige garşy göreşmäge hiç hili meýilnama ýok-da, diňe onuň agyrysyna ýürekden duýgudaşlyk bildirme bar. Munuň başa barmagy meni haýran galdyrdy. Dotti özüniň ýagdaýyna düşünilenini we köşeşdirilenini duýdy, şol pursatda oňa gerek zadyň bary şoldy. Birnäçe günden soň ol menden biziň çagamyz baradaky şol tankydy belliklere nähili jogap bermeli diýip pikir edýändigimi sorady. Şonda ol meniň Mukaddes Kitap hakykatlaryny “ulanma” meýilnamamy iňirdisiz goldady.

Köp ýyllaryň dowamynda Hudaý diňe bir Mukaddes Kitap hakykatlaryny öwrenmekde däl-de, eýsem bilelikde Öz hakykatyny duýup, Hudaýa bolan has çuň söýgini we töweregimizdäki adamlara bolan has güýçli söýgini duýmakda kakamy-da, meni-de (Şony) ugrukdyrdy. Ejem bolsa, kakam ikisi Hudaýyň Kitabyndan ýönekeý, ýöne çuň hakykata düşünen günlerinde özüni söýülýän duýdy. Kakam hem örän çuň söýgi duýgusyny we Öz Sözüniň hakykatyny duýýan çagalaryna ýylgyryp seredýän “teselliler Hudaýyndan” (2 Korintoslylar 1:3–7-ä seret) gelen manyny duýýar.

Kakamyň ýetiren täsiriniň kömegi bilen mende Hudaýyň Sözüni öwreniji bolmaga güýçli höwes döredi. Men onda näme ýazylanyny we onuň nämäni aňladýanyny bilmek isledim. Ýöne ejem bilen kakamyň meniň gözümiň öňünde we uýalarymyň gözleriniň öňünde her güni Hudaýyň hakykaty içinde ýaşaýandyklarynyň janly göreldesini görüp durmagym meniň üçin ýene bir ullakan ak pata boldy. Olar — edil biziň hemmämiz ýaly — hiç haçan kämil adamlaryň nusgasy bolmandy, ýöne Hudaýy, biri-birini

we çagalaryny söýýän ene-atanyň hakyky nusgasy boldular. Şol sebäpden hem, bu kitapda kakam bilen awtordaş bolmaklyk we Mukaddes Kitaby ýönekeý ýüzleý öwrenmekden çuň öwrenmeklige tarap ýoly bilelikde nädip geçendigimiz we geçmegi dowam etdirýändigimiz hakda gürrüň bermek meniň üçin uly hormatdyr.

• • •

Bu kitabyň **birinji bölüminde** sizi durmuşyňyzda Hudaýyň hakykatynyň aktuallygyny nädip duýmalydygynyň dürli usullary bilen tanyşdyrarys. Biz size Mukaddes Ýazgynyň köplenç ýatdan çykarylýan maksadyny — Sözüň biziň ýüreklerimiziň gözlerini açýandygyny; Mukaddes Ýazgynyň içinden Isa we beýleki adamlar bilen geçmäniň usullaryny; tekste we ýüregimize nädip dogry sorag bermelidigini — ýatladýarys. Biz öz durmuşymyzda Hudaýyň bize Özüni we şahsy tejribämizde Öz ýoluny tanamagy öwredenini aýdyň görkezýän mysallary paýlaşarys.

Biziň bu ýerde paýlaşjak tejribä daýanýan gurallarymyzyň köpüsine dostumyz doktor Dewid Fergýuson we onuň internetdäki "Beýik Tabşyryk tory" (*https://www.greatcommandment.net/*) gullugy uly täsirini ýetirdi. Dewid ömrüniň aglaba bölegini Hudaý bilen we biri-birimiz bilen aragatnaşyklarymyzda Mukaddes Kitap habaryny nädip ulanmalydygyna aýratyn üns berip, bize kömek etmek we mesihilik gullugyny alyp barýanlarymyzy goldamak bilen geçirdi. Biz Dewide özümize düşüneni we kömek edeni üçin borçludyrys, şonuň üçin onuň bu kitapda goşandynyň bardygyny ykrar etmek isleýäris. Dogrudan hem, bu kitapdaky gelnen netijeleriň köpüsi Dewidiň "Gatnaşyklaryň esaslary" atly seminaryndan we şol at bilen çap edilen okuw gollanmasyndan alyndy.

**Ikinji bölümde** biz Mukaddes Ýazgyny has çuň öwrenmek üçin gerek bolan gurallary teklip ederis. Bu ýerde size Mukaddes Ýazgydan parçalary çuň öwrenmek we şol hakykatlary özüňizde

duýup görmek gerek bolar. Biz Mukaddes Ýazgynyň çaklanylýan düşündirişine serederis we ony açmak üçin zerur bolan gurallary düşündireris. Mukaddes Ýazgynyň umumy şekilini we ondaky siziň ýeriňizi görmek üçin Mukaddes Kitap parçasyna nähili soragy bermegiň gerekdigine serederis. Şeýle hem, biz düşnüksiz zady aýdyňlaşdyrmaga kömek etjek gönükmeleri-de teklip ederis.

Hudaýyň Sözüni öwrenmek örän wajypdyr. Bu gizlin hazynalary gözleme prosesidir we olary tapmagymyzy Hudaý örän isleýär. Ýöne iň wajyp zat — muny öwrenmeklik sizi Kitabyň Awtoryna — Hudaýyň Özüne — çuň söýmeklige we wepaly bolmaklyga gönükdirýändigidir. Ýaşasyn öwrenme!

BIRINJI BÖLÜM

# MUKADDES KITABA DÜŞÜNMÄNIŇ USULLARY

2-NJI BAP

# MUKADDES ÝAZGYNYŇ ÝATDAN ÇYKARYLAN MAKSADY

Şahyň sesi gulagy deşere getirdi. Ýer sarsdy. Dagdan edil wulkan atylyp başlan ýaly, tüsse ýokary galyp başlady. Şol wagt diýseň gaty ses eşidildi — bu Hudaýyň sesidi.

Adamzadyň taryhynda ýatda galan pursat şeýdip başlandy. Hudaý Erem bagynda ilkinji adamlar bilen gürleşeli bäri birinji gezek eşidilýän usulda Öz halky bilen gürleşdi. Şol gezekde, üç müň ýyldan gowrak wagt mundan ozal, Ol Sinaý dagynda Ysraýyl ogullary bilen dilde gürleşmekden has uly zady etdi. Onuň Özi Musa "ýüzüne buýruklar ýazylan iki sany ýasy daş bölegini berdi. Ony Hudaýyň hut Özi ýazypdy" (Müsürden çykyş 31:18). Musa: "Dogulmazyňyzdan öňki geçen asyrlardan bäri, Hudaý tarapyn ýer ýüzünde adamzadyň ýaradylanyndan tä şu güne çenli geçen zamandan soraň. Gögüň bu ujundan ol ujuna çenli sorap çykyň, heý, şunuň ýaly beýik waka öň boldumyka ýa-da şunuň ýaly wakanyň bolandygy hakynda eşidipmidiňiz?" (Kanun taglymaty 4:32) — diýip ýazdy.

Älemiň Gudratygüýçli Hudaýy, hemmeler eşider ýaly, şeýle gaty gürledi, soň hem, hemmeler okar ýaly, Öz sözlerini Özi ýazdy. Näme üçin? Özüni şeýle görnüşde aýan etme kararyna geler ýaly, beýle nähili wajyp zat bardyka? Özüne takyk hem anyk düşünmekleri Onuň üçin örän wajypdy, şeýle wajypdy welin, hatda Öz habaryny olara Özi ýetirdi. Ýöne şol sözleri yglan etmegiň we ýazmagyň maksady nämedi?

## MUKADDES KITABYŇ MAKSADY NÄME?

Hakykat şunda jemlenen, Älemiň Gudratygüýçli Ýaradyjysy göni size bolşy ýaly, biziň hemmämize hem niýetlenilen dokumentler toplumyny Özi ýazmaga we olaryň ýazylyşyna gözegçilik etmäge wagt tapdy. Her gezek nämedir bir zat ýazmak üçin Hudaýyň Özüniň ebedi gününden çykmagy uly iş — bu möhüm zat bolýandyr. Şeýlelikde, Ol biziň nämäni bilmegimizi we ony näme üçin bilmegimizi isleýär? Bu örän zerur zatdyr, sebäbi eger Hudaýyň sözleriniň maksadyna düşünmesek, onda Mukaddes Ýazgynyň manysyna we öz durmuşymyzdaky aktuallygyna düşünmezligimiz mümkin.

Käbirleri Mukaddes Kitabyň mesihilik dini boýunça gollanmadygyny, onuň maksadynyň bu dini düzýän düzgünler we taglymatlar toplumyny beýan etmekdigini aýdýarlar. Başga birleri onuň jennete nädip barmalydygyny gürrüň berýänini we ol ýere barýan ýol kartasyny berýänini aýdýarlar. Ýöne hakykat şundan ybarat: Hudaýyň bize Öz Kitabyny näme sebäpden berendigi, onuň nähili taryhy gürrüň berýändigi we şol taryhyň olaryň özlerine näme dahylynyň bardygy baradaky soraga adamlaryň köpüsinde takyk hem gutarnykly jogap ýok. Mukaddes Ýazgynyň özüniň bu soraga jogap berýändigi gowy zat.

### Taglymat beriji maksat

Olar aşa başagaýdylar. Dini hukugyň bilermenleri bolan fariseýler bilen saddukeýler özleriniň garşysyna çykylmagyna endik etmändiler. Ýöne işler şol ýaş Mugallymyň olardan üstün bolmagyna çenli baryp ýetdi, mundan başga-da, Onuň yzyna eýerýänler diýseň köpdi. Şonuň üçin fariseýler bilen saddukeýler Ony halkyň öňünde erbet görkezip biljek bir zady aýtmaga mejbur etmek üçin Oňa duzak gurmagy ýüreklerine düwüpdiler.

Hudaýyň Sözi... bize öz aklymyz bilen
düşünip biläýjek pähimli hakykatlary berýär.
Şol hakykatlar biziň ylahyýetimizi düzýän
taglymat beriji ynamlar bolup durýar.

Saddukeýler Oňa ölümden direlme, özleriniň kabul etmeýän taglymaty baradaky soragy berdiler. Isa olara şeýle jogap berdi: "Ölümden direlme barada aýdanymyzda bolsa, siz Hudaýyň özüňize: «Men Ybraýymyň Hudaýy, Yshagyň Hudaýy, Ýakubyň Hudaýydyryn» diýenini okamadyňyzmy? Ol ölüleriň däl, dirileriň Hudaýydyr" (Matta 22:31–32).

Bu ýagdaýda Isa Müsürden çykyş 3:6-ny takyk maksat bilen ulanýar. Ol Hudaýyň Sözüniň nämä ynanmalydygyny bize habar berýändigini görkezmek isledi — şu ýagdaýda ölüleriň ölümden direlmesi babatda nämä ynanmalydygyny görkezdi. Başga bir mysal: Täze Ähtde Isanyň Mesihdigine — Hudaýyň Ogludygyna — ynanýanlaryň we Oňa öz ynamyny baglaýanlaryň ebedi ýaşaýşy aljakdygy aýdylýar. Isa: "Direliş-de, ýaşaýyş-da Mendirin, Maňa iman eden ölse-de, ýaşar" (Ýohanna 11:25) — diýdi. Mukaddes Ýazgydaky şuňa meňzeş aýatlar bize nämä ynanmalydygymyzy habar berýär. Olar dogry taglymaty kesgitlemekde biziň üçin abraýly çeşme bolup durýar. Bu parçalar *Hudaýyň Sözünde taglymat beriji maksadyň bardygyny* görkezýär. Şol maksat bize öz aklymyz bilen düşünip biläýjek pähimli hakykatlary berýär. Şol hakykatlar biziň ylahyýetimizi düzýän taglymat beriji ynamlar bolup durýar.

Köp adamlar ylahyýeti öwrenme pikirinden ýüz öwürýärler. Ýöne, aslynda, ylahyýet Hudaýy öwrenmeklik bolup durýar. Şeýlelikde, käbir manysynda biziň köpimiz "ylahyýetçiler" bolup durýarys. Biziň hemmämizde Hudaýyň Kimdigi baradaky düşünje bar, ýöne bu hakda "ylahy" bilim hökmünde seýrek pikir edýäris. Mukaddes Ýazgynyň aýdyň maksatlarynyň biri-de anyk teologiki maksat bolup, ol Hudaý aslynda nähili bolsa, Ony şonuň ýaly

hem edip görkezmekdir. Ol Onuň nähilidigini, Onuň ýollarynyň biziň ýollarymyzdan näme bilen tapawutlanýandygyny we Onuň durmuşy görşüniň biziň görşümizden nähili tapawutlanýandygyny bilmegimizi isleýär.

Mesele uly adamlaryň, aýratynam, ýaşlaryň köpüsiniň we gitdigiçe artýan mukdarynyň biziň döwrümizde ylahy taýdan sowatsyz bolup barýandygyndadyr. Stiwen Protero özüniň "*Dini sowatlylyk: her bir amerikanla nämäni bilmek gerek we nämäni bilmek gerek däl?*" atly kitabynda Mukaddes Kitabyň bize "Mukaddes Ýazgyny derňemegi nesihat berýändigini... ýöne derňewleriň juda az geçirilýändigini, açyşlaryň bolsa, ondan hem az edilýändigini ýazýar. Ol amerikalylaryň ýarymynyň Mukaddes Kitabyň, mysal üçin, birinji bäş kitabynyň atlaryny aýdyp biljekdigini, 10 göterimden köpräginiň hem, Žanna d'Ark Nuhuň aýaly bolupdyr diýip hasap edýändiklerini aýdýar"[1].

"Barna toparyň" öňräkki geçiren derňewlerine laýyklykda adamlaryň köpüsi Pesahy dini baýramçylyk hasap edýärler, ýöne diňe az sanlysy ony Mesihiň ölümden direlmesi bilen baglanyşdyrýarlar. Bu gitdigiçe artýan mukdardaky adamlaryň Mukaddes Ruhy Üçbirligiň üçünji Şahsyýeti däl-de, ýöne bir Hudaýyň barlygynyň alamaty bolup durýanyna ynanýandygyny görkezýär. Uly adamlaryň diňe az sanlysy özleriniň ynamynyň durmuşyndaky ähli jähtleri bilen birikmelidigine ynanýarlar. Başga sözler bilen aýtsak, adamlaryň köpüsi Hudaýa bolan ynamy öz durmuşynyň merkezi bolmaly diýip pikir etmeýärler[2].

Taglymatyň ähmiýeti bardyr. Mysal üçin, Mukaddes Ýazgynyň Hudaý hakda gürrüň berýändigine ynanmak bilen Onuň aslynda biz hakda gürrüň edýändigine düşünýäris. Durmuşy Hudaýyň gözi bilen görenimizde, biz "Mukaddes Kitap dünýägaraýşy" diýen zada — dünýäniň döreýşi, biziň kimdigimiz, ýalany hakykatdan we ýamanlygy ýagşylykdan nädip tapawutlandyrmalydygy we ş.m. baradaky soraglara jogap berýän hakykata bolan dogry garaýşa — eýe bolýarys. Hudaý durmuşy biziň nähili görmegimizi isleýän

bolsa, şonuň ýaly hem görüp bilmegimiz üçin, Mukaddes Ýazgynyň taglymat beriji bu hakykatlary bizi dogry pikirleriň çäklerinde saklaýan serhet ýaly bolup hereket edýär.

Taglymaty takyk beýan etmeklik irki ýygnagyň imany bir nesilden beýlekisine geçirmekdäki üstünliginiň açarlarynyň biri bolup durýar. Mesihiler öz çagalaryna Hudaýyň barlygy, Mukaddes Ýazgy, ilkinji günä, Mesihiň halas etmesi, iman arkaly halas bolma, üýtgeýän durmuş, Mesihiň ölümden direlmesi, Üçbirlik, ýygnak, Hudaýyň Patyşalygy we Mesihiň ikinji gezek gelmegi baradaky esasy hakykatlary öwredipdirler. Biziň eramyzyň 325-nji ýylynda mesihilik ynamyny takyk kesgitleme maksady bilen döredilen Nikeý iman nyşany bilen tanyş boluň. Ol üç ýüz bapdan ybaratdyr. Siz onda biziň şu wagtjyk sanap geçen 12 hakykatymyzyň agzalýanyny görersiňiz. (Iman nyşanyna dolulygyna şu babyň ahyrynda seret). Taglymat beriji bu hakykatlar Mesihiň yzyna eýerijilere imany ýalan taglymatdan we kultuň şahalaryndan tapawutlandyrmaga mümkinçilik beripdir. Hudaý, dogrudanam, "Özüniň mukaddes halkyna Öz üýtgewsiz hakykatyny ebedilik" (Ýahuda 3) beripdir. Şeýle hem, Ol biziň nämä ynanmalydygymyza takyk görkezmeleri beripdir.

Baglanyşykly Mukaddes Kitap taglymaty irki ýygnaga edilişi ýaly, bu gün biziň üçin hem, ýene bir hyzmaty ýerine ýetirýär — ol bizi birlikde jebisleşdirýär. Resul Pawlus Kolosiýalylara hatda ýygnagy "kämil birligiň bagy bolan söýgini geýmeklige" (Kolosiýalylar 3:14) çagyrýar. Mundan soň ol "Mesihiň sözüniň bar baýlygy bilen ýüregimizde ýaşamagy, doly akyldarlyk bilen biri-birimize öwredip, öwüt bermegimiziň" (Kolosiýalylar 3:16) şol birligiň öňünden gelýän şerti bolýandygyny düşündirýär. Hudaýyň Sözüni we seždämizi durmuşymyzyň merkezi elementi etmek bilen biz Hudaýyň mesihiler ýygnagynyň birligine goşandymyzy goşýarys.

Birligi Hudaýyň we Onuň hakykatynyň getirýändigini ýatda saklamak wajypdyr. Ol bizi birlikde baglanyşdyrýan Biridir, şol sebäpden hem, eger Onda we Onuň hakykatynda bolmasak,

onda hakyky birligi duýup bilmeris. Ine, Isa näme üçin: “Ýalan pygamberlerden ägä boluň. Olar siziň ýanyňyza goýun derisine girip gelerler, emma içleri ýyrtyjy möjekdir” (Matta 7:15) diýen eken. Şeýlelikde, ýalan taglymatlardan ýüz öwürmek we galp taglymatdan daşda durmak birligi bozmaklyk däldir — aslynda bu ýygnagyň birligini üpjün edýän hereketdir.

Mukaddes Ýazgynyň taglymatyny bilmeklik diňe bir Hudaýyň halkynyň birligini saklaman, eýsem biziň gymmatlyklarymyzy-da kesgitleýär. Mukaddes Kitap Hudaý we töweregimizi gurşap alan dünýä babatda nämä ynanmalydygymyzy öwredýär, şol ynam hem, durmuşda saklamaly bolan gymmatlyklarymyzy kesgitleýär. Biziň garaýyşlarymyz özümiz üçin wajyp hem gymmat bolan zady emele getirýär. Eger bizde Hudaý, özümiz we durmuşymyz babatda Mukaddes Ýazga esaslanýan dogry garaýyşlar emele gelen bolsa, onda Mukaddes Kitap gymmatlyklaryna-da eýe bolarys (shema seret).




Mysal üçin, eger adam ogurlyk etmek gowy däl diýip hasap edýän bolsa, onda ol, elbetde, şahsy hususylyga hormat goýma gymmatlygyny kabul edýär. Eger adam birini öldürmegiň ýol bererlikli zat däldigine ynanýan bolsa, onda ol tebigy usulda ynsan janynyň mukaddeslik gymmatyny kabul edýär. Biziň ynanýan zadymyz gymmatlyklar ulgamymyzyň esasy bolýar. Şeýlelikde,

Hudaýyň Sözüniň maksatlarynyň biri-de, biz gymmatlyklaryň Mukaddes Kitap ulgamyny kabul eder ýaly, bize dogry garaýyşlary öwretmekden ybaratdyr.

## Özüňi alyp barmagyň maksady

Fariseýler kanunyň eýeleridiler. Olar Mukaddes Ýazgy nämäniň bolýandygy we nämäniň bolmaýandygy baradaky sanawy özünde saklaýar diýip pikir edýärdiler. Bir gezek olar salgytlar baradaky sorag bilen Isany duzaga düşürmäge synanyşýarlar:

— Keýsara salgyt tölemek dogrumy ýa ýok?

Isa şeýle jogap berdi:

— Maňa salgyt tölenýän teňňäni görkeziň.

Oňa teňňäni berenlerinde, Ol:

— Munuň ýüzünde kimiň suraty bar? — diýip gyzyklandy.

— Keýsaryň — diýip, Oňa jogap berdiler.

— Beýle bolsa, keýsaryňkyny keýsara beriň, Hudaýyňkyny Hudaýa — diýip, Ol aýtdy.

(Matta 22:17–21 esasynda gürrüň berildi).

Fariseýler syýasy syry bolan soragy berdiler. Ýöne Isa biziň häkimiýet bilen gatnaşyklarymyz baradaky Mukaddes Kitap taglymatyny tassyklady: biz tabyn bolmaly adamlarymyza tabyn bolmalydyrys. Mukaddes Kitap kanunlar, tabşyryklar we durmuşy görkezmeler görnüşindäki munuň ýaly taglymatlardan doly. Ine, biz näme üçin *Hudaýyň Sözünde özüňi alyp baryş babatdaky maksadyň bardygyny* aýdýan ekenik. Mukaddes Kitabyň: "Belli bir ýoldan ýöre", "Käbir ýerlere barmakdan gaça dur", "Käbir zatlary etmekden daşda bol" ýa-da "Belli bir ýörelge boýunça pikirlen" diýmegi nädip dogry ýaşamalydygy baradaky nesihat bolup durýar.

Hudaýyň kanunlary hem nesihatlary nämäniň dogrudygyny, nämäniň nädogrudygyny aýratynlykda görkezýän, Hudaýyň tabşyryklaryna laýyklykda ýaşamagyň biziň bähbidimiz bolup durýandygyny görkezýän serhet bolup hyzmat edýär. Musanyň Ysraýyl halkyna aýdyşy ýaly, "... gowy günler görmegiňiz üçin, Rebbiň

bu günki meniň üstüm bilen berýän tabşyryklarydyr parzlaryny ýerine ýetiriň" (Kanun taglymaty 10:13). Hudaýyň Sözüne tabyn bolmaklyk hemişe biziň uzak möhletli bähbitlerimize alyp barýar. Ol bizi dogry durmuş ýoluna gönükdirýär. Pähimli Süleýman Hudaý hakda "Ol adalat ýollaryny goraýar, Özüne sadyklaryň ýoluny goraýar. Şonda dogruçyllyga we adalata akyl ýetirersiň, adyllyga we ýagşy ýola düşünersiň" (Süleýmanyň pähimleri 2:8–9) — diýýär. Dogry garaýyşlar biziň gymmatlyklarymyzy emele getirýär, gymmatlyklarymyz bolsa, dogry işlerimizi kesgitleýär (shema boýunça).




Adamlarda, aýratynam, ýaşlarda düýpli Mukaddes Kitap ulgamy bolmadyk ýagdaýynda olaryň iki-üç esse köp ogurlyk edýändikleri, zalym bolýandyklary, neşe serişdelerini ulanýandyklary, ruhdan düşýändikleri we durmuşyň manysyny ýitirýändikleri baradaky derňewleri, belki, okansyňyz. Näme üçin? Sebäbi 1) Mukaddes Kitabyň taglymat beriji hakykatlary Hudaý we Onuň ýollary

hakyndaky dogry düşünjäni berýär; 2) Hudaýyň pikirlerini kabul edip, oňa laýyklykda ýaşasak, onda takwalygyň miwelerini ýygarys. Başga bir tarapdan, Hudaý we Onuň ýollary hakyndaky nädogry düşünjeler gymmatlyklarymyzy ýoýup, dogry işleri etjekdigimize şübhe döredýär. Nädogry durmuş ýörelgesiniň netijelerinden ejir çekmegimiz bolsa, munuň tebigy netijesi bolýandyr. "Ol dogruçyllara ýardam berýär, sadyklykda gezýänlere galkan bolýar. Ol adalat ýollaryny goraýar, Özüne sadyklaryň ýoluny goraýar" (Süleýmanyň pähimleri 2:7–8). Şeýlelikde, Hudaýyň bize Öz Sözüni bermeginiň ýene bir sebäbi, Öz hakykatlary boýunça biziň dogry ýaşap bilmegimizde jemlenendir. Mukaddes Ýazgynyň taglymatlary hem tabşyryklary bizi dogrulyk ýoluna gönükdirýän iki haýat ýalydyr.

## Nämedir bir zat ýokmy?

Hudaýyň bize Öz Sözüni taglymat berme we özümizi alyp barmagy öwretme maksady bilen berendigini Pawlus Timoteosa aýdyň düşündirýär: "Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy. Olar öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr" (2 Timoteos 3:16). "*Hudaýyň ylhamy*" diýmeklik grek dilinden terjime edende "*Hudaý tarapyndan ruhlandyrylan*" diýmegi aňladýar. Bu parçada "*öwretmek*" diýlip terjime edilen söz "*taglymaty*" ýa-da "*dogry taglymaty*" aňladýar. Pawlus biz dogry ynanar ýaly, Hudaýyň bize Öz Sözüni berendigini aýdýar.

Pawlus Hudaýyň Öz Sözüni bize käýemek we ýola getirmek üçin berendigini-de düşündirýär. Şonuň üçin biz Mukaddes Kitap — bu Hudaýyň bize täsirini ýetirme, ýalňyşanymyzda düzetme we dogry durmuşa gaýtaryp getirme usulydyr diýip bileris.

Bu zatlaryň hemmesi Mukaddes Ýazgynyň nukdaýnazarynda dogrudyr we aňry ýany bilen wajypdyr. Ýöne siz bu ýerde ýene nämedir bir zadyň ýetmezçilik edýänini duýýarsyňyzmy? Isanyň döwründäki fariseýler bilen dini liderleriň köpüsi bu zatlaryň

hemmesiniň dogrudygyna düşünýärdiler, ýöne Isa olar we olaryň dindarlygyna gaharly sözleri aýtdy. Olar kanunyň wajypdygyny öwredýärdiler we bilýärdiler. Şeýle-de bolsa, olaryň ýokary bilimi we bilim derejeleri özleriniň tekepbirliginiň artmagyna ýardam edýän ýaly bolup görünýärdi. Olar Mukaddes Ýazgynyň tabşyryklaryny takyk kesgitleýärdiler we harpma-harp tabynlyk bilen ýerine ýetirýärdiler. Şeýle-de bolsa, olaryň kanunçylyk hereketlerini ýazgarasyň gelýärdi. Mukaddes Ýazga düşünmekde olara näme ýetmezçilik edýärdikä?

Dini hukugy bilermeniň beren soragyna Isanyň beren jogabyny ýada salalyň:

— Musanyň kanunynda iň wajyp zat näme?

Isa şeýle jogap berdi:

— Hudaýyň Rebbi bütin ýüregiň, bütin janyň, bütin düşünjäň bilen söý. Şu birinji we iň uly tabşyrykdyr. Ikinji hem şonuň ýaly: Goňşyňy özüň ýaly söý.

(Matta 22:36–39 esasynda gürrüň berildi).

---

Isa Mukaddes Ýazgynyň bizi ony Ýazan bilen, soň hem, töweregimizdäkiler bilen has çuň gatnaşyklara getirmek üçin berlendigini göz öňünde tutdumy?

---

Ilki Isa Kanun taglymaty 6:5-e salgylanýar, ol dini liderleriň her gün: "Hudaýymyz Reb ýeke-täk Rebdir" (Kanun taglymaty 6:4) diýip aýdýan sözleriniň bir bölegidi. Soň Ol Kanun taglymaty 6-daky Hudaýa bolan söýgi tabşyrygyny Lewiler 19:18-däki ýakynyňy özüň ýaly söýmek tabşyrygy bilen birikdirýär.

Isa şol fariseýe iň uly we iň wajyp tabşyryklaryň Hudaýy özünde bar zatlaryň hemmesi bilen söýmekde, ýakynlaryny özüni söýşi ýaly söýmekde jemlenendigini aýtdy. Ýöne Isa munuň bilen çäklenmedi. Ol ýene örän çuň manyly bir zady aýtdy: "Bütin kanun we pygamberler ýazgylary şu iki tabşyryga baglydyr" (Matta 22:40).

Onuň ähli taglymatlaryň hem-de durmuş üçin berilýän öwüt-nesihatlaryň Hudaýy we birek-biregi söýme tabşyrygyna esaslanýandygyny göz öňünde tutany göze görnüp dur. Mukaddes Ýazgynyň bizi Kitaby Ýazan bilen, soň hem, töweregimizdäkiler bilen has çuň gatnaşyklara alyp barmagy üçin berlendigini Ol göz öňünde tutýarmy? Eger bu şeýle bolýan bolsa, onda munuň ýaly konsepsiýa biziň Mukaddes Kitap hakykatlaryna düşünişimize özüniň çuň täsirini ýetirerdi.

## Degişli maksat

Fariseýler we beýleki dini ýolbaşçylar Mukaddes Ýazgynyň taglymat beriji we özüňi alyp barmagyň maksatlarynyň bardygyna düşünen bolsalar gerek. Olaryň düşünip bilmedik zady — dogry ynam bilen Beýik Tabşyryk boýunça özüňi alyp barmanyň arasyndaky baglanyşygyň bardygydy.

Dogry, ýewreý Mukaddes Ýazgylary hakykat bilen gatnaşyklaryň arasyndaky baglanyşykdan doly, ýöne fariseýleriň ony gözden salandygy görnüp durdy. Dawut patyşa Zeburda: "Çünki Seniň merhemetiň gözümiň alnynda. Men Seniň hakykatyňda gezdim" (Zebur 25:3) — diýýär. Soň ol şeýle doga edýär: "Ýa Reb, ýoluňy maňa öwret, Seniň hakykatyňda gezeýin; adyňdan gorkar ýaly, ýüregimi ýeke Özüňe bagla" (Zebur 85:11). Köne Ähtiň awtorlary hakykata gatnaşyklar kontekstinde düşünipdirler. Isanyň sözleri taglymat ynamy we tabynlyk barada, ýöne bir täzeden pikirlenme, gatnaşyklar kontekstinde olaryň kanuny ornuny dikeltme boldy, bu zatlar, gynansak-da, şol döwrüň dini işgärleri tarapyndan ýitirilipdi. Isa *Hudaýyň Sözüniň maksadynyň gatnaşyklary gurmaklykdygyny* yglan etdi. Ol dini liderler özleriniň dogry pikirini we dogry durmuşyny dogry gatnaşyklar kontekstinde dürs ýerleşdirip bilmediler. Şu sebäpden hem, bu olaryň pikirlerini we durmuşyny ýoýdy.

Eger bu taglymat hakykatlaryna dogry gatnaşyklar prizmasy arkaly seretmesek, onda näçe ylahy derejeleri alsagam, dogry

taglymat pikirlenmäni ýola goýup bilmejekdigimiz hakykydyr. Eger dogry gatnaşyklar kontekstinde Mukaddes Kitap tabşyryklaryna laýyklykda ýaşamasak, onda olara dogry eýerip bilmeris. Ähli Mukaddes Kitap taglymatlarynyň we tabşyryklarynyň "Hudaý we beýleki adamlar bilen gatnaşyklarymyz baradaky şu iki tabşyryga esaslanýandygyny" Isa aýtdy.

Hudaýyň Sözüniň gatnaşyklary ýola goýma maksady biziň Mukaddes Ýazgyny okaýşymyzy we öwrenişimizi, onuň taglymat hakykatlaryna ynanyşymyzy we onuň Mukaddes Kitap tabşyryklaryna tabyn bolşumyzy nädip üýtgedýär? Bu soraga biz mundan beýläk jogap bereris.

## ESAS HÖKMÜNDÄKI GATNAŞYKLAR

Asmandan ýagyş ýagmazyndan, dagdan deňze derýalar akmazyndan, adamlar we haýwanlar peýda bolmazyndan, Gün, Aý we ýyldyzlar ýaradylmazyndan, hatda perişdeler hem emele gelmezinden köp wagtlar öň hem gatnaşyklar bardy. Hudaý ýeke-täk ýaşaýan Biridi, ýöne ol boşlukda ýa-da wakuumda ýaşamaýardy. Ol ýaşaýyş ýok bolan älemde ýaşamaýardy. Ol kosmiki ýekelikde içini gysdyryp tapdan düşmeýärdi. Hudaýyň bolan, bolýan we hemişe boljak ýerlerinde tükeniksiz söýgi kämil gatnaşyklarda ýaşaýandyr.

Mukaddes Üçbirligi düzýän Hudaý ýakyn gatnaşyklaryň ebedi bar bolandygyny bize görkezýär. Ol Özüne gatnaşyklaryň gerek bolandygy üçin perişdeleri we adamlary ýaratmady. Onda gatnaşyklar eýýäm bardy. Onuň gatnaşygy bar. Ata mydama Ogluny tükeniksiz söýýärdi. Ogul Atasyny tükeniksiz söýýärdi. Mukaddes Ruh mydama hem Atany, hem Ogly tükeniksiz söýýärdi. Üçbirlikdäki Hudaýda yzy üzülmeýän kämil ýakyn gatnaşyklar ebedi hereket edýär. Şonuň ýaly kämil hem tükeniksiz gatnaşyklary göz öňümize çalaja getirip bilýändigimize garamazdan, olary duýmaga hemmämizem teşne. Munuň sebäbi biziň Hudaýyň keşbinde hem suratynda ýaradylandygymyzdadyr. (Gelip çykyş 1:26-a seret).

Özümiziň ynsanlyk gatnaşyklarymyzda biz şatlygy hem agyryny, gowy görýänlerimizi aýra goýmaga synanyşýarys, ýöne muny kämil bolmadyk usulda edýäris. Biz çagalarymyzyň talaplaryny öňünden görmäge we olary kanagatlandyrmaga synanyşýarys, ýöne muny kämil görnüşde etmeýäris. Biz ýanýoldaşymyzyň arzuwlaryna we tamalaryna düşünmäge synanyşýarys, emma muny kämil etmeýäris. Biz kämil söýmeýäris, sebäbi bizdäki Hudaýyň keşbi we suraty bizi Ondan aýra salan günä sebäpli bozuldy. Mesih arkaly halas bolup we Onuň bilen ýaraşyp bilýändigimize garamazdan, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň çuňlugy we giňligi barada köp zatlary bilmeklik öňümizde dur. Hudaýyň bizi has çuň, üznüksiz we ýakyn, Öz maksadyna laýyklyk gelmeli bolan gatnaşyklara alyp barmak isleýändigi umyt döredýär. Ine, Ol näme üçin biziň bilen gürleşen we Öz Sözüni bize beren eken.

Biziň eýýäm aýdyp geçişimiz ýaly, garaýyşlaryň öz gymmatlyklarymyzy emele getirýändigi, gymmatlyklarymyzyň bolsa, biziň edýän zatlarymyzy kesgitleýändigi hakykatdyr. Ýöne hakykat şunda jemlenendir: biz özümiziň Hudaý, özümiz we bütin durmuşymyz baradaky düşünjämizi — bolan zatlaryň we gatnaşyklaryň sagdyn bolandygyna ýa bolmandygyna garamazdan — geçmişdäki bolan zatlaryň we gatnaşyklarymyzyň prizmasy arkaly düşündirýäris.

Öwrenen zatlarymyzyň hemmesi, bilýän zatlarymyzyň hemmesi, hatda olary nädip bilendigimiz hem, kimdir birine ýa-da nämedir bir zada bolan gatnaşyklarymyzdan syzyp çykýar. Biz bu zatlar barada köplenç pikir etmeýäris, ýöne häzir kim bolup durýandygymyz kim bilen we nädip baglanyşyklydygymyzyň gönüden-göni netijesidir. Hut şol gatnaşyklar hem, biziň garaýyşlarymyzy kesgitleýär. Gatnaşyklar — bu bereketli toprak bolup, gymmatlyklarymyzy emele getirýän, hereketlerimizi kesgitleýän gymmatlyklarymyz onuň üstünde ösýändir (shema seret).




Hudaýyň tutuş adamzat baradaky gutarnykly niýeti, ýaradylyşdan başlap we ondan soň hem, her bir adamyň Onuň Üçbirlikde eýe bolan tükeniksiz ýakyn gatnaşyklaryny duýup bilmeginde jemlenendi. Özüniň nähilidigini adamlaryň bilmekleri üçin Ol Özüni olara açmak isledi. Bu Hudaýyň adamlara niýetlän gutarnykly *taglymat hakykatydyr*. Hudaýyň maksady ilkinji ynsanlaryň, Adam bilen Howuň, Onuň gowulygyna, özlerine buýruk berende, iň ýokary bähbitlere esaslanandygyna ynanmaklarynda jemlenendi. Hudaýyň niýeti adamlaryň Özüni örän söýmelidigine we Onuň iň beýik tabşyrygyň hut *hakykat gatnaşyklarynyň* kontekstinde berlendigine düşünmekleridi.

Emma adamlar beýle etmediler. Şoňa görä-de, gynansak-da, şondan bäri olara Hudaý bilen gatnaşyklar ýetmezçilik edýär. Ýöne Isa fariseýleriň taryhdaky iň beýik tabşyryk baradaky soragyna jogap berende, Älemiň Rebbi Mukaddes Ýazgynyň taglymat we özüňi alyp baryş baradaky hakykatlarynyň hemmesini başga

sözler bilen düşündirdi. Hemme zady "Hudaýy we birek-biregi söýmeklige" syrykdyrmak bilen Ol *Hudaý bilen çuňlaşdyrylan söýgüli gatnaşyklaryň* kontekstinde *nämä ynanmalydygymyz* bilen *özümizi nähili alyp barmalydygymyzyň* ikitaraplaýyn serhetlerini bize görkezdi.

Ýöne biziň köpimize hakykatyň otnositel (degişlilik, deňeşdirme) tarapyny öwretdiler.

> "Beýik Tabşyryk torynda" doktor Dewid Fergýuson şeýle düşündirýär: "Hudaý bilen çuň, ýakyn gatnaşyklar ýolunda biziň köpimiz ýoldan çykýarys. Biz nämä ynanmalydygyny we özümizi nähili alyp barmalydygymyzy bilmäge synanyşyp, Mukaddes Ýazga ünsli seredýäris, ýöne netijede başga bir tarapa sowlup, Mukaddes Kitabyň Hudaýyny çuň tanama mümkinçiligini sypdyrýarys"[3].

## GATNAŞYKLARY ÖSDÜRÝÄN MUKADDES KITAP HUDAÝYDYR

Mukaddes Kitap özüniň Hudaýyny, "Musa bilen, edil dosty bilen gürleşen ýaly ýüzbe-ýüz gürleşen" (Müsürden çykyş 33:11) Hudaýy açyp görkezýär. Bu Rebbiň aýanlygydyr, Onuň ady "gabanjaňdyr" (Müsürden çykyş 34:14). Bu açylyş bolup, onuň Musanyň Gelip Çykyş kitabynda ýazylan ilkinji sözlerinden başlap, Ýohannanyň Aýanlyk kitabynda ýazylan soňky sözlerine çenli, Hudaýyň söýýän ýüregini şöhlelendirýär. Şol Hudaý biziň Özüni ýakyndan tanamagymyzy, Özi bilen gatnaşyklaryň teklip edýän artykmaçlyklarynyň hemmesinden biziň peýdalanyp bilmegimizi isleýär.

Mukaddes Kitap bize çäksiz, mukaddes, gudratygüýçli we hemme zady bilýän — şol bir wagtyň özünde-de şahsy Hudaýymyzy — bizi şeýle gymmat hasap edýändigi sebäpli, biziň bilen gatnaşyklary ýola goýmak isleýän Hudaýy açyp görkezýär.

Musa, elbetde, muňa düşünýärdi. Ol Hudaýa: “Eger men dogrudan-da, Seniň göwnüňden turan bolsam, maňa Öz ýollaryňy görkez. Şonda men Seni gowy tanap, nazaryňda ýene-de merhemet taparyn” (Müsürden çykyş 33:13) — diýip ýalbardy. Isa Öz Atasyna: “Ebedi ýaşaýyş Seni, ýalňyz hak Hudaýy we Seniň iberениň Isa Mesihi tanamakdyr” (Ýohanna 17:3) — diýip doga etdi. Hudaý: “Geliň, Rebbi tanalyň, tanamaga gaýrat edeliň... Çünki Men gurbanlygy däl, wepaly söýgini, ýakma gurbanlygyndan, Hudaýy tanamaklygy isleýärin” (Hoşeýa 6:3,6) — diýen Hoşeýa pygamberiň üsti bilen gürledi.

Älemiň gudratygüýçli Hudaýynyň şeýle ýakyn bolup, Özüni: “Siziň Meni tanamagyňyzy isleýärin” diýer ýaly derejä çenli peseldýändigine düşünmeklik ýüregiňizi näme edýär? Siz bu haýran galdyryjy fakta şübhelenip bilersiňiz: “Tükeniksiz, hemme zada güýji ýetýän, wagtda, giňişlikde, ynsanlyk tebigatynda ýa-da başga bir zatda çäklenmeýän Hudaýyň meniň Özüni şeýle çuň tanamagymy isleýänine ynanmak kyn”. Ýöne hakykat şeýledir: tükeniksiz Hudaý, şeýle hem, indiwidualdyr. Onuň indiwidual bolandygy üçin biz Ony söýüp, Oňa tagzym edip we öz ynamymyz hem tabynlygymyz bilen Ony begendirip bilýäris. Şahsy bolandygy üçin Ol bizi söýüp, biziň bilen şatlanyp, bize teselli berip, Özüni we Öz ýollaryny açyp hem bilýär.

Munuň tersine, gadymy grek we rim mifologiýasyndaky hudaýlar şeýle “şahsy” bolup, olar — ejizlikleri, köplenç büdremeleri, hatda ownuk gabanjaňlyklary bilen — juda çäkli bolýarlar. Deizm hudaýyň

ýene bir görnüşini teklip edýär — ol hudaý şeýle "tükeniksiz" bolup, dünýäden sowuklyk bilen daşlaşýar we onuň durmuşyna gatnaşmakdan gaça durýar. Panteizm Hudaýyň tükeniksiz ýagdaýda hemme ýerde bardygyny we hemme zatdan ybaratdygyny, bu ýagdaýyň Ony juda kosmiki we biziň bilen gatnaşyklary ýola goýardan uzak edýändigini aýdýar.

Ýöne Mukaddes Kitap bize çäksiz, mukaddes, gudratygüýçli we hemme zady bilýän — şol bir wagtyň özünde-de şahsy Hudaýymyzy — bizi şeýle gymmat hasap edýändigi sebäpli, biziň bilen gatnaşyklary ýola goýmak isleýän Hudaýy açyp görkezýär. Gatnaşyklaryň tebigaty şeýle: gep birini tanamak üçin oňa örän golaýlaşma islegi barada barýar. Hudaý: "Men seniň Maňa özüňi açmagyňy we seniň durmuşyň her bir jähtini özüň bilen bile duýup bilerim ýaly, Meni öz durmuşyňa çagyrmagyňy isleýärin. Men hemme ýerde bar bolsam-da, sen barada bilmesi gerek bolan zatlaryň hemmesini bilýän bolsam-da, seniň özüňi doly açmagyňy isleýärin. Menem Öz gezegimde saňa Özümi ädimme-ädim açaryn. Men seniň Meniň nähilidigimi bilmegiňi isleýärin" — diýýär. Muňa düşünmek her neneň kyn bolsa-da, siziň tükeniksiz, şahsy Hudaýyňyz, siziň öwrenmegiňiz, söýmegiňiz we Özi bilen ýakyn gatnaşyklarda ýaşap bilmegiňiz üçin, size Öz Ruhuny we Sözüni berdi. Ol muny etmegi isleýär, sebäbi Ol siziň bilen bir bitewi bolmak isleýär.

## MUKADDES KITABYŇ MAKSADY

Çagajygyň özüni söýýän kakasyna ynanyşy ýaly, biziň hem özümizi Oňa doly bermegimiz üçin Hudaý bize Özüni bermegi teklip edýär. Geliň, Pawlusyň Timoteosa Mukaddes Ýazgynyň maksady barada näme ýazanyna ýene bir gezek seredeliň: "Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy. Olar öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr" (2 Timoteos 3:16–17). Bu aýat Mukaddes Ýazgynyň diňe bir öwretmek (dogry ders bermek) we käýemek hem ýola getirmek

(özüňi dogry alyp barmak) üçin däl-de, eýsem, üçünji maksat — "dogrulykda terbiýelemek" — üçin hem peýdalydygyny aýdýar.

"Öwretmek" sözi grek dilinden "öwüt bermek", ýagny, çagany "terbiýelemek" ýa-da "*ulaltmak*" manysynda terjime edilýär. Bu aýat Hudaýyň Sözüniň bizi "*terbiýelemeklige*" niýetlenendigini göz öňünde tutýar.

Ýöne nädip? Kitapdaky sözler toplumy bizi nädip terbiýeläp biler? Ene-atalyk — bu adamyň adam üçin ýerine ýetirýän wezipesidir. Şeýle-de bolsa, Isa Hudaýyň Özüniň aslynda nädip şeýle edip bilýändigini düşündirýär. Ol: "Men-de Atama ýalbararyn, Ol size, hemişe siziň bilen bolar ýaly, başga bir Göwünlik Beriji, ýagny Hakykat Ruhuny berer. Hakykat Ruhuny dünýä kabul edip bilmez, çünki dünýä Ony ne görýär, ne-de tanaýar. Ýöne siz Ony tanaýarsyňyz, çünki Ol siziň araňyzda ýaşaýar we siziň içiňizde bolar" (Ýohanna 14:16–17) — diýýär. Ata Hudaý bize öwretmegi üçin Özüniň Mukaddes Ruhuny berdi. Mukaddes Ruh bize Hudaýyň Özüni we Onuň Sözünde ýazylan hakykaty bize görkezmek üçin gelýär. Ol bize Hudaýyň biziň kim bolmagymyzy isleýändigine we Ony nähili söýmegimizi hem ýaşamagymyzy isleýändigine düşünmäge kömek edýär.

Eger Pawlusyň aýdyşy ýaly, Mukaddes Ýazgy bize öwretmek ýa-da bizi terbiýelemek üçin berlen bolsa, onda bize Mukaddes Ruhuň "terbiýesi" nämä gerek? Bu barada şeýle pikir ediň: aslynda çagalarymyzy näme dogry "terbiýeleýär"? Biziň olara berýän buýruklarmyzmy, görkezmelermizmi we komandalarmyzmy? "Özüňi alyp barmak boýunça tekliplermi"? Ýok, olar çagalarymyzy terbiýelemeýär. Çagalarymyzy özleri bilen baglanyşykly bolan *ene-atalary* terbiýeleýär. Hudaý şeýle etdi. Ol çagalaryň söýgi gatnaşyklarynda terbiýelenmeklerini isleýär. Gatnaşyklar bolmasa, gymmatlyklary, garaýyşlary we özüňi dogry alyp barmalar netijesini bermez, sebäbi olar şahsy söýginiň we aladanyň zerur elementlerinden aýralykda bolýar. Gatnaşyklar bolmasa hakykat inkär etmä, düzgüne salmalar bilen düzetmeler bolsa, gahara

hem öýkelere alyp barar. Ýöne hakykaty söýgi gatnaşyklarynyň kontekstinde ýerleşdireniňizde, hemişe diýen ýaly, položitel seslenme alarsyňyz.

Mukaddes Ruh Mukaddes Ýazgyny söýýän ene-ata hökmünde görkezýär, ýagny Öz sapaklarynyň üsti bilen bize akyldarlyk bermek (Süleýmanyň pähimleri 3:5), Öz çäklendirmeleriniň üsti bilen howpsuzlyk bermek (Müsürden çykyş 20), Öz duýduryşlarynyň üsti bilen duýduryş bermek (Efesliler 4:17–22) we tertibe salmasynyň üsti bilen käýemek üçin (Filipililer 2:3–4) şeýle edýär. Biz dogry ynamly bolmak üçin Hudaýyň Sözüni okap bileris. Özümiziň dogry hereketlerimizi emele getirýän Hudaýyň Sözüne tabyn bolup bileris. Ýöne biz näme üçin şeýle edýändigimizi ýatdan çykarmaly däldiris. Mukaddes Kitabyň Öz ýaradanlary bilen gatnaşykda bolmak isleýän Hudaýy biziň Öz söýgüsini kabul etmegimizi we töweregimizdäkileri söýmegimizi isleýär. Biz: "*Hudaý bize Mukaddes Kitaby berdi, sebäbi Ol biziň Özi bilen ýakyn söýgi gatnaşyklarynda bolmagymyza teşnedir, Ol biziň biri-birimiz bilen ýakyn söýgi gatnaşyklaryndan lezzet almagymyzy we gatnaşyklarymyzyň ösmegini hem-de bakyýetde Onuň Patyşalygyny emele getirmegimizi isleýär*" — diýip bileris.

Hudaýyň siz bilen gatnaşyklary dikeltme islegini öz ýüregiňizde berkitmek üçin Isanyň Ýohannanyň Hoş Habaryndan alnan aşaky sözlerini okaň we olaryň üstünde oýlanyň. Goý, olar siziň ýüregiňize çuň aralaşsyn. Hudaý Özüni siziň ýakyndan tanamagyňyzy isleýär. Ol sizi doldurmaga, ýetmeziňizi ýetirmäge, size şatlyk bermäge we Özüni hem-de biri-biriňize bolan söýgini bermäge teşne. Ine, näme üçin Hudaý size Öz Ruhuny we Öz Sözüni beren eken.

"Siz Mukaddes Ýazgylary agtaryşdyrýarsyňyz, çünki ebedi ýaşaýyş şolardadyr öýdýärsiňiz. Olar bolsa Men hakda güwälik edýärler" (Ýohanna 5:39). "Men olarda ýaşaýyş bolsun, gurply ýaşaýyş bolsun diýip geldim" (Ýohanna 10:10). "Size bu zatlary Meniň şatlygym sizde bolsun we şatlygyňyz doly bolsun diýip aýtdym. Meniň buýrugym şu: biri-biriňizi Meniň sizi söýşüm

ýaly söýüň" (Ýohanna 15:11–12). "Olaryň hemmesi bir bolsun. Ata, Seniň Mende, Meniňem Sende bolşum ýaly, olar hem Bizde bolsun, şeýlelikde, Meni Seniň iberendigiňe dünýä iman eder" (Ýohanna 17:21).

Isanyň aýdan sözleri Mukaddes Ýazgy hakda öňkiňizden başgaça pikir etmäge höweslendirýärmi? Ol siziň taglymat hakykatlara bolan garaýşyňyzy üýtgetýärmi ýa-da size Mukaddes Kitap tabşyryklaryna tabyn bolmaga sebäp berýärmi? Men (Joş) ýaş mesihikäm Mukaddes Kitaby okadym we öwrendim. Ilki men muny nämä ynanmalydygyma we nähili ýaşamalydygyma düşünmek üçin etdim. Ýöne wagtyň geçmegi bilen maňa öwredenler ynamymyň we özümi alyp barşymyň aňyrsynda ýatan "näme üçini" görmäge maňa kömek etdiler. Hudaýyň ýüregine — Onuň motiwine, meýilnamasyna we meniň durmuşyma niýetlän maksadyna — düşünip başlanymda, hemme zat üýtgedi. Meniň Hudaý bilen şahsy gatnaşyklarymam üýtgedi. Men şol gatnaşyklary has ýokary derejä geçirip başladym. Meniň durmuşyň maksadyna we manysyna düşünişim aýdyň boldy. Men özümiň ileri tutýan zatlarymy üýtgetdim. Durmuş başdan geçmelere öwrüldi. Mende ruhlandyryjy we kanagatlanma getiriji düýbünden täze meýilnamalar we maksatlar peýda boldy.

Gysgaldyp aýtsam, Mukaddes Ýazgyny okap, oňa düşünip we oňa laýyklykda ýaşap başlalym bäri, ozal mümkin däl diýip hasap edişim ýaly ýaşap başlanyma degdi. Bu maňa aňsat düşmedi hem tebigy taýdan bolýan ýaly bolmady. Hudaýyň Sözüni öwrenmäge we duýmaga alyp baran täze usullaryň prosesi we ugry tagallalary talap etdi. Köp ýyllaryň dowamynda men olary öz çagalaryma geçirmäge synanyşdym. Indi bolsa oglum Şon indiki baplarda meniň bilen bile Hudaýyň Sözi bilen tanyşmaklygyň, sözüň göni manysynda, durmuşyňyzy nädip düýpli özgerdip bilýändigini siziň bilen paýlaşar. Yzyny okaň.

## NIKEÝ IMAN NYŞANY

Ýeke-täk Ata Hudaýa, Perwerdigäre, görner-görünmez zatlaryň hemmesini Ýaradana iman edýäris. Ýeke-täk Reb Isa Mesihe, Hudaýyň ýeke-täk Ogluna, Atadan doglan ýeke-täk Ogla, Hudaýdan dogan Hudaýa, Nurdan bolan Nura, hak Hudaýdan doglan, ýaradylmadyk hak Hudaýa, gökde bolşy ýaly, ýerde-de Ogluň üsti bilen hemme zady bar eden ýeke-täk Ata iman edýäris. Biz ynsanlar we biziň halas bolmagymyz üçin gökden inen we tende gelen, ynsana öwrülen, ejir çeken we üçünji gün ölümden direlen, göklerde tagtda oturan we dirileri hem ölüleri sud etmek üçin geljek Ogla iman edýäris. Mukaddes Ruha-da iman edýäris. Ogluň bolmadyk wagtynyň bolandygyny ýa-da Onuň dogulmazyndan öň bolmandygyny we ebedi dälden gelip çykandygyny aýdýan, ýa-da Hudaýyň Oglunyň başga şahsyýetdendigini, ýa-da jandardandygyny, Onuň ýaradylandygyny, üýtgeýändigini tassyklaýanlary katolik (we resullar) Ybadathanasy inkär edýär. Omyn.[4]

3-NJI BAP

# ÝÜREKLERIMIZIŇ GÖZLERINI AÇYP

Skott kollejde okap ýörkä mesihi boldy, ýöne ol geçmişdäki günäleri sebäpli mydama ezilme astynda ýaşady. Ýetginjeklik ýaşynda ol ahlaksyz jyns gatnaşyklaryny edip ýaşady. Mesihi kabul edeninden soň ol özüniň ýaşaýyş ýörelgesini üýtgetdi, sebäbi Mukaddes Ýazga laýyklykda ahlaksyzlygyň ýol berilmesiz zatdygyny bilýärdi. Şeýle-de bolsa, ol geçmişdäki günäleri üçin Hudaý özüni entegem ýazgarýandyr diýen duýgudan saplanyp bilmeýärdi. Ol özüni ikinji derejeli mesihi ýaly duýýardy, sebäbi ýetginjek ýaşyndaky ahlaksyzlygy sebäpli özüne Hudaý hiç haçan wajyp zady ynanmaz diýip pikir edýärdi. Netijede ýigit özüni ýeňlen ýaly duýýardy.

Skott özüni Hudaýyň bagyşlandygyny bilýärdi. Ol Rimliler 8:1-i okady: "Şeýlelikde, Mesih Isada bolanlara, ten bilen däl-de, Ruh bilen gezýänlere häzir hiç hili iş kesme ýokdur". Ýöne kök urup giden ýalan günä duýgusy onuň Hudaýyň merhemetine bolan garaýşyny ýoýdy we özüni ýazgarmanyň ýapyk töwereginiň duzagynda saklady. Biziň köpimiz Mukaddes Kitaby geçmişdäki hereketleriň bozulan prizmasynyň üsti bilen okaýarys. Biziň eden zatlarymyz ýa-da dahylly bolan zatlarymyz, aýratynam, maşgala agzalarymyz bilen, özümize we durmuşymyza bolan garaýyşlarymyzyň emele gelmeginde aýgytly roly oýnaýar.

Medisina derňewleri biziň biologiki taýdan, elbetde, ene-atamyzdan başlap, beýleki adamlara çenli gürleşmeklige

“programmalaşdyrandygymyzy” anyklady. Bu derňew “*ysnyşma teoriýasy*” diýen zadyň üstünde işlemeklige alyp bardy. Bu teoriýanyň aňyrsynda duran ideýa biziň başgalar bilen berk gatnaşyklary ýola goýma talaby bilen dogulýandygymyzda jemlenendir. Şonuň üçin biz, gutulgysyz ýagdaýda adamlara ysnyşýarys, eger ynamdar adamlara goşulyp bilmesek, onda öz durmuşymyza, hatda otrisatel täsir edýän bolsalar-da, hökman ynamdar däl adamlara goşulýarys.

Men (Şon) özümiň **“Täze nesil üçin apologetika”** atly kitabymda Paýhas işleriniň gulluklarynyň prezidenti Mark Metlokyň ysnyşma teoriýasy hakda ýazdym. Ol: “Rouzmidiň psihologiýa mekdebinden bolan doktor Todd Holl, biziň Hudaý bilen gatnaşyklarymyza ysnyşma teoriýasyny ulanyp, gyzykly iş etdi. Eger ynamdar bolmadyk ynsan gatnaşyklary bizi başgalar bilen sagdyn gatnaşyklardan saklaýan bolsa, onda olar bize Hudaý bilen hem gatnaşmaga päsgel berip bilermi?”[1] — diýdi.

Tejribe işleriň hut şeýle durandygyny görkezýär: biziň Hudaýa düşünişimiz özümiziň çaga — ene-ata, aýratynam, kaka bilen gatnaşyklarymyza bagly bolýar. Siziň ene-ataňyza bolan garaýşyňyz we olaryň size nähili garandyklary, şübhesiz, siziň Hudaý baradaky düşünjäňize güýçli täsir edendir.

---

Siziň ene-ataňyza bolan garaýşyňyz we olaryň size nähili garandyklary, şübhesiz, siziň Hudaý baradaky düşünjäňize güýçli täsir edendir.

---

Köp adamlar häzirki nesliň näme sebäpden imandan daşlaşýandygy we öz maşgalasynyň gymmatlyklaryny özlerine geçirmeýändikleri baradaky soraglary özüne berýärler. Psiholog Pol Wits özüniň “*Atasyzlygyň ynamy; ateizmiň psihologiýasy*” atly kitabynda geçmişdäki beýik ateistleriň hemmesiniň kakalarynyň uzakda, öli ýa-da juda zalym bolandygyny görkezýär. Ol muny “kemli atanyň teoriýasy”[2] diýip atlandyrýar.

Witsiň sözlerine laýyklykda, çaga ýerdäki atasyna hormaty ýitireninde onuň Gökdäki Atasyna bolan ynamy hem güýçli gowşaýar. Öz pozisiýasyny tassyklamak üçin Wits Zigmund Freýd, Jan-Pol Sartr, Karl Marks, Bertran Rassel, Madalin Mýurreý O'Hara, Friddih Nisşe we başga-da köp beýik belli ateistleriň durmuşyny mysal getirýär. Wits bu mysallary teizmiň peýdasyna bolan delil hökmünde getirmeýär. Has takygy, ol psihologiki faktorlary, aýratynam, kaka bilen gatnaşyklaryň Hudaý baradaky düşünjämize täsirini ýetirýänini görkezýär.

Şeýlelikde, siziň ene-ataňyza bolan gatnaşyklaryňyz, olaryň hem size bolan gatnaşyklary Hudaýa bolan garaýşyňyza, gürrüňsiz, täsirini ýetirdi. Mysal üçin, eger siz hökümdarlyk edýän ene-ata bilen ulalan we olaryň size bolan nägileliklerini duýan bolsaňyz ýa-da olardan daşlaşmany duýan bolsaňyz, onda siz şol duýgulary Hudaý bilen gatnaşyklaryňyzda hem ulanmaga meýilli bolýarsyňyz. Elbetde, siz şol ýoýulan linzany Mukaddes Ýazgyny okanyňyzda hem ulanýarsyňyz, bu bolsa, sizi Hudaýda hökümdar, nägile birini görmeklige mejbur edýär.

## SIZ NÄHILI HUDAÝY GÖRÝÄRSIŇIZ?

Pesah nahary, köplenç Gizlin agşamlyk nahary hökmünde atlandyrylýan agşamda Isa Öz şägirtlerine köp zat hakda gürrüň berdi. Ol: "Meni söýýän bolsaňyz, buýruklarymy berjaý ediň" (Ýohanna 14:15) — diýdi.

Indi balahanada özüňiziň saçagyň başynda Isanyň garşysynda oturanyňyzy göz öňüne getiriň. Ol siz tarapa seredýär, sizem Mugallymyň gözlerine seredýärsiňiz. Ol: "Eger sen Meni söýýän bolsaň, onda Meniň buýruklarymy berjaý edersiň" — diýýär. Siz Onuň sözlerine näme jogap bererdiňiz? Onuň bu sözleri näme üçin aýdandygy barada nähili pikir ederdiňiz?

## Isa lapykeçmi?

Skotta meňzeş adam Isanyň sözlerinde ýazgarma görerdi-de, ýalan günä duýgusyny duýardy. Ol, belki, Isanyň ellerini döşünde gowşuryp hem başyny ýaýkap: "Eger sen Meni söýen bolsaň, onda hemişe Meniň buýruklarymy ýerine ýetirerdiň. Seniň öňki hem häzirki şowsuzlyklaryň Maňa köp zat hakda gürrüň berýär. Skott, sen Meni lapykeç etdiň!" — diýip, ýazgarma bilen aýdýanyny göz öňüne getirerdi.

Isa söýgi hem tabşyryklar barada gürlände, *siz* Onuň sesinde näme eşidýärsiňiz? Eger Skottyň duýşy ýaly, Onuň lapykeçligini duýýan bolsaňyz, onda, özüňizi Hudaýyň söýgüsine mynasyp duýma umydy bilen Onuň üçin janypkeşlik bilen zähmet çekip, öz günäňiziň tölegini tölemäge çalşarsyňyz. Mesele hiç birimiziň hem, çirksiz mesihilik durmuşynda ýaşap bilmeýändigimizdedir. Eger Mukaddes Ýazgydaky Hudaý göwnümize lapykeç ýaly bolup görünýän bolsa, onda biz Onuň söýgüsine gowy işlerimiz üçin mynasyp sylag hökmünde garamaga meýilli bolýarys. Bu köplenç ýagdaýda Mukaddes Kitapda diňe "sen şeýle etmeli" diýen zady görmegimize we onuň köp sanly wadalaryny gözden sypdyrmaga alyp barýar. Munuň ýaly usul bizi: "*Özümi gowy görmekleri üçin men dogry hereket etmeli*" diýen duýga getirýär. Bu pikir hem, biziň ähli gatnaşyklarymyzyň içine, gürrüňsiz, girýär.

Ünsüni diňe netijede jemleýän adamlar käwagt başgalary höweslendirmek üçin, özleriniň lapykeçlikden gorkmasyny mejbur edilmäniň görnüşi hökmünde ulanmaga meýilli bolýarlar. Olar başgalardan hem, özünden talap edýän netijelerine garaşýarlar, ýöne şowsuzlyga uçranynda bolsa, edil başgalaryňky ýaly lapykeçligi duýýarlar.

Netijede dostlary hem maşgalasy "onuň göwnünden turup bolmaýar" diýen pikiri duýup başlaýarlar. Munuň ýaly hereket, kimdir birine bolan söýgi onuň näderejede üstünliklidigi bilen aýrylmaz baglanyşykly diýen nädogry düşünjäni ebedileşdirmekden başga hiç zadam etmeýär.

## Isa bizi barlaýarmy?

Isa: "*Eger* Meni söýseňiz, tabşyryklarymy berjaý edersiňiz" diýende Onuň gaşlaryny galdyryp, basymy birinji söze düşürýänini görýärsiňizmi? Onuň sözleri: "Meniň tabşyryklarymy berjaý edýän etmeýäniňizi görmek üçin Meniň sizi synlaýanymy bilýärsiňizmi?" diýýän duýduryş bolup durýan ýaly, Onuň sözünde siz sorag tonuny duýýarsyňyzmy?

Käbirleri Hudaýy hut şonuň ýaly — Mukaddes Kitabyň görkezmelerine näderejede gowy eýerýändigimiz boýunça baha berýän inspektor ýaly görýärler. Siz şonuň ýaly Hudaýy görýärsiňizmi? Ony üstüňizde eli bloknot hem galamly durup, hem gowy, hem erbet işleriňiziň hasabyny ýöredýän Biri hökmünde görýärsiňizmi? Edil gökdäki Santa-Klaus ýaly, Ol "kimiň gowudygyny, kimiň erbetdigini anyklamak üçin sanaw düzýärmi we ony iki gezek barlaýarmy?" Munuň ýaly Hudaýyň sizi şu bolşuňyza söýýändigini, dogalaryňyz arkaly siziň bilen gürleşenine begenýändigini göz öňüne getirmek kyn bolýar. Onuň ýiti, gözegçilik ediji garaýyşlary islendik gatnaşyklary şatlykdan mahrum ederdi.

Eger Hudaýda inspektory görýän bolsak, başgalar tarapyndan gelýän iň kiçijik düzediş beriji teklibe-de hüjüm etme hökmünde seredip, goranyş pozisiýasyny eýelemegimiz mümkin. Şeýle hem, inspektoryň roluny öz üstümize alyp, başgalaryň edýän zatlaryna şübhe bilen seretmegimiz mümkin. Ownujak Mukaddes Kitap soraglary sebäpli uly goh turzup hem bileris. Siziň pikir edişiňiz ýaly, adamlara özlerini ýiti ünsi astynda saklaýanlar we kanunyň harpyndan islendik gyşarnykly hereketi hasaba alýan biri bilen gatnaşykdan lezzet almak kyndyr.

## Isa uzakdamy?

Siz Isanyň başyny aşak salyp, ellerini ýokary galdyrýanyny we perwaýsyz ses bilen: "Ýogsa-da, eger sen Meni söýýän bolsaň, Meniň käbir tabşyryklarymy we başga zatlary, ... islendik bir zatlary... berjaý etmek hakda pikir edip bilerdiň" — diýen ýaly bir

zatlar diýýänini görýärsiňiz. Munuň ýaly Hudaýda diňe durmuşda “wajyp işleri” edýän “wajyp adamlar” bilen gürleşmäge wagty bolardy. Siz bolsa, Onuň ýanyna baryp bilmezdiňiz.

Köplerde, aýratynam, häzirkizaman ýaşlarynyň arasynda, ene-atalary olaryň gündelik durmuşynda bolmady. Eje bilen kaka olara alada ediji gatnaşygyny görkezmedi. Şol sebäpden hem, ýaşlar ene-atalary bilen saklan uzaklaşma gatnaşyklaryny Hudaý bilen gatnaşyklaryna hem alyp gelýärler.

Dewid Fergýuson özüniň we aýalynyň Hudaý baradaky öňki garaýyşlary hakda şeýle gürrüň berýär:

> “Men köp ýyllaryň dowamynda öz durmuşymy barlan we göwnüm geçen Hudaý bilen göreşdim. Aýalym Tereza Hudaýy uzakdaky Hudaý diýip hasap edýärdi. Bir gün ol maňa: «Ertir bilen oýanan wagtymda Hudaýyň meni görendigini göz öňüne getirmek kyn bolýardy» — diýdi. Men hiç haçan Onuň özümi hakykatdan hem tanaýanyna ýa-da meniň üçin wajyp bolan zadyň aladasyny edýänine ynamly däldim. Men Hudaýy diňe bu dünýäniň «wajyp zatlary» üçin wagt tapýan Hudaý hökmünde göz öňüne getirýärdim, ýöne men şol sanawa girmeýän diýip hasap edýärdim. Şol uzakdaky Hudaýy tanamak, Oňa ynanmak kyn bolýardy, Ol meni tanajak hem bolmaýan ýaly bolup görünýärdi”[3].

Uzakdaky Hudaýa bolan beýle garaýyş Onuň özümiz üçin taýýarlan zadyna ynanyşymyza özüniň täsirini ýetirýär. Onuň wadalarynyň biziň üçin däldigi görnüp duran ýaly bolýar. Ol güýçli, ýöne Onuň güýji biziň üçin elýeter däl ýaly bolýar. Uzakdaky Hudaýyň biziň durmuşymyza dahyly az bolýar.

## HAKYKY HUDAÝA GÖZLERIŇI AÇANYŇDA

Men (Şon) kollejde okap ýörkäm, birnäçe mesihi dostum meni Mukaddes Kitaby öwredýän topara çagyrdy. Kollejiň sallah talyby bolanym üçin men öz kursdaşlarym bilen bile Hudaýyň Sözüni tertipli öwrenmek isledim. Olaryň her gün her bir aýada az bolanda üç sorag berip okamaklary meni haýran galdyrdy:

1. Bu ýerde nähili günäden gaça durmaly? (*Sebäbi synçy Hudaý synlaýar*).
2. Bu ýerde haýsy tabşyrygy ýerine ýetirmek gerek? (*Sebäbi ünsli Hudaý seredýär*).
3. Meniň durmuşymyň haýsy bölegini üýtgetmek gerek? (*Sebäbi lapykeç Hudaý kämil ýerine ýetirmäni talap edýär*).

Gep biziň günäden gaça durmagymyzda we haýsy Mukaddes Kitap tabşyrygyna tabyn bolmalydygymyzda däl. Ýöne Hudaýyň Sözüne seredip, onda lapykeç, gözegçilik edýän ýa-da uzakdaky Hudaýy görenimizde, Onuň hakykatyny ýoýýarys. Pawlus Efesdäki Mesihiň yzyna eýerijiler üçin doga edýär: “Rebbimiz Isa Mesihiň Hudaýy, şöhratly Ata siziň üçin dileg edýärin. Goý, Ol size Ony has oňat tanap bilmegiňiz üçin Mukaddes Ruhuň akyldarlygyny hem ylhamyny bersin. Hudaýyň Öz çagyranlaryna beren umydyna göz ýetirmegiňiz üçin, goý, Ol ýüregiňiziň gatyny nurlandyrsyn diýip dileg edýärin”. (Efesliler 1:17–18).

17-nji aýatda “*akyldarlyk*” diýen grek sözi zatlaryň hakyky tebigatyna düşünmäni berýän ruhy hakykatdaky akyldarlygy aňladýar. “*Ylham*” diýen grek sözi Hudaýy kalbyňa tanatmak üçin açmagy aňladýar. Başga sözler bilen aýtsak, Pawlus ýüreklerimiziň gözleriniň açylmagy üçin doga edýär, ol Hudaýdan biziň Özi baradaky ýoýulan düşünjelerimizi aýyrmagy we Isanyň hakyky tebigaty janymyza çuň aralaşýança, ony görmäge bize mümkinçilik bermegi üçin doga edýär.

Şunuň ýaly ýürekden edilen doga bize Mukaddes Ýazga hakykatdan ýakynlaşmaga kömek edýär. Özüni — hakyky Hudaýy — aslynda Ol nähili bolsa, şonuň ýalylygyna hem görmegimiz üçin Hudaý biziň ýüreklerimiziň gözlerini açmak isleýär. Ol biziň aňymyzy we emosiýalarymyzy geçmişdäki ýa-da häzirki sagdyn bolmadyk gatnaşyklarymyzyň döredýän sustupes, barlaýan ýa-da uzakdaky Hudaýyň ylhamyndan saplamak isleýär. Ol Özüniň mukaddes Sözüniň bizi Özi babatda bolup biläýjek islendik ýoýulmalardan arassalamagyny we düzetmegini isleýär. Şuny etdigimizçe-de biz Ony, hak Hudaýy Özüniň isleýşi ýaly tanap bileris.

## ISA — KABUL EDÝÄN HUDAÝ

Pawlus: "Şoňa görä-de, Hudaýy şöhratlandyrmak üçin Isa Mesih sizi nähili kabul eden bolsa, siz-de biri-biriňizi şonuň ýaly kabul ediň" (Rimliler 15:7) — diýýär. Bu sözler Hudaýyň sustupes, gözegçilik ediji ýa-da uzakdaky Hudaý bolman, eýsem, bizi kabul edýän Hudaýdygyny görkezýär. Ýöne Ol näderejede kabul edýär?

"*Kabul etmek*" diýip terjime edilen grek sözi kimdir birini tötänden kabul etmän, eýsem, ony oňa bolan çuň gyzyklanma bilen aýratyn kabul etme, gürrüňsiz we şertsiz doly kabul etme manysyny özünde jemleýär. Bu açyk gujak bilen garşy almagy aňladýar.

Mesihilikdäki kabul edilme barada has anyk düşünje almak üçin, geliň, Ýohannanyň Hoş Habarynyň 4-nji babynda Isanyň guýynyň boýunda bir aýala duş gelýän ýerine seredeliň. Mukaddes Ýazgy Isanyň "Ýahudany terk edip, ýene Jelilä gidendigini, Onuň Samariýadan geçmekçi bolandygyny" (Ýohanna 4:3–4) aýdýar. Isanyň syýahatynyň ugry — Onuň näderejede kabul edýändiginiň birinji görkezijisi bolýar. Iudaizme hakykatdan eýerýän adam samariýalylara baryp, öz barlygy bilen olary hormatlamazdy ýa-da olaryň ýerinden geçmek bilen hem, özüni hapalamazdy.

Iudaizme hakykatdan eýerýän adam samariýalylara baryp, öz barlygy bilen olary hormatlamazdy ýa-da olaryň ýerinden geçmek bilen hem, özüni hapalamazdy.

Aslynda Jelilä barmak üçin Isa Samariýanyň üstünden geçmek gerekdi. Şol döwrüň “dindar” ýewreýleri Ýahudadan Jelilä gitmek üçin Samariýanyň üstünden geçmezdi. Jelile Ýahudadan Demirgazykda ýerleşýärdi, Samariýa bolsa, edil olaryň ortasyndady. Şeýlelikde ýewreý gündogara Ýeriho tarap ýöräp, Iordan derýasynyň jülgesi bilen demirgazyga ýöräp bu sebite syýahat edip bilýärdi ýa-da ol ýerden gaýykly Ortaýer deňzinden geçip bilýärdi. Islendik ýagdaýda-da dindar ýewreý edeniňe degýän uzak syýahaty saýlardy.

Ýahuda bilen Samariýanyň arasyndaky dawalaryň uzak taryhy bardy. Isanyň döwründäki ýewreýler samariýalylary “garyşyk ganlylar” hasap edýärdiler. Olar samariýalylaryň aslynyň arassa däldigini aýdýardylar, şonuň üçin olar bilen gatnaşyk etmek islemeýärdiler. Mundan başga-da, samariýalylar Gerizim dagynyň sežde edilýän ýerdigini aýdýardylar, emma ýewreýler hakyky seždäniň diňe Iýerusalimde bolup bilýändigini nygtaýardylar. Aslynda ýewreýler samariýalylary ýeretikler hasap edýärdiler. Şonuň üçin iudaizme hakykatdan eýerýän adam samariýalylara baryp, öz barlygy bilen olary hormatlamazdy ýa-da olaryň ýerinden geçmek bilen hem, özüni hapalamazdy.

Isanyň samariýalylara düýbünden başgaça duýgyny duýýandygy göze görnüp durdy. Ol Sihara gelýänçä, Samariýanyň göni ortasyndan ýöredi. “Ýol ýöräp ýadan Isa guýynyň başynda oturdy” (Ýohanna 4:6).

Bu gurak hem çöllük ýerdi. Suwuň bu ýerde aýratyn gymmaty bardy. Bu guýa, entek yssy düşmänkä, ertir bilen gelýärdiler ýa-da agşam salkyn düşende gelýärdiler. Ol ýere günortan adam seýrek

gelýärdi. Günüň şu wagtynda şeýle akmaklyk edip, suwa gidýän islendik adamyň muny şäherlilere görünmezlik üçin edýäni göze görnüp durdy.

Isa şähere iýmit satyn almak üçin giden şägirtlerine garaşyp, guýynyň boýunda otyrdy. Bu wagt bir samariýaly aýal suw almaga gelýär. Bu ýerde birini görerin diýip garaşmadyk aýal suw çekip başlan bolsa gerek, belki-de, ol Isany görenem däldir. Yzdan ses gelenini eşideninde, ol tisginendir. Isa: "Maňa içmäge suw bersene" (7-nji aýat) — diýdi.

Aýalyň hereketi gyzyklydy: "Sen ýahudy bolup, men samariýaly aýaldan nädip içmäge suw soraýarsyň?" (9-njy aýat). Bu aýalda geň galmaga iki sebäp bardy. Birinjiden, onuň bilen erkek gürleşdi. Ol döwürlerde erkekler, adatça, nätanyş aýallar bilen gürleşmeýärdiler. Bu edilmeli däl, utanç, käwagt, hatda, dawaly iş hem hasap edilýärdi. 27-nji aýada üns beriň: şägirtler gaýdyp gelenlerinde, "Onuň aýal bilen gürleşip duranyny görüp haýran galdylar". Ol döwürlerde gowy niýetli erkekler nätanyş aýallar bilen gürleşmeýärdiler.

Ikinjiden, ýewreý erkekleri hem aýallary samariýaly ýeretikler bilen gürleşmeýärdiler. Şoňa görä-de, aýalyň Isanyň özi bilen gürleşenine aňk bolmasy düşnüklidi. Aýalyň: "*Bu erkek kişi beýlekiler ýaly däl*" — diýip pikir eden bolmagy mümkin. Soň Isanyň aýdýan zadyna üns beriň: "Sen Hudaýyň peşgeşini, özüňden suw diläniň Kimdigini bilsediň, onda özüň Ondan suw dilärdiň, Ol-da saňa ýaşaýyş suwuny bererdi" (10-njy aýat).

Indi Ol bu aýaly has-da geňirgendirdi. Bu adam diňe bir onuň bilen gürleşmän, eýsem oňa adaty bolmadyk sowgady-da teklip etdi. Aýal "öli" suw bilen "diri" suwuň arasyndaky tapawudy bilýärdi. "Diri suw" süýji suwly derýa ýa-da çeşme ýaly hereket edýän suwa degişlidi. "Öli suw" duran çüýrük ysly suwy alamatlandyrýardy. Samariýada derýa ýokdy, şonuň üçin Isanyň sözleri islendik adamy aljyradýardy. Hatda Ýakup hem ol ýerde guýy gazmaly bolan bolsa, onda bu adam nädip oňa sowujak, ajaýyp suwy teklip edip bilýärdi?

Ýöne, dogry, eger Isa sowujak suwy tapyp berip bilse, onda aýal ony almaga taýýardy. Aýal Oňa: “Eý Aga, maňa şol suwdan bersene, gaýdyp suwsamaýyn, suw çekmäge bu ýere gelmäýin” (15-nji aýat) — diýdi.

Soň Reb ony doly şok ýagdaýyna saldy: “Bar git-de, äriňi çagyryp gel” — diýip, Ol aýala aýtdy (16-njy aýat). Elbetde, aýalyň eýýäm bäş äriniň bolandygy, häzirki bile ýaşap ýöreniniň hem, öz äri däldigi Isa bellidi, Ol bu barada aýala-da aýtdy. Aýal Onuň pygamberlik ukybyny ykrar edip, gürrüňi kimiň — ýewreýleriňmi ýa-da samariýalylaryň — dogry sežde edýändigine sowdy.

Aýalyň nämedir bir zada düşünip başlan bolmagy mümkin. Bu adam, dogrudanam, beýlekileriň hijisine meňzeş däldi. Ol mynasyp bolmadyk aýal bilen gürleşip otyr, bu juda adaty däl zatdy. Ol ýewreý bolsa-da, samariýaly aýal bilen gürleşýärdi, bu has-da adaty däldi. Ol aýala näbelli dirilik suwunyň çeşmesini teklip etdi. Bu asla-da täsin boldy. Hemme zadyň üstesine-de, Ol, belki, onuň özünde galan dostlarynyň hem bilmedik zatlaryny-da bildi. Bu bolsa aýaly sežde etme we Mesih ýaly ruhy zatlar hakda özüne sorag bermäge meýillendirdi.

Şonuň üçin ol özüniň pikirini beýan etdi: Aýal Oňa: “Mesihiň geljegini bilýärin, Ol gelende bize ähli zady düşündirer” — diýdi. Soň Isa oňa hakykaty açdy: “Şol seniň bilen gepleşip duran Mendirin. Men Mesih!” — diýdi (25–26-njy aýatlara seret). Ol: “Hawa, Men erkek kişi, Men ýewreý, ýöne aslynda Men — seniň Mesihiň, seniň Halasgäriň, seniň teşne bolan Kişiňdirin” — diýdi. Şol pursatda aýalyň tolgunmasynyň çeni bolmady. Ol özüniň Kime duş gelendigi hakda gürrüň bermek üçin yzyna obasyna ylgap gitdi.

Geliň, Isa atly erkek kişiniň bu aýaly kabul edişiniň adatdan daşary başga usuly barada gürrüň edeliň, aýal hem, şeýleräk pikir edendir:

- *Men aýal adam, Ol bolsa, erkek kişi. Ol meniň erkekleriň asla gürleşmeýän aýallaryndandygymy-da*

*bilýär. Näme üçin Ol meniň bilen gürleşdikä?*

- *Ol ýewreý, ýewreýler bolsa, samariýalylary ýigrenýärler. Ol meniň bilen näme üçin gürleşdikä?*
- *Men zynahor aýal, bu bolsa, islendik dogry adamyň meniň bilen gürleşmegini mümkin etmeýär, Mesih barada gürrüňem ýok. Nämeler bolýarka?*

Bu samariýaly aýal hiç haçan munuň ýaly — beýle düşbi, şeýle açyk, şeýle sahy — erkek kişä duş gelip görmändi. Ol Isada özüni kabul etmäge sebäbiň bolmandygyny bilýärdi, şeýle-de bolsa, Ol ony kabul etdi. Aýal ahlaksyz bolany üçin köpler ony inkär edýärdiler. Belki, ol özüni daşlaşdyrylan hem ýalňyz duýandyr. Ýöne bu zatlaryň hemmesine garamazdan, adaty bolmadyk bu Isa ony açyk gujak bilen kabul etdi.

Isanyň ony kabul etmesi onuň zynahorlugyna gözüni ýumandygyny aňlatmaýar, asla beýle däl. Şeýle-de bolsa, Isa onuň şol derejesi üçin Özüniň lapykeç bolandygyny görkezmeýär. Isa Hudaýyň Öz ýaradan adamlarynyň her birine salan gözelligini, güýjüni, dogabitdi gymmatyny we mertebesini gördi, hut şunuň üçin hem Ol ony söýdi. Aýal Oňa bolmalysy ýaly tagzym etmedik bolsa-da, Ol "Isa-inspektor" däldi. Ol aýala hakykaty aýdar ýaly derejede söýýän duýgudaş "korrektordy". Ol anyk uzakda bolan Hudaý däldi, sebäbi aýalyň ýaşaýan ýerine barypdy. Isanyň samariýaly aýaly kabul etmesinde aýalyň hereketleri ýa-da ýeten derejeleri bilen hiç hili umumylyk ýokdy. Aýalyň aýdyp ýa-da edip bilen zatlaryndan, ýa-da aýtmadyk ýa etmedik zatlaryndan hiç zat hem Mesihi ony kabul etmeklige mejbur etmedi. Ol ony kabul etdi, oňa şeýle hormatyny görkezdi we oňa Özüniň şatdygyny düşündirdi. Isa ony şol bolşuna kabul etdi we onuň kim bolup biljekdigini görkezdi.

Hakyky Hudaýyň tebigaty şeýledir. Bu Hudaýyň biziň günälerimizi bilmeýändigini we: "Hemme zat gowy: hemmelerem ýalňyşýarlar. Men seniň günäleriňi asla görmeýärin" — diýýändigini

aňlatmaýar. Hakykat şeýle, Ol Öz tebigaty boýunça mukaddesdir. Ol günäni ýöne bir äsgermän bilmeýär. Mukaddes Kitapda: “Pisligi görerden päkdir gözleriň, ýamanlyga seredip bilýän dälsiň Sen” (Habakuk 1:13) — diýilýär. Hudaý günä hiç bir görnüşde-de ýol berip bilmez ýaly derejede mukaddesdir (Habakuk 1:13). Onda Ol näme edýär?

Günämiz, elbetde, ölüme — Hudaýdan jyda düşmeklige — alyp barýar. Biz hiç hili ýagdaýda-da özümiziň günäli ýagdaýymyzda Onuň üçin kabul ediler ýaly däldiris. Munuň üstüne özümiziň günäkär we ruhy öli derejämizi üýtgetmek üçin hiç zat edip bilmeýändigimizi goşsak, özümiz ömürlik hüküme duçar edilen ýaly bolup görneris (Rimliler 6:23 we Efesliler 2:1). Ýöne biziň ýagdaýymyz Hudaý üçin kabul ederlikli däl. Näme üçin? Sebäbi Ol bizi söýýär we biziň Özi bilen gatnaşyklarymyzy dikeltmek isleýär. Şonuň üçin Ol halas bolmanyň satyn alma meýilnamasyny teklip edýär.

“Iman eden wagtyňyzda Hudaý sizi aýratyn rehimi bilen halas etdi” — diýip, Pawlus aýtdy. “Çünki siz iman arkaly Hudaýyň merhemeti bilen halas edildiňiz. Bu siziň öz tagallaňyz bilen bolmady-da, Hudaýyň sylagydyr. Hiç kim öwünmez ýaly, oňat işlere-de bagly däldir” (Efesliler 2:8–9). Onuň mukaddesligi biziň günäli durmuşymyzy öz içine alyp bilmeýän bolsa-da, ýüregi bizi hiç hili şertsiz kabul edýär.

Şeýlelikde, biziň günäkärdigimize garamazdan, Hudaý bize merhemet teklip edýär. Hut şu merhemet hem, Onuň ýeke-täk Oglunyň ganyny dökdürdi. Şol mukaddes gurbanlygyň kömegi bilen Ol kimdigimize we näme edendigimize garamazdan, bizi kabul edip bilýär. Bizi açyk gujak bilen kabul edende, Ol: “Meniň ýanyma gel, Men seni söýýärin, şonuň üçin seni öz tagallalaryň üçin däl-de, Öz Oglumyň halas edijilikli pidasynyň we ölümden direlmesiniň arkasyndan bagyşlaýaryn” — diýýär.

Bizi Hudaýyň şu bolşumyza, şol sanda ýetmezçiliklerimiz, şowsuzlyklarymyz we günälerimiz bilen bilelikde tanaýanyna düşünenimizde, Onuň bizi nädip beýdip kabul edip bilýändigine

düşünmek aňsat düşmeýär. Ýöne Ol bizi kabul edýär. Bill we Gloriýa Geýterler “Men söýülýärin” diýen örän gowy bir aýdym ýazdylar. Onda: “Meni hemmelerden gowy Tanaýan meni hemmelerden gowy söýýär”[4] diýen sözler bar. Mukaddes Kitapdaky Isa — bu bizi kabul edýän Hudaýdyr.

## ÝOHANNANYŇ HOŞ HABARYNDAN 14:15-I KABUL EDIJI ISA AÝTDY

Indi ýokarky otaga dolanalyň. Siz ýene Isanyň garşysynda otyrsyňyz. Siziň nazarlaryňyz çaknyşýar. Ol siziň Halasgäriňiz bolup, Ol sizi öz bolşuňyz ýaly görýär, sizi iň batyr arzuwlaryňyzdan-da ýokary derejede kabul edýär. Ol Öz Atasynyň öýünde otaglaryň kändigini we siziň üçin Özüniň ýer taýýarlamak isleýändigini aýdýar. Soň Ol size: “...siziň hem Öz ýanymda bolmagyňyz üçin ýene gelip, sizi Özüm bilen alyp giderin” (Ýohanna 14:3) diýip wada berýär.

Indi Isa Öz eden işleriniň aslynda Özüniň hereketleri bolmandygyny düşündirýär: Onuň üsti bilen Atasy hereket etdi. Şonuň üçin Ol size ýene bir wada berýär: “Maňa iman eden Meniň bitiren işlerimi-de bitirer” (Ýohanna 14:12-ä seret).

---

Özüňiziň geçmişdäki başgalar bilen bolan gatnaşyklaryňyza esaslanýan Hudaý baradaky esassyz pikirleriňizi bir gyra goýup, Mukaddes Ýazgynyň sizi çendenaşa söýýän Isany kesgitlemegine ýol beriň.

---

Ol ruhlandyryjy ýylgyrýar-da size ýene bir wada berýär: “Atamdan Meniň adym bilen näme dileseňiz, dilegiňizi bitirerin” (Ýohanna 14:13). Onuň wadalarynyň ýekejesem sustupes, synlaýan ýa-da daşlaşan Isadan çykýan ýaly bolup eşidilmeýär, şeýle dälmi? Olar sizi garşy alýan we Öz gujagyna gürrüňsiz hem şertsiz kabul edýän Isadan çykýar. Soň Ol mähirli sesi we düşünýän garaýşy

bilen size soňky wadany berýär. Ol size ellerini uzadyp, ýüzündäki ýylgyryş bilen: “Meni söýýän bolsaňyz, buýruklarymy berjaý ediň” (Ýohanna 14:15) — diýende, Onuň sözlerini diňläň.

Bu aýat siziň üçin aýratyn wada bolýar. Ol siziň ýüregiňize ruhlanma hem ynamlylyk getirmeklige niýetlenendir. “Men Atama ýalbararyn, Ol size hemişe siziň bilen boljak başga bir Teselli beriji, ýagny Hakykat Ruhuny berer. Dünýä Ony kabul edip bilmez, çünki dünýä Ony ne görýär, ne-de tanaýar. Ýöne siz Ony tanaýarsyňyz, çünki Ol siziň araňyzda ýaşaýar we siziň içiňizde bolar” (Ýohanna 14:16–17). Eýsem, olar sizde adatdan daşary ynamy döretmeýärmi? Aslynda Ol: “Eger ikimizde ýakyn gatnaşyklar bolsa, onda sen öz güýjüň bilen mesihilik durmuşynda ýaşamaga dyrjaşmaz ýaly, seni ýeke goýmazlyga wada berýärin. Men Mukaddes Ruhuň üsti bilen seniň durmuşyňda mesgen tutaryn we saňa güýç bererin. Biz ikimiz bir bitewi bolarys: Meniň tebigatym seniň tebigatyň bolar, Meniň isleglerim seniň islegleriň bolar, Meniň ýollarym seniň ýollaryň bolar” — diýýär.

Bu Isany kabul eden wagtymyzda berlen wadadyr. Onuň söýgüsi biziň üçin hakyky bolýar. Aslynda Onuň üýtgediji söýgüsi bize Ony çuň söýmeklige we biri-birimizi, Onuň bizi söýşi ýaly, söýmegimize mümkinçilik berýär.

Özüňiziň geçmişdäki başgalar bilen bolan gatnaşyklaryňyza esaslanýan Hudaý baradaky esassyz pikirleriňizi bir gyra goýup, Mukaddes Ýazgynyň sizi çendenaşa söýýän Isany kesgitlemegine ýol beriň. Ol sizi we biziň her birimizi günälerimize garamazdan söýýär. Ozal aýdylyp geçilişi ýaly, Ol ummasyz bahany töläp, rehimdarlyk bilen günäden saplanmany üpjün etdi. Ol bizi eden zatlarymyzdan daşlaşdyrýar we bizi şu durşumyza söýýär. Soň Ol — şatlyk bilen gujak açyp — şowsuzlyk pursatynda her birimizi kabul edýär.

Mukaddes Kitabyň bize açýan bu Hudaýy — hakyky Hudaýdyr. Onuň şertsiz kabul etmesini alyň we ýalan günälerden hem-de özüňi ýazgarmadan azat bolmany duýuň. Jogap beriň we Onuň şatlykly

hem berk gujagynda dynç alyň. Eliňizi uzadyň-da, Onuň wadalaryna berk ýapyşyň hem-de Onuň göwnünden turjak durmuşda ýaşamaga güýç berýän Mukaddes Ruhy arkaly Oňa aralaşyň.

Eger Mukaddes Ýazgynyň tekstlerini ýönekeý öwrenmäniň çäklerinden çykmak we Hudaýyň hakykatyny tanamak islesek, biz Isany Öz bolşunda — bizi söýýän we hiç hili şertsiz kabul edýän hakyky Hudaýlygynda görmelidiris. Ol bu ýerde Özüni ýakyndan tanap bilmegimiz üçin bizi Öz Sözüniň içinden giňden açylan elleri bilen alyp geçmek isleýär. Söýýän hem kabul edýän Isadan aýra bolan prizmanyň üsti bilen Hudaýa seretmeklik Onuň hakykatyny bozýar, şeýdip, ol hakykat biziň durmuşymyzda ýerliksiz bolýar.

Bu Hudaýyň Sözüni dogry düşündirmek we oňa dogry düşünmek üçin esasy düýp bolup durýan şertdir. Biz Hudaýyň Kitabyna düşünip biler ýaly, bu durmuşymyzda bolaýmaly bolan fundamental hakykatdyr. Biz kabul edýän Isany kabul etmelidiris. Indiki iki bapda biz burç daşyny — Isany kabul etme fundamentini gurarys, bu bolsa bize Hudaý hem biri-birimiz bilen bilelikde Mukaddes Ýazgynyň parçalaryny duýmaga mümkinçilik berer.

Dewid Fergýusonyň aşaky sözleri bu baba örän laýyk gelýär:

> "Hakyky Mesih ünsli hem aladaçyl, duýgur hem duýgudaşdyr. Göklerde Onuň zaçýot kagyzy ýok, şoňa görä-de, Ol her birimiz bilen aýratynlykda meşgullanjak bolup, onçakly alada edip oturanok. Ol uzakda däl we daşlaşdyrylan däl, sustupes däl we nägile däl. Hakyky Mesih seniň we meniň Özüniň ýakyn dostlary bolmagymyzy isleýär. Biz irden oýananymyzda Ol diýseň begenýär, Ol biziň bilen gürleşmäge howlugýar. Ol bizi tananyna we biziň bilen bile bolanyna şatlanýar. Ol sizden hoşal, sebäbi sizi Ýaradan Rebbiň, Öz elleriniň ýaradanlaryna guwanýan we Öz çagasy bolanyňyz üçin sizi hazynasy ýaly gymmat görýän Rebbiň gözleri bilen görýär"[5].

“Hudaýyň dolulygyndan dolup bileriňiz ýaly, Mesihiň aň-bilim ýeterden üstün bolan bu söýgüsine akyl ýetirip bilmegiňizi Hudaýdan dileýärin” (Efesliler 3:19).

4-NJI BAP

# MUKADDES ÝAZGYDA ISANY TANAMAK

Güneşli Sabat güni. Isa şu wagtjyk ybadathanadan çykdy, ol ýerde dini ýolbaşçylar Ony jyn eýeländiginde aýyplapdylar.

Şägirtleri bilen ol ýerden basymjak gidip barşyna, Ol aýbogdaşyny gurup, adatça bolşy ýaly köçede oturan kör gedaýy gördi. Reb bu ýerde mydama dilegçilik edip oturýan adama seredýär. Gedaýyň adyny köp adam bilmeýän bolsa-da, onuň ýagdaýyny hemmeler bilýärdi; ol dogabitdi kördi. Biz Isanyň näme üçin saklanandygyna düşünmän, şägirtler bilen bile Mugallymyň ýanyna çekinibräk barýarys. Şägirtleri Ondan: "Mugallym, bu adamyň kör bolup dogulmagyna kim günäkär, munuň özümi ýa ene-atasy?" (Ýohanna 9:2) — diýip soraýarlar.

Isanyň däl-de, şägirtleriň bu gedaý babatdaky degip geçmek isleýän ilkinji soragy — bu onuň günäsidi. Reb Özüne mahsus bolan hoşgylawlylyk bilen ol adamyň ýanynda hapanyň içinde dyzyna çöküp durýar-da, dilegçilik edip oturana seredende, şägirdine jogap berýär: "Muňa ol adamyň özi hem, ene-atast hem günäkär däl. Bu onda Hudaýyň işleriniň görkezilmegi üçin boldy" (Ýohanna 9:3).

Isanyň sözleriniň birgeňsiligi bu ýerleri gurşap duran jaýlaryň daş diwarlarynda ýaň bolup ýaňlandy. Bu adamyň öz ejesiniň ýylgyrşyny hiç haçan görmedik, Hirodesiň Gün şöhlelerine öwşün atyp duran göz gamaşdyryjy ak mermer ybadathanasyny görmedik, altynsöw bugdaý meýdanlarynyň tolkun atmasyny,

aşyk gyzyň gyzarýan ýüzüne seredip görmedik gözleri şu gün olarda Hudaýyň güýjüniň görünmegi üçin şu ýyllaryň dowamynda garaňkylykda boldy!

Biz synlap durýarys — ünsümiz garaňkylykda ýaşan we Özüni dünýäniň nury diýip Atlandyranda jemlenýär. Isa gumuň üstüne tüýkürýär. Ol Özüniň güýçli ussa elleri bilen gumdan bir tokga palçyk ýasap, ony sabyrlylyk bilen mylaýymjadan körüň gözlerine sürtýänçä, hiç kim ýekeje agyz hem gürlemeýär.

Isa oňa: ”Git-de, Siloýam howzunda ýuwun” (Ýohanna 9:7) diýýär. Ondan soňky bolup geçen zady adaty düşündiriş bilen düşündirip bolmaýar; ol hatda, XXI asyryň medisina ylmyndan hem ýokarydyr. Adam Isa tabyn bolup, gözündäki hapany ýuwsa, ol görüp biler![1]

Şol gün Hudaýyň Güýji aýdyň ýüze çykýar. Ýöne biz körüň gözüniň açylmagyndan-da uly zady görýäris. Biz Isanyň duýgudaşlygynyň güýjüni görýäris.

Isany suratlandyrmak üçin Mukaddes Ýazgyda hemmesinden köpräk ulanylýan söz: Ol “duýgudaşdy” diýen sözdür. Ol körleri, heýwere kesellileri, syrkawlary we açlary görende, Onuň olara “nebsi agyrdy” (Matta 9:36; 14:14; 15:32; 20:34; Mark 1:41; 6:34; 8:2-ä seret). Şol gün Isanyň duýgudaş ýüregi gaty gowy derejede görkezildi, sebäbi Ol adamyň mätäçligini gördi. Ol onda fiziki taýdan (*ol kördi*), ykdysady taýdan (*ol dilegçilik edýärdi*), emosional taýdan (*gedaýlara äsgermezçilik bilen garaýardylar, gowy bolan ýagdaýynda, olaryň ýagdaýyna gynanýardylar*), şeýle hem, ruhy (*ol günäkärdi*) mätäçligi gördi.

Şägirtler bu adama ruhulyk prizmasynyň üsti bilen seretdiler — ol günäkär adamdy. Köpler häzir entegem ruhy linzalary dakyp ýöreýärler. Edil olaryň “inspektor-Hudaýy” ilkinji nobatda günälerini görýän ýaly. Ýöne kabul edýän Isa adamlar bilen olaryň mätäç pursatynda, ruhy ýa-da ten islegli mätäçligi bolan şu wagtynda duşuşanyny gowy görýär.

Isa kör adama: “Eger sen Maňa öz Halasgäriň hökmünde iman etseň, onda Men seni bejerýärin” diýmedi. Soňrak Isa ol adama dogrudan hem duş gelýär-de, onuň ruhy durmuşyna degip geçýär, ýöne muny oňa şypa bereninden soň edýär. Isa agsak adama: “Men seniň bilen ylalaşyk baglaşmak isleýärin: eger sen Meniň bilen gatnaşykda bolsaň, onda Men seniň aýaklaryňy bejerýärin” — diýmedi. Isadaky söýginiň we kabul etmäniň güýji Onda adamlaryň ynsanlyk hem ruhy mätäçliklerine duýgudaşlyk oýardy, şonuň üçin Ol olaryň ikisine-de eglişik etdi. Bu Hudaýyň biziň her bir keselimize şypa berme kararyna gelýändigini aňlatmaýar; bu asla beýle däl. Ýöne hatda şonuň ýaly ýagdaýda hem, Ol Özüniň duýgudaş söýgüsini hem kabul etmesini görkezmäge taýýar.

Meniň (Şonuň) seminariýa birinji gezek gelenim ýadyma düşýär. Men basketbol komandany türgenleşdirmegi we Mukaddes Kitaby öwretmegi meýilleşdiripdim. Men Biola uniwersitetiniň kollejinde dört ýyllap basketbol oýnadym, şonda talyplaryň durmuşyna položitel täsir ýetirmäniň haýran galdyryjy usulyny görüpdim.

Çagalarymyz dogulmazyndan öň aýalym ýerli döwlet orta mekdebinde matematikany okadýardy. Onuň mekdebinde ýetginjekleriň basketbol klubynyň ýolbaşçysynyň iş ýeri açyldy, soň men oňa arza berdim. Men öten tomusda komanda bilen işledim we aýalym olaryň mugallymy bolany üçin oýunçylaryň köpüsini tanaýardym. Men bu türgenleşdiriji wezipesini almagy şeýle isläpdim! Özümiň ýaşdygyma garamazdan, bu komandany üstünlige höweslendirip biljekdigime ynamlydym.

Mekdep ýolbaşçylary bu işe öň özlerinde işlän mugallymy işe alma kararyna geldi. Men olaryň delillerine düşünýän bolsam-da, örän gynandym.

Isa bir tarapdan Öz Sözüni size Özi bilen ýygy-ýygydan duşuşyp bilmegiňiz, Özüne mätäç bolan mahalyňyzda Onuň siziň aladaňyzy näderejede edýändigini duýmagyňyz üçin berdi.

Aýalymyň işleýän mekdebindäki türgenleşdiriji bolup işlemekden gowy näme bolup bilerdi? Gynanyp ýörkäm biri maňa Rimlileriň 8-nji babyny okamagy maslahat berdi. Men 28-nji aýady ýatdan bilýärdim: "...ähli zatlaryň Hudaýy söýýänleriň, Onuň maksadyna görä çagyrylanlaryň bähbidi üçin birlikde işleýändigini bilýäris" (Rimliler 8:28). Men özümiň Hudaýyň saýlawyna ynanmagymyň gerekdigini bilýärdim. Men özümiň garaşsyz Hudaýa gulluk edýänimi, Onda hemme zadyň gözegçilik astyndadygyny bilýärdim. Şeýle-de bolsa, Ol meniň köpräk bilmegimi isleýärdi.

Men bu parçanyň üstünde oýlanyp ýörkäm, Hudaý ýüregime: "Şon, oglum, seniň şu wagtky başdan geçirýän zatlaryň Maňa çuň täsir edýär. Seniň türgenleşdiriji bolmak isläniňi Men bilýärin. Ýöne sen ynanaý, Men hemme zady seniň iň ýokary bähbidiň we Öz şöhratym üçin bolar ýaly ederin. Muny seniň geljegiňi bilýänim üçin ederin we saňa iň gowy zatlaryň hemmesini ýürekden isleýärin" — diýen ýaly boldy.

Şol pursatda maňa diňe bir Gudratygüýçli Hudaýy görmek gerek bolman, eýsem aladaçyl Atanyň söýgüsini duýmak hem gerek boldy. Indi yza nazar aýlanymda, türgenleşdiriji bolup işlemegimiň hökman bolmandygynyň köp sebäplerini görýärin. Öz durmuşymdaky her bir ownuk zada hem, aladaçyl Hudaýyň gatnaşanyna aklym haýran bolýar.

Isa bir tarapdan Öz Sözüni size Özi bilen ýygy-ýygydan duşuşyp bilmegiňiz, Özüne mätäç bolan mahalyňyzda Onuň siziň aladaňyzy näderejede edýändigini duýmagyňyz üçin berdi. Petrus bizi aladalarymyzyň hemmesini Hudaýyň üstüne ýüklemeklige çagyrýar, sebäbi "Ol siziň gamhoruňyzdyr" (1 Petrus 5:7).

Häzirkizaman mesihileriniň köpüsi, Isa ýerde bolan wagtynda Oňa galtaşanlaryň duýşy ýaly, häzirem Onuň duýgudaşlygyny duýmagyň mümkinmidigi baradaky soragy özlerine berýärler. Siziň: "*Ol Öz ýanynda ýaşanlar üçin elýeter hem kuwwatly boldy, ýöne men Onuň Sözüni okanymda, duýgudaşlygy nädip meniň üçin elýeter hem kuwwatly bolup biler*?" — diýip pikir etmegiňiz mümkin.

Isany Mukaddes Ýazgyda tanamaklygyň açary şu soraglardadyr: "Bu tekst Isanyň duýgudaş ýüregini nädip açýar?" we "Isa edil şu wagt meniň nämäni duýmagymy isleýär?" Bu iki soragy ýatda saklap, geliň, Ýazgynyň birnäçe parçasyna seredeliň.

## MERÝEMIŇ ISA BILEN DUŞUŞYGY

Olar üçin dostluk wajypdy. Isa üçin Merýem, Marta we Lazar (doganlar) gadyrly dost bolmaga eýediler. Isa olaryň Beýtaniýadaky öýüne köp bardy, olar bilen iýdi, olarda gije ýatyp gaýtdy. Isa Özüniň baranyna islendik wagtda-da olaryň şatdyklaryny bilýärdi. Olarda Isa üçin örän wajyp bolan dostlukly gatnaşyklar bardy.

Isa ýokka, Ol Beýtaniýadan takmynan bir günlük ýol aralykda uzakdaka, Lazar öler ýaly derejede syrkawlaýar. Uýalar: "Ýa Reb, Seniň eziz dostuň syrkaw ýatyr" (Ýohanna 11:3) diýip, Isa habar ýollaýarlar.

Ýöne Beýtaniýa ugramazyndan öň Isa ýene iki gün ol ýerde galdy. Şol wagtda Lazar öldi. Ýöne Reb näme etmelidigini bilýärdi. "Dostumyz Lazar uklap ýatyr, diňe şony oýarmak üçin gidýärin" (11-nji aýada seret) — diýip, Isa şägirtlerine aýtdy. Onuň maksady düşnüklidi; Ol ölini oýarmakçydy.

Isa Beýtaniýa golaý gelende, Marta Onuň öňünden çykmak üçin gitdi, Merýem öýde galdy. Bu wagt onuň doganynyň ölenine eýýäm dört gün geçipdi. Isany görende Martanyň aýdan ilkinji sözi: "Ýa Reb, Sen şu ýerde bolan bolsadyň, doganym ölmezdi" — (Ýohanna 11:21) — diýen söz bolupdy. Onuň Isanyň gijigip gelenine gynanýandygy görnüp durdy.

Marta Merýemiň ýanyna gaýdyp geldi-de, Isanyň ony görmek isleýändigini aýtdy. Merýem Isanyň ýanyna gelende, aglap, Onuň aýaklaryna ýykyldy-da, Martanyň aýdan sözlerini gaýtalady: "Ýa Reb, Sen şu ýerde bolan bolsadyň, doganym ölmezdi" (32-nji aýat).

Isanyň Mesihdigine we beýik Lukmandygyna uýalar ynanýardylar. Ýöne indi olaryň nukdaýnazarynda eýýäm juda giçdi. Merýemiň gözýaşlarynyň Isanyň öňräk gelmändigine gaty gynanýandygyny bölekleýin aňladan bolsa gerek. Ol mähriban doganyny ýitirendigini bilýärdi we Isanyň indi hiç zat edip bilmejegine ynanandyr.

Ýöne Rebbiň dostlary gussa gözýaşlaryny döküp durkalar, Ol adaty bolmadyk bir zady etdi. Isa aglady. Mukaddes Kitapdaky iň gysga aýat muňa şaýatlyk edýär. Ýönekeý, ýöne çuň taryhy hakykat — Isa aglady. Näme üçin? Ol birnäçe minutdan soň Lazary ölümden direltmek bilen olaryň gussasyny şatlyga öwürjekdigini bilýärdi. Şeýlelikde, Ol näme üçin ýa-da kim üçin aglady?

Isa Öz dosty Merýem üçin aglady. Ol ony gowy görýärdi, şonuň üçin onuň Özüniň göwnüni agyrdany Ony gynandyrdy. Merýeme Onuň ýüregi awaýardy, gaýgy gözýaşlary ony köşeşdirmelidi. Hawa, birnäçe wagtdan soň direlen doganyny görende, ony şatlygyň gurşap aljagyny bilýärdi. Ýöne şol wagta çenli oňa Isanyň duýgudaşlygy zerurdy. Şeýlelikde, beýik Göwünlik Beriji Merýemiň mätäçligini kanagatlandyrdy (2 Korintoslylar 1:24).

Bu gysga aýadyň Hudaýyň aladaçyl, teselli beriji ýüregini açyp görkezişini görýärsiňizmi? Ýekeje minut tapyň-da, oýlanyň. Pikirlenip görüň, Ol siziň Özi hakda nämäni bilmegiňizi isleýär? Ol özüniň köşeşdiriji galtaşmasyny duýmagyňyzy isleýärmi? Hudaýyň käwagt siz üçin aglaýanyny bilýärsiňizmi? Ýa-da Isa diňe Merýem atlylar üçin aglaýarmy? Siz gaýgy-hasrat çekeniňizde, Ol siziň bilen bile aglaýar. Onuň "düýn, şu gün we ebedilik Şoldugy" (Ýewreýler 13:8) dogrumyka?

Geliň, Mukaddes Ýazgydan ýene birnäçe parçalara seredeliň. Isa göge alynmazynyň öň ýanynda Öz şägirtlerine: "Arkaýyn

boluň, Men hemişe, tä dünýäniň ahyryna çenli siziň bilen bolaryn" (Matta 28:20-ä seret) diýýär. "Siz Mesihe iman edeniňizde, Özüniň birwagtlar wada beren Mukaddes Ruhuny bermek bilen sizi özüniňkiler diýip ykrar etdi" (Efesliler 1:13-e seret) — diýip, Pawlus aýtdy. "Onuň Mukaddes Ruhy ýüreklerimiziň jümmüşinde biz bilen gürleşip, biziň Hudaýyň çagalarydygymyzy aýdýar" (Rimliler 8:16). Eýsem, bu Göwünlik Beriji-Mukaddes Ruhuň — Özüne hemme zatdan-da beter mätäç bolan wagtymyzda ýanymyzda bolmaklyk — rolunyň bir bölegi dälmidir?

Eýsem, Isa Mukaddes Ruhuň Şahsyýeti arkaly häzir biziň bilen dälmidir? Bu gün biziň durmuşymyzda nämäniň bolup geçýändigi Onuň perwaýyna dälmikä? Eger bu şeýle bolsa, bu gürrüňsiz şeýle, onda Ol görgi göreniňizde we hasrat çekeniňizde siziň bilen bile aglaýar. Käwagt sizde söýgüli adamyňyzy ýitireniňizde, maliýe taýdan kynçylyk çekeniňizde, gatnaşyklaryň bozulmagyna gynananyňyzda ýa-da durmuşy synaglaryň agyrysyndan ezýet çekeniňizde Isanyň nirede bolandygy baradaky soragy beresiňiz gelýändir. Hakykat şeýledir, size gerek pursatynda Ol ýanyňyzdadyr, siziň bilen bile aglaýandyr, siziň bilen duşuşmak isleýändir.

Siz iman elini uzadyp, Isanyň tesellisini duýup bilýärsiňizmi? Käwagt biziň hemmämizde Marta bilen Merýem ýaly: "Ýa Reb, eger Sen ozal şu ýerde bolan bolsaň, men bu güne düşmeli bolmazdym" diýesimiz gelýär. Ol siziň meseläňizi tizara çözjegini bilýär. Ol "duşmanlaryny aýak astyna" saljak bolýar (1 Korintoslylar 15:25) we "indi ölüm, ýas, agy, agyry bolmaz ýaly" (Aýanlyk 21:4-e seret), siziň meseleleriňiziň hemmesini çözer. Ýöne häzir, şol ajaýyp gün gelýänçä, Isa siziň Özüni edil şu pursatda mätäç bolan aladaçyl hem teselli beriji Dostuňyz hökmünde kabul etmegiňizi isleýär

## PETRUSYŇ ISA BILEN DUŞUŞYGY

Eger Isanyň töwereginde haçan hem bolsa bir wagt basym karara gelýän adam bolan bolsa, şol hem Petrusdyr. Ol ikirjiňlenip durman,

balykçylyk kärini goýup, Rebbiň yzyna düşdi (Matta 4). Isa: "Siz Meni kim hasap edýärsiňiz?" — diýip soranda, hut Petrus Isanyň Mesihdigini yglan etdi (Matta 16:16).

Mugallymy öňde garaşýan hököm hem haça çüýlenme barada aýdanda, diňe Petrus Isa bilen jedelleşip bildi (Mark 8:32).

Petrus Isanyň has golaý adamlaryna degişlidi. Reb Petrusa, Ýohanna we Ýakuba ynanýardy. Ol olary daga, Özgerme dagy hökmünde tanyş bolan daga alyp gitdi, ol ýerde olara Musa bilen Ylýas göründi. Gönümel Petrus Isa, Musa we Ylýas üçin mukaddes çadyr gurmaga taýýardy (Matta 17). Ol özüniň Mesihiň yzyna eýerijidigini görkezmek üçin başgalardan köpräk zat etmäge mydama taýýardy.

Suwuň ýüzünden ýöräp gelýän Isanyň öňünden çykmak üçin hut Petrus gaýykdan çykdy (Matta 14). Öz aýagyny Isanyň ýuwmagyna mynasyp däldigini ol aýtdy. Soň Isa muny näme üçin edýändigini düşündirende, Onuň özüni ýuwmagyny indi Petrusyň özi isledi (Ýohanna 13). Petrusyň gowy taraplary bardy, ýöne ol impulsiw, sabyrsyz hem özüne ynamly adamdy. Käbir manysynda, belki, şu ony synagyň öňünde ejiz edendir.

Isa haça çüýlenilen wagtynda şägirtleriň hemmesi Isany terk etdiler, ýöne Petrus däl — iň bolmanda şobada terk etmedi. Özüne ynamly bolan Petrus: "Men Seniň üçin ölmäge-de taýýar" (Ýohanna 13:37) — diýdi we Isany goramakçy bolup, pyçagyna ýapyşdy (Ýohanna 18). Emma basyş wagtynda, gorky hem synag wagtynda Mesihiň yzyna eýeriji hökmünde tanalmagyň deregine ol Isany tanaýandygyny üç gezek inkär etdi (Mark 14).

Ýöne bu Petrusyň soňky taryhy däldi. Ol ençe gezek şowsuzlyga duş geldi. Belki, ol Isany tanaýanyny üç gezek inkär edeninden soň, özüni doly şowsuz adam hasap eden bolmagy mümkin. Emma Isa söýýänini inkär etmedi. Boş mazaryň ýanynda perişde aýallara Isanyň ölümden direlenini habar berende, ol "şägirtlere we Petrusa" ölümden direlen Isanyň özlerine görünjekdigini aýtmagy olara tabşyrdy (Mark 16). Isanyň perişdä Petrusyň adyny tutmagy

buýurmak bilen ony entegem söýýändigini we kabul edýändigini oňa düşündirmek isländir.

---

Synaglaryň hemmesiniň içinden geçmek bilen ahyrynda Petrusyň olardan ýeňiji bolup çykmagy geň zat däldir. Isa, Hudaýyň Ogly, Älemiň garaşsyz Rebbi hem Gudratygüýçli hut onuň üçin doga etdi.

---

Pentikost gününde, üç müňe golaý adamyň Mesihe iman eden gününde Petrus dogry adamyň zehinini görkezmegi dowam etdirdi (Resullaryň işleri 2). Ol gulluk etdi, agsagy sagaltdy, ybadathanada ders berdi, perişde tarapyndan türmeden azat edildi we ýygnaga iki sany Hudaý tarapyndan ruhlandyrylan haty ýazdy. Petrus hut birinji hatynda synaglary nädip ýeňip geçmelidigi baradaky pikiri beýan edýär. Muny öz Mesihiniň synaglar baradaky hatykaty yglan etmäge Hudaýdan ruhlanma alanyna garşy çykan adam etdi. Ol: "Bu synaglar diňe siziň imanyňyzy görkezmek, onuň berkdigini we arassadygyny görkezmek üçindir" (1 Petrus 1:7-ä seret) — diýdi.

Petrus çydamlylygyň we güýjüň nusgasy boldy. Ahyrsoňunda ol Mugallymy üçin jan berýänine begenip, ejir çekip öldi.

Şeýlelikde, impilsiw, özüne ynamly we ahlak taýdan pese düşen Petrusy näme güýjüň hem Mesih üçin batyrlygyň nusgasyna öwürdi? Munuň açary inkär etmezinden öň Isa bilen bolan duşuşykdady.

Isa Özüni Petrusyň inkär etjegini aýtmazyndan öň oňa: "Simun, Simun! Şeýtan sizi bugdaý kimin sowurjak bolup diledi. Emma Men imanyň kemelmesin diýip, seniň üçin doga etdim. Sen hem bir wagt öwrülip geleňde, doganlaryňa goltgy ber" (Luka 22:31–32) — diýdi. Oho! Petrusyň synaglaryň hemmesinden geçip, synaglara döz gelip, ýeňiji bolup çykandygy geň zat däldir. Onuň üçin hut Isa, Hudaýyň Ogly, Älemiň Hökümdary we Hökmürowan gudrat Görkeziji doga etdi. Ata nädip Öz Oglunyň dogasyna jogap

bermesin? Petrus Isanyň doga etme sanawyndady. Eger Hudaý Petrusyň tarapynda bolan bolsa, kim Oňa garşy çykyp biler?

Pikirlenmek üçin ýekeje minut tapyň. Isa siziň ruhy taýdan ösmegiňizi isleýärmi? Ol siziň synaglary ýeňip geçmegiňizi isleýärmi? Belki, Ol siziň üçin hem doga edýändir. Ýa-da Ol diňe Petrus atlylar üçin doga edýärmikä? Belki, siz syganlara duş gelmeli bolanyňyzda, Isa: "Atam, Öz çagam üçin Saňa ýalbarýaryn" diýýändir? Resul Ýohanna: "Atanyň ýanynda Töwellaçymyz, dogry bolan Isa Mesih bardyr" — diýýär (1 Ýohanna 2:1). Mukaddes Ruh hem yhlas bilen doga edýär, Onuň iňňildisini söz bilen beýan eder ýaly däl (Rimliler 8:26).

Bu tekstler Isanyň aladaçyl, duýgudaş ýüregi hakda näme diýýär? Eýsem, olar Onuň size ynanýandygyna şaýatlyk etmeýärmi? Ol sizden hiç wagt ýüz öwürjek bolmaýar. Ol siziň imanyňyzyň gowşamazlygy üçin doga edýär. Isanyň Petrus üçin doga edende: "Sen hem bir wagt öwrülip geleňde, doganlaryňa goltgy ber" (Luka 22:32) — diýmek bilen oňa ynanýandygyna üns beriň. Isa hemme zadyň üýtgejegine ynanýardy. Gep Petrusyň indi hiç haçan şowsuzlyga uçramajakdygynda däldi. Ýöne Mesihiň ölenine elli gün geçenden soň, oňa Mukaddes Ruhuň güýji berilýär we Mesihiň üsti bilen soňuna çenli ýeňýär.

Isa Özüniň siziň üçin edýän dogalaryna hem ynanýar. Onuň Ruhunyň güýji başdan geçirýän zatlaryňyzyň hemmesinden geçmegiňize kömek eder. Şeýlelikde, sizem Petrusyň edişi ýaly, Hudaýy şöhratlandyryp çykarsyňyz.

Dewid Fergýuson özüniň "Gatnaşyklaryň esaslary" atly kitabynda biziň öňümizde sorag goýýar:

> "Biz Isanyň dogasyna nädip, gorkup, Mesihe garşy çykan adamdan Pentikost gününde batyrlyk bilen şaýatlyk eden adama öwrülen Petrusyň edişi ýaly seredip bileris? Biz Petrusyň, inkär eden badyna

Isanyň gözlerine seredeninde, perişan bolanyny we toba gözýaşlaryny görýäris (Luka 22:61). Mesih ölümden direleninden soň, Onuň Petrusa aýratyn üns berenini (Mark 16:7) we ony berkidip, oňa Tiberiýa kölüniň boýunda tabşyryk berenini görýäris (Ýohanna 21:15–22). Diri Isa bilen bolan bu duşuşyklar Petrusa Mukaddes Ruhuň Hudaýlyk güýjüni almaga kömek etdi, şol güýç hem oňa Pentikost gününde ölümden direlen Mesih hakda batyrlyk bilen şaýatlyk etmäge mümkinçilik berdi.

Indi säginiň-de, Rebden öz durmuşyňyza goşmaça batyrlyk girizmegini haýyş ediň. Onuň siziň üçin, belki, hatda inkär etmäňiziň ýa-da dönükligiňiziň gyzgalaňly wagtynda-da, aýratyn alada etmegini soraň. Size nädip aýratyn üns berýänini görkezmegini Ondan haýyş ediň. Onuň Ruhunyň Öz durmuşyňyza zerur bolan şypany getirmegi we Petrusyň alan üýtgediji güýjüni bermek bilen gulluk bermegi üçin doga ediň"[2].

## ISA ÖZÜNI BIZIŇ NÄHILI GÖRMEGIMIZI ISLEÝÄR?

Hoş Habarlaryň dördüsem bize mätäç bolan wagtlarynda adamlara mydama kömek eden duýgudaş Isany açyp görkezýär. Ol geljek barada gürrüň etmegi we ünsüni geçmişde jemlemegi gowy görmeýärdi. Ol mätäçlere duýgudaşlyk bildirýärdi, şu günki durmuş bilen ýaşaýardy we adamlaryň mätäç zatlaryna kömek edýärdi. Bu geçmişiň sapaklarynyň we geljege bolan umydyň wajyp däldigini görkezmeýär. Ýöne biziň Hudaýymyz — hemme ýerde bar bolan Hudaýdyr. Isanyň ady "Emmanuel" bolup, bu "Hudaý biziň bilen" diýmegi aňladýar.

Onuň wagt saýlaýşy bize hemişe dogry bolup görünmeýän bolsa-da, Ol hiç haçan gijä galmaýar. Käbirleriniň wadalaryň ýerine ýetmegini talap etmek üçin ölümden direlmeli bolýandygyna garamazdan, Ol hiç haçan Öz wadalaryny ýerine ýetirmegi

bes etmeýär. Ol aç, görgi görýän, syrkaw we ölüm halyndaky çagalarynyň aladasyny edýän hakyky hem wepaly Dostdur. Ol biziň hemmämiziň ýaşamagymyz — onda-da ebedi ýaşamagymyz — üçin Öz janyny bermäge geldi.

Ýöne hemme zatdan öňürti Isa Özünde häzir ýanymyzda bolýan Rebbimizi hem Halasgärimizi görmegimizi isleýär. Mukaddes Ruhuň Şahsyýeti we güýji arkaly Isa biziň üçin doga etmek, biziň bilen aglamak, ýükümizi götermek, gaýgyda göwünlik bermek, berkitmek we bu mätäç hem azaşan dünýä Özüniň şaýatlary bolmagymyz üçin biziň bilen bolýandyr.

Hudaýyň Ruhunyň gudratly güýjiniň kömegi bilen Isa Özüni her gün duýmagymyzy isleýär. Ol Öz aklynyň biziň aklymyz bolmagyny isleýär. Ol Öz durmuşynyň biziň durmuşymyz bolmagyny isleýär. Isa Öz şägirtleri üçin bolşy ýaly, biziň üçin hem Atasyna doga etdi. Ol: “Meniň dünýäden bolmaýşym ýaly, olar-da dünýäniň bir bölegi däldirler. Olary Öz sözleriň hakykatyny öwretmek bilen arassala we mukaddes et... Olaryň hemmesi bir bolsun. Ata, Seniň Mende, Meniň-de Sende bolşum ýaly, olar-da bizde bolsun, şeýlelikde, Meni Seniň iberendigiňe dünýä iman eder” (Ýohanna 17:16–17, 21-e seret) diýip doga etdi. Şu pursatda siziň mätäçlikleriňizi kanagatlandyrmak üçin şu ýerde bolan kabul ediji hem duýgudaş bolan Isany kabul ediň. Ol siziň Özüni duýmagyňyzy isleýär.

Bu babyň ahyrynda Isanyň dogasyna Pawlusyň Efesdäki Mesihiň yzyna eýerijiler üçin eden güýçli dogasyny hem goşmak bolar. Ünsli okaň. Hudaý tarapyndan ruhlandyrylan bu sözleriň ýüregiňiziň jümmüşine ýetmegine ýol beriň. Mukaddes Ýazgydaky hakyky Isany duýuň.

> “Hudaýyň akyldarlygy we meýilnamasynyň masştaby hakda pikir edenimde, men dyza çöküp, Atama, bütin ýeriň-gögüň Ýaradyjysyna doga edýärin. Özüniň şöhratly, çäklendirilmedik resurslaryndan Ol

Mukaddes Ruhunyň üsti bilen size içki kuwwatly güýji bersin diýip doga edýärin. Oňa ynanyşyňyza görä, Mesihiň siziň ýürekleriňizde gitdigiçe köp ýaşamagyny dileýärin. Goý, siziň kökleriňiz Hudaýyň ajaýyp söýgüsiniň topragyna çuň gitsin. Goý, sizde Hudaýyň ähli adamlarynda bolşy ýaly, Onuň söýgüsiniň aslynda näderejede giňdigine, uzyndygyna, nähili beýikdigine we nähili çuňdugyna düşüner ýaly güýç bolsun. Hudaýyň söýgüsi şeýle beýik bolsa-da, oňa dolulygyna hiç haçan düşünmeýän bolsaň-da, ony duýmagyňy dileýärin. Şonda siz Hudaýdan çykýan durmuşyň dolulygyndan we güýçden dolarsyňyz.

Hudaýa şükür! Özüniň biziň içinizde hereket edýän kuwwatly güýjüniň kömegi bilen Ol biziň haçan hem bolsa bir wagt soramaga het edip ýa-da umyt edip biljek has uly zatlarymyzy etmäge ukyplydyr. Imanlylar ýygnagy we Isa Mesih arkaly, goý, Hudaýa nesillerboýy ebedilik şan-şöhrat bolsun! Omyn” (Efesliler 3:14–21-e seret).

5-NJI BAP

# MUKADDES ÝAZGYNY BAŞGALAR BILEN DUÝMA TEJRIBESI

Mal ýatagynyň üçeginiň üstiniň ýarymy uçup gidipdir. Äpişgeleriň käbirleri döwlen. Bir tarapyň bezegleri gopup gutarypdyr diýen ýaly, ondan galan azajyk bölekler bolsa, solupdyr we soýulyp durdy. Gapy asylyp durdy, bu bolsa, tutuş fundamentiň berkliginiň şübhelidigini görkezýärdi. Guran ýapraklaryň we geçen ýyllaryň dowamynda ýeliň getiren hapalarynyň gatlaklary bilen örtülen ýerde haşal otlaryň ähli görnüşleri ösüp otyrdy.

Kakam uly gyz doganlaryma we maňa eli bilen görkezip, munuň 120 ark meýdanly süýt fermasy bolandygyny, Miçigan ştatyndaky Ýunion-Sitide ýaşanda bu ýeri öz öýi diýip atlandyrandygyny gürrüň berip durka, men (Şon) bu harabalyga seredip durdum. Men köne mal ýatagyna, mallaryň şübheli gyşaryp duran ahyryna, ot basan meýdanlara seretdim we 1940-njy ýyllaryň başlarynda bu ýeriň nähili bolandygyny göz öňüne getirmäge synanyşdym.

Kakam öz uly gyz doganynyň olara myhmançylyga gelşini we jaýyň arka tarapyndaky ýerde oňa öýüň doňdurmasyny taýýarlamaga kömek edişini ýatlady. Ol öz ejesiniň bütin Miçiganda iň gowy kök piwosyny gaýnadandygyny, özüniň oňa ezilen arpa übtükleriniň erginini ene-atasynyň rugsat edişiçe içenini aýtdy. Joşuň bu ýerde doganlarym bilen meniň görýän zatlarymdan has köp zady görýändigi aýdyň görünýärdi. Biz diňe ýöne bir harabaçylygy

görýärdik, ol bolsa, hakyda prizmasynyň üsti bilen bu ýer bir wagtlar nähili bolan bolsa, şonuň ýaly hem görýärdi.

Biz ahyra tarap barýarkak, Joşuň hereketleri düýbünden üýtgedi. Öý doňdurmasy we kök piwosy baradaky ýakymly pikirler uçup gitdi. Aslynda kakamda bagtly çagalyk ýatlamalary azdy. Biziň gyşaryp duran mal ýatagyna ýetmegimize birnäçe metr galanda, ol birden saklandy. Içinde ýel aýlanyp duran köne jaý oňa 50 ýyl mundan öň salnan çuň emosional ýarany gozgady[1].

Şenbe gününiň ertiridi. Meniň (Joşuň) 11 ýaşym dolupdy. Men daň atmanka geýindim-de, işçiler gelýänçä, ertirine etmeli işlerimi howlukmaç edip gutardym.

Erkek adamlaryň bir topary ene-atamyň fermasyndaky kiçiräjik öýi täze ýere göçürmäge taýýarlap, ony galdyrmagyň üstünde birnäçe günläp işledi. Uly doganym Uilmont ony ejem-kakamyň garşysyna gidip, başga ýere göçürdi. Uilmont kakam bilen gazaply duşmançylykda boldy, şeýdip, olaryň ýowuz ýigrenji maşgala fermasynyň ýarymy ugrundaky doly masştably urşa ýazdy. Kakamyň üstünden suda şowly arz eden Uilmont şol gün ertir şerif, onuň kömekçisi we oňa jaýy göçürmäge rugsat berýän suduň karary bilen geldi.

Ýöne men, güýjümde baryny edip, dawadan daşda bolmaklyga çalyşdym. Men kakam bilen doganym sögüşseler muny gaty ýigrenýärdim, olar bolsa, mydama sögüşýärdiler. Bu gün men bütin jaýy ýoldan süýredip äkidişlerinden ýöne bir lezzet almakçydym. Bu bolsa, 11 ýaşly akyl üçin aýlanyp ýörýän sirkden-de gyzyklydy.

---

Men masgaraçylykly sahnalardan gaçyp, goňşy mal ýataga girdim. Yzymdan gapyny tarkyldadyp ýapyp, mekge goýulýan ýere çykdym we boýnuma çenli gury mekge başlaryna gömüldim.

---

Jaýy traktorlara dakanlarynda, hemişe bolşy ýaly serhoş bolan kakam Uilmonta gygyryp başlady. Şerif bolaýjak biderek zatlaryň öňüni almak üçin yraň atyp duran kakama tarap derrew ýöredi.

Ýöne eýýäm juda giçdi. Kakamdan şunuň ýaly hereketlere garaşan doganym özüne ahlak kömegini berer ýaly, kiçiräk fermerçilik jemgyýetimizdäki köp sanly maşgalalaryň öz ýanynda bolmagynyň aladasyny edipdir. Olaryň köpüsi, şerif kakamy tutup durka, oňa gygyryp hapa sözleri aýtdylar.

Men bu zatlaryň hemmesini uly gorky bilen synlap durdum. Dawalaryň ulalmagyndan gorkan we biziň maşgala duşmançylygymyzyň dostlarymyň we goňşularymyzyň gözleriniň öňünde bolup duranyna kemsinen men masgaraçylykly sahnalardan gaçyp, goňşy mal ýataga girdim. Yzymdan gapyny tarkyldadyp ýapyp, mekge goýulýan ýere çykdym we boýnuma çenli gury mekge başlaryna gömüldim.

Garaňkyda, ümsümlikde we ýekelikde ýatyrkam, utanjym haýaljakdan gahara ösüp geçdi. Kakamyň serhoşlugynyň öýümizdäki şunuň ýaly agzalalyga alyp barandygyna gaharlandym. Onuň seýrek ýagdaýda serhoş bolman ýöreýändigi, munuň bolsa ejemde şeýle agyry döredýändigi gaharymy getirýärdi. Ýöne hemmesinden beterem men özümi ýalňyz duýýardym.

Men mekgäniň içinde birnäçe sagat ýatan bolsam gerek. Meni hiç kimem gözlemedi. Meniň ýitenimi hiç kim duýmadygam ýaly bolup görünýärdi. Men özümi unudylan hem taşlanylan duýdum[2].

Häzir, elli ýyldan gowrak wagt geçeninden soň, kakam şol eýmenç günüň çogup çykýan ýatlamalaryndan ýaňa ysmaz bolan ýaly bolup göründi. Onuň ýüzünden gözýaş akdy. Doganlarym bilen men onuň taryhyny bilýärdik, şonuň üçin oňa näme bolýanyna derrew düşündik. Biz onuň ýanyna baryp, üçimizem ony gujakladyk. Kakam gözýaşlaryny gizlemän aglady, bizem onuň bilen bile agladyk.

## HUDAÝ GATNAŞYKLARA BOLAN TALABY NÄHILI KANAGATLANDYRÝAR

Şol gün ejir çekýän ata bilen onuň üç sany ullakan çagasynyň arasynda näme bolup geçdi? Men (Şon) Joşuň agyryly ýatlamalaryna nämedir bir zat ederden özümi ejiz duýdum. Adama geçmişiň ýaralaýjy ýatlamalaryna hötde gelmäge nädip kömek etmelidigini biziň hijimizem bilmeýärdik. Muny Hudaýyň eline bereniň gowy ýaly bolup görünmegi-de mümkindi. Sebäbi Mukaddes Ýazgyda Hudaý "hamala bir zada zar ýaly, Oňa adam eli bilen gulluk edip bolmajakdygy, sebäbi hemmelere diriligi, demi we ähli zady Onuň Özüniň berýändigi" (Resullaryň işleri 17:25) aýdylýar. Şundan Onuň biziň ähli talaplarymyzy kanagatlandyrýandygy düşnüklidir.

Ilki seredeniňde biz agyryly ýatlamalary ýene başdan geçirende ejir çekýän adama kömek edip bilmejek ýaly bolýarys. Belki, bu dogrudanam Hudaýyň özbaşdak hötde gelip biljek meselesidir. Onuň biziň kömegimize mätäç däldigi anykdyr. Belki, biziň etmeli işimiz Joşa islendik — geçmişdäki we häzirki — agyra şypa berip bilýän Beýik Lukmany görkezmekde jemlenendir. Sebäbi elimizi ýüregimize goýup aýdalyň, eýsem bize durmuşda hakykatdan gerek zadyň hemmesi Isa dälmidir? Käbirleri resul Pawlusyň özüniň bar güýjüniň Mesihdedigi barada aýdan sözlerini görkezýärler, bu bolsa, bize diňe Isanyň gerekdigini subutnamasydyr: "Maňa kuwwat berýän Isa Mesih arkaly ähli zady başarýaryn" (Filipililer 4:13). Bolany şumy? Adamlar ejir çekenlerinde we mätäç bolanlarynda biz olara diňe Hudaýy görkezäýmelimi?

Käbirleri Filipililere hatdan alnan bu parçanyň, eger başgalaryň goldawyna mätäç bolsak, eger hemme zada eýe bolan Hudaýa mätäç bolsak, onda ruhy taýdan ejizdigimizi göz öňünde tutýandygyny aýdýarlar. Ýöne teksti doly okamaklyk munuň tersine bolan zady subut edýär. Pawlusyň 13-nji aýatdan soň derrew: "Her nähili bolsa-da, meniň muşakgatlaryma şärik bolup, gowy etdiňiz... siziň ýygnagyňyzdan başga ýygnak maňa maddy kömegini beren

däldir... Salonikde ... maňa gaýta-gaýta kömegiňizi ýetirdiňiz" (Filipililer 4:14,16) — diýýär. Pawlusyň habary şeýledi: "Men hemme zady Mesihiň üsti bilen edýärin, sizi bu prosese çekmegim Oňa ýaraýar". Hudaýyň öz mätäçliklerimizi kanagatlandyrmanyň çeşmesi bolup durýandygy anykdyr, ýöne Öz güýjüniň we söýgüsiniň akabasy hökmünde mätäçlikleri kanagatlandyrma gullugyna başgalaryň çekilmegini Ol halaýar.

"*Ýygnak hiç haçan ýeke däldir*" diýen kitabynda Dewid Fergýuson şeýle belleýär: "Mesihiň taglymatyndan we durmuşyndan biziň biri-birimize mätäçdigimiz düşnüklidir. Hudaý Özüniň akyl ýetmezek akyldarlygynda biziň gatnaşyklara bolan talabymyzy söýgi gatnaşyklarynyň üsti bilen kanagatlandyrma kararyna geldi. Hudaýyň buýrugy boýunça biz söýme we Hudaý hem adamlar tarapyndan söýülmäge ukyply bolup dogulýarys. Eger bu ölçegleriň biri ýok bolsa, onda biz Beýik Tabşyrygy ýerine ýetirmeris"[3].

Gyz doganlarym bilen kakamy gujaklap aglanymyzda, ol biziň berip biläýjek zatlarymyzdan köp teselli aldy. Hudaý biziň üstümiz bilen adatdan daşary usulda ony köşeşdirdi. "Bizem başgalara teselli berip biler ýaly, Hudaýyň bize betbagtçylyklarymyzda teselli berýär. Olar gynananlarynda biz olara Hudaýyň özümize beren tesellisi ýaly teselli berip bilýäris" (2 Korintoslylar 1:4-e seret) — diýip, Pawlus aýdýar.

Her bir adam haýsydyr bir pursatda fiziki, emosional ýa-da ruhy kynçylyklary başdan geçirýär. Şonda biz olar bilen Rimliler 12:15-i başdan geçirip, "aglaýanlar bilen aglap" bileris. Biz ejir çekýänler üçin Hudaýyň teselli hem şypa akabasy bolýarys. Şol pursatda adam diňe bir biziň göwünlik beriji sözlerimizi ýa-da galtaşmalarymyzy duýman, eýsem Hudaýyň Özüni-de duýýarlar. Gep Onuň görgi görýänleri göni köşeşdirip bilmeýändiginde däl — Ol muny edýär. Gep biziň üstümiz bilen Öz tesellisiniň bir bölegini geçirýänine Onuň şatdygyndadyr. Pawlusyň aýdyşy ýaly, "Biz Mesihiň ilçileridiris, şoňa görä-de, Hudaý siziň bilen gürleşmek üçin bizi ulanýar" (2 Korintoslylar 5:20 seret).

## MUKADDES ÝAZGYNY "BIREK-BIREK BILEN" DUÝMAGYŇ TEJRIBESI

Biz Rimliler 12:15-däki — "aglaýanlar bilen aglaň" — nesihata eýerenimizde, aslynda birek-birege göwünlik bermek baradaky Mukaddes Kitap hakykatyny duýýarys. "Biri-biriňiz" sözüne degişli bolan Mukaddes Kitap hakykatlary başga-da köp. Täze Ähtde "biri-biriňiz" sözi yzyndan gelýän işlikleriň utgaşmasyna, az bolanda, 35 gezek duş gelýäris. Bu Mukaddes Kitap parçalaryny başgalar bilen göni manysynda duýanymyzda, Mesih ýaly ýaşaýarys we Mesihiň bizi söýşi ýaly söýýäris. Pawlus: "Rebbiň Ruhy bizde hereket etdigiçe biz Oňa köpräk meňzeýäris we Onuň şöhratyny has-da köp şöhlelendirýäris" (2 Korintoslylar 3:18-e seret) diýýär.

Biz, mysal üçin, Mesihiň tebigatynyň mylaýym, pes göwünli hem hemme zady bagyşlaýjy bolandygyny bilýäris. Mukaddes Ýazgy birek-birege mylaýymlyk (Efesliler 4:2), birek-birege pes göwünlilik (1 Petrus 5:5) we birek-birege bagyşlama (Kolosiýalylar 3:13) görkezmek bilen Mesihiň şu häsiýetlerine laýyklykda ýaşamagy nesihat berýär. Içinde "birek-biregi" diýen sözler ulanylýan parçalary deňeşdirenimizde, biziň maşgalamyz, dostlarymyz we töweregimizdäki dünýä bilen Mukaddes Ýazgynyň haýsy sözlerini duýmagymyzyň Hudaýa ýaraýandygy barada has aýdyň düşünjäni alýarys. Mukaddes Ýazgydan alnan ýerleriň aşaky sanawyna serediň, şol ýerleri başgalar bilen duýmak mümkindir.

### Mukaddes Ýazgydaky "birek-birek bilen" duýmak mümkin bolan parçalar.

1. Biri-biriňizi söýüň (Ýohanna 13:34).
2. Biri-biriňizi kabul ediň (Rimliler 15:7).
3. Biri-biriňizi bagyşlaň (Efesliler 4:32; Kolosiýalylar 3:13).
4. Biri-biriňize mähirli boluň (Efesliler 4:2).
5. Biri-biriňize garşy kiçigöwünliligi geýniň (1 Petrus 5:5).
6. Biri-biriňiz bilen aglaň (Rimliler 12:15).

7. Biri-biriňiz bilen agzybirlikde ýaşaň (Rimliler 12:16).
8. Biri-biriňizi ýazgarmaň (Rimliler 14:13).
9. Biri-biriňize sabyrly boluň (Efesliler 4:2).
10. Biri-biriňize öwrediň (Kolosiýalylar 3:16).
11. Biri-biriňize salam beriň (Rimliler 16:16).
12. Biri-biriňize garaşyň (1 Korintoslylar 11:33).
13. Biri-biriňiziň aladaňyzy ediň (1 Korintoslylar 12:25).
14. Bizi-biriňize hyzmat ediň (Galatýalylar 5:13).
15. Biri-biriňize mähriban boluň (Efesliler 4:32).
16. Biri-biriňize wepaly boluň (Rimliler 12:10).
17. Biri-biriňize gamhor boluň (Efesliler 4:32).
18. Biri-biriňizi ruhlandyryň (1 Salonikliler 5:11).
19. Biri-biriňize tabyn boluň (Efesliler 5:21).
20. Biri-biriňizi sylaň (Kolosiýalylar 3:13).
21. Birek-biregi söýgi bilen höweslendiriň (Ýewreýler 10:24).
22. Birek-birege myhmansöýer boluň (1 Petrus 4:9).
23. Ruhy sylaglaryňyzy biri-biriňize gulluk etmek üçin ulanyň (1 Petrus 4:10).
24. Biri-biriňiz bilen şatlanyň (Rimliler 12:15; 1 Korintoslylar 12:26).
25. Biri-biriňizi ýamanlamaň (Ýakup 4:11).
26. Biri-biriňizden şikaýat etmäň (Ýakup 5:9).
27. Günäleriňizi biri-biriňiziň ýanyňyzda boýun alyň (Ýakup 5:16).
28. Biri-biriňiz üçin doga ediň (Ýakup 5:16).
29. Biri-biriňiz bilen gatnaşykda boluň (1 Ýohanna 1:7).
30. Biri-biriňizden üstün bolmaň (1 Korintoslylar 4:6).
31. Biri-biriňiziň ýüküňizi göteriň (Galatýalylar 6:2).
32. Birek-birege hormat goýuň (Rimliler 12:10).
33. Biri-biriňize bagly boluň (Rimliler 12:5)
34. Biri-biriňize sylaşykda boluň (Rimliler 12:10).
35. Biri-biriňize teselli beriň (2 Korintoslylar 1:4).

## GALATÝALYLAR 6:2-NI DUÝMALY BOLANYMDA, MENIŇ ÇEKEN KYNÇYLYKLARYM

Eýýäm 3-nji we 4-nji baplarda aýdylyp geçilişi ýaly, Mukaddes Ýazgydaky hakyky Isany görmek üçin, Ol baradaky takyk Mukaddes Kitap düşünjesini almak zerurdyr. Munuň üçin köplenç geçmişdäki ýa-da häzirki adam gatnaşyklary tarapyndan döredilýän gyşyk görkezýän linzalary bir gyra goýup, Mukaddes Ruhuň Hudaýyň Kimdigi we Onuň bize nähili seredýändigi baradaky anyk şekili görkezmegine ýol bermek zerurdyr. Mukaddes Kitap aýatlaryny başgalar bilen bile duýmak babatda-da şular dogrudyr. Biz olary netijeli duýup biler ýaly, "biri-birimiz" barada gürrüň edilýän bu parçalaryň tekstdäki we maglumat beriji manylaryny açmalydyrys.

Mysal edip, biri-birimiziň ýükümizi götermelidigimiz barada gürrüň berilýän ýer bolan Galatýalylar 6:2-ni alýarys. Özümiň (Joşuň) çagalyk ýyllarymdaky gatnaşyklaryň erbet bolandygy sebäpli, mende bu aýat barada nädogry düşünje döräpdi.

Men arakhoruň öýünde ulaldym we özümi alyp barmanyň meni psihologlaryň "halas ediji" diýip atlandyrýan adamy eden modelini emele getirdim. Her gezek kakamyň ejeme azar berjek bolýanyny görenimde, men goşulýardym-da, oňa ýamanlyk edilmeginiň öňüni alýardym. Bu meniň üçin bütin ömrüme psihologiki hem emosional model bolup galdy. Men mydama ejir çekýänleri halas etmäge çalyşdym.

---

Biziň hemmämizem öz üstümizden basýan ýagdaýlara düşýäris, şonda kynçylyklarymyzda goldamak üçin başgalaryň hem, Galatýalylar 6:2-ni biziň bilen bile duýmaklary Hudaýa ýaraýar.

---

Men mesihi bolanymda, munuň sagdyn däldigine akyl ýetirmeýärdim-de, özümi alyp barmanyň bu sagdyn däl modelinde

ýaşamagy dowam etdirýärdim. Her gezek kimdir biriniň göwnüne deglenini görenimde, meniň endigim işläp başlaýardy. Men duýgudaşlyk görkezýärin, Hudaýyň söýgüsini görkezýärin diýip pikir edýärdim. Men: "Birek-biregiň ýüküni göterip, Mesihiň kanunyny berjaý ediň" (Galatýalylar 6:2) diýen parçany okanymda, adamyň meselesini çözmäniň, ondan islendik ýüki aýyrmanyň emosional jogapkärçiligini duýdum. Men "Mesihiň kanunyny" ýerine ýetirýärin we şeýle etmek bilen Onuň etjek zadyny edýärin diýip pikir edýärdim. Aslynda men özüme zyýan getirýän ekenim we köplenç ýagdaýda adama aýy dostlugyny görkezýän ekenim. Bu zatlaryň hemmesi Hudaýyň söýgüsini özümiň gyşyk görkezýän "halasgär" linzamyň üsti bilen görendigimdedi.

Muny aýdyň görmek üçin maňa başgalaryň kömegi gerek boldy. Men Mukaddes Ýazgynyň başga adamyň ýüküni götermekligiň onuň meselesi ýa-da agyrysy üçin jogapkärçiligi öz üstüme almalydygymy öwretmeýänini bildim. Aslynda bu adamyň ýanynda ýöräp, oňa agramyny götermäge ýumşaklyk bilen kömek etmegi aňladýardy. Başgalaryň ýüküni götermeklik *olaryň meseleleri üçin jogapkärçiligi öz üstüňe almagy* aňlatmaýar; *bu olaryň öňünde jogapkär bolmaklygy* — agyrylarynda ýa-da kynçylyklarynda köşeşdirmegi, ruhlandyrmagy we goldaw bermegi aňladýar.

Hawa, Galatýalylar 6:2-de biziň "biri-birimiziň ýükümizi götermelidigimiz" ýazylypdyr. Mundan bary-ýogy üç aýat soňdaky parça meniň durmuşymdaky öwrülişik pursatynyň açary boldy. Galatýalylar 6:5-de: "her kim öz ýüküni özi götermelidir" — diýip ýazylypdyr.

Ilki munuň bulaşyk ýaly bolup görünmegi mümkin, ýöne, "ýük" bilen "agramyň" arasynda wajyp tapawudyň bardygyny hasaba alsaň, hemme zat düşnükli bolýar. "Ýük" düşünjesini aňlatmak üçin ulanylan grek sözi "*agramy*" aňladýar. Isa üzümçilikde işläp, "günüň ýüküni, yssysyny çeken" (Matta 20:12) zähmetkeşleri suratlandyranda şu sözi ulanýar. Bu agyr ýükdi.

Biziň hemmämizem öz üstümizden basýan ýagdaýlara düşýäris, şonda kynçylyklarymyzda goldamak üçin başgalaryň hem Galatýalylar 6:2-ni biziň bilen bile duýmaklary Hudaýa ýaraýar. Egninde agyr pürsi göterip barýan adamyň keşbine seredeliň. Indi onuň ýanynda iki dostunyň gidip barýanyny göz öňüne getiriň. Olar pürsüň iki tarapyndan aşagyna girip, ýüki götermäge kömek edýärler. Biz şikesiň, keseliň, işimizi ýa-da söýgüli adamymyzy ýitirmäniň agramy astyna düşenimizde, bize goltgy gerek bolýar; bize agyr ýükümizi çekmäge kömek etjek başga adamlar gerek bolýar.

5-nji aýatda Pawlus ýüki ýa-da agramy aňlatmak üçin başga sözi ulanýar. Ol: “Sebäbi her kim öz ýüküni özi götermelidir” (Galatýalylar 6:5) diýýär. Bu ýerdäki grek sözi “*ýeňil agramly*” bir zady, esgeriň bir wagtlar söweş meýdanynda ýanynda azyk salyp göteren torbasynyň agramy ýaly agyrlygy aňladýar. “Gündogar terjimede” (*https://bibleonline.ru/bible/cars/*) has dogry terjime berilýär: “...sebäbi her kim öz ýüküni göterýär” (Galatýalylar 6:5). Başga sözler bilen atýsak, bu agram — size berlen tabşyrykdyr, ony çekmeklik bolsa — diňe siziň jogapkärçiligiňizdir. Bu Pawlusyň: “Şeýlelikde, her birimiz Hudaýyň öňünde özümiz üçin jogap bereris” (Rimliler 14:12) — diýende aýdýan pikiridir.

Biziň hemmämizde-de şahsy borçlarymyz bar — uzakdan görüjilik bilen garamazlyk, nädogry saýlaw etmek ýa-da bolgusyz gatnaşyklary gizlemek bilen — şolara hötde gelip bilmedik ýagdaýymyzda onuň netijelerini boýun almalydyrys. Adamlaryň jogapkärçiliksizlik bilen eden hereketlerine goşulmak we tebigy hem düzedişli netijeleri aradan aýyrmak bilen olary gymmatly sapaklardan — olaryň geljekki ösüşi we kämilligi üçin aýgytly ähmiýeti bolup biljek sapaklardan — mahrum edip bolýandyr.

Hudaýyň Sözünden alan aýanlygymyň özüm üçin näderejede gymmatly bolandygyny men söz bilen beýan edip bilmeýärin. Galatýalylar 6:2-ni başgalar bilen duýmaklygyň başga adamlar *üçin* meniň jogapkärçilik çekmegimi aňlatmaýandygyna düşünenimde,

başgalaryň *öňünde* — aýratynam, ejir çekenleriň öňünde — jogapkärçilik çekmekden azatlyk aldym. Soň men Hudaýyň duýgudaşlyk bilen ruhlandyrmasynyň we goldawynyň meniň üstüm bilen başgalara akmagynyň mümkinçiligini gözläp başladym.

Şonda men şeýle etmek bilen Galatýalylar 6:2-ni, Hudaýyň oýlap tapyşy ýaly, başgalar bilen duýýandygyma düşündim[4].

## ÝEWREÝLER 10:24-I KIMDIR BIRI MENIŇ BILEN DUÝANDA

Siz haçan hem bolsa bir wagt aljyraňňy bolup gördüňizmi ýa-da ýöne bir sustupes ýagdaýda bolup gördüňizmi? Biziň hemmämizem dumuşda lapykeçlige duş gelip, käwagt hatda birazajyk wagtlyk umydymyzy hem ýitirip bilýäris. Öňräk men (Şon) ruhdan düşüp, kömege mätäç boldum.

Men öz gullugymyň web-saýtyny goýberip, ýaşlar we ýaşlaryň liderleri gyzykly bolup durýan blogy alyp baryp we aktual temalardaky makalalary çap edip başladym. Olaryň köpüsi Mukaddes Kitaba esaslanýan, häzirki ýaşlaryň duş gelýän etiki çözgütlere degişlidi. Şol soraglaryň käbirleri diýseň jedelli bolup biler.

Men mydama Hudaýyň Sözüniň hakykaty babatda biz hiç haçan eglişik etmeli däldiris diýip hasap edýärin. Şeýle-de bolsa, belli bir pozisiýany eýeläp, biz "hakykaty söýgi bilen aýdyp, bedeniň Başy bolan Mesih ýaly hemmetaraplaýyn ösmäge" (Efesliler 4:15) borçludyrys. Muny ýerine ýetirmek üçin, aýratynam, öz çap eden zatlarymy meniň gymmatlyklarym bilen ylalaşmaýan köp adamlaryň okajakdygyna düşünenim üçin, mümkin bolan zatlaryň hemmesini etdim.

Bir gezek dostum meniň leksiýalarymyň birini ýazgy edip, ony ýüzlerçe ýaşlar ruhy çopanlaryna ugratma kararyna gelipdir. Mesele onuň meniň giňişleýin hem jedelli tema boýunça aýdan zatlarymyň 60 sekunda golaý wagtyny ýazandygyndady. Dostum gowulyk etjek bolupdy we maňa kömek etmek isläpdi, ýöne meniň düşündirişlerim kontekstde däldi. Men gazaply tankyda duçar boldum.

Meni öňem tankytlapdylar, ýöne häzir hemme zat başgaçady. Meni nadan, manipulirleýän, ýigrenýän, mesihi däl, gorky dörediji adam ýaly edip, — agyzlaryna gelenini aýdyp — üstüme hüjüm etdiler. Men hatda özümiň şol zatlardygymy bilmeýärdimem. Ýöne, eger adamlar meniň leksiýamy doly gören bolsalar, onda meniň aslynda nämäni göz öňünde tutanymy bilerdiler. Şonuň üçin men özümi adalatsyz tankytlanylan duýdum.

Başda bu basyş meni tapdan düşürdi. Gaty agyr degdi, dogrymy aýtsam, bu barada Stefanä gürrüň berenimde, gözüme ýaş hem aýlandy. Ol, elbetde, maňa göwünlik berdi. Maňa diňe öňe gitmek gerekdi. Ýöne men özüme nädogry düşünendiklerine gaty gynanýardym, şonuň üçin ruhdan düşdüm.

Men Twitterde: "Tankydyň üstüňden, edil gazyň üstünden suwuň aýrylyşy ýaly, aýrylmagy üçin nädip deriňi has galyň edip bolýar?" diýen habary ugratma kararyna geldim. Dostum meniň bilen habarlaşdy. Ol: "Şon, saňa galyň deri gerek däl diýip pikir edýärin. Ejir çekmeklik — hakyky şägirtligiň alamatydyr" — diýip ýazypdyr. Şonda ol meniň pikirimi Petrusyň: "Mesihiň ady sebäpli kemsidilýän bolsaňyz, bagtyýarsyňyz, çünki Hudaýyň şöhratly Ruhy sizde mesgen tutandyr. Ýöne sizden hiç kim ganhor ýa ogry, jenaýatçy, ýa şugulçy bolup görgi görmesin ... Kim mesihi bolup görgi görýän bolsa utanmasyn. Ol bu at bilen Hudaýy şöhratlandyrsyn... Munuň üçin Hudaýyň islegi bilen görgi görýänler hem ýagşylyk edip, janlaryny dogruçyl Ýaradana tabşyrmalydyr" (1 Petrus 4:14, 16, 19) — diýen sözlerine gönükdirdi.

Meniň dostum näme etdi? Ol meniň keýpimi göterdi, meni položitel maksada höweslendirdi, maňa ruhlandyryjy sözleri aýtdy. Şeýdip, ol meniň bilen Ýewreýler 10:24-i bile duýdy:

> "Ünsli bolup, birek-biregi söýgi, oňat işler üçin gaýrata galdyryjak bolalyň".

Men, elbetde, 1 Petrusyň 4-nji baby hakda bilýärdim. Ýöne Hudaý meniň bilen bile Ýewreýler 10–24-i duýan wepaly dostumyň üsti bilen ruhlandyrýança, ol parçanyň hakykaty meniň üçin hakyky bolmady.

## MUKADDES ÝAZGYNYŇ BAŞGALAR BILEN BILE DUÝUP BOLJAK BEÝLEKI AÝATLARY

Biziň hemmämizem göwünlik berilmegine, goldanylma we höweslendirilmä mätäç bolýarys. Şonuň üçin biz Rimliler 12:15, Galatýalylar 6:2 we 1 Korintoslylar 12:25 bilen tanşanymyzda, adamlar mätäçlik çekýän wagtlarynda olara kömek etmegimiz üçin "Rebbiň Ruhy içimizde işleýändir".

Dewid Fergýuson Mukaddes Ýazgydaky gatnaşyklara bolan talaplaryň elliden gowragyny kesgitledi. Biz onuň "*Ýygnak hiç haçan ýeke däldir*" atly kitabynda giňden şöhlelendiren talaplarynyň diňe on sanysyna serederis. Gatnaşyklarda "birek-birege" bolan şol talaplara gowy düşündigimizçe, töweregimizi gurşap alan adamlaryň talaplaryny kanagatlandyrmagymyz üçin Hudaýyň biziň üstümiz bilen hereket etmek isleýändigine şonçada gowy düşüneris. Aşakda gatnaşyklara bolan şol talaplaryň kesgitlemeleri we Mukaddes Ýazgydan olara gabat gelýän parçalar, ýagny biziň başgalar bilen bile duýup biljek parçalarymyz getirilen.

### Göwünlik bermede "birek-birege" bolan talaby duýmak

Umyt bermek; hasraty we agyryny ýeňilleşdirmek; adama göwünlik bermek we onuň bilen bile gynanmak.

> Ol [Hudaý] ähli rehimdarlyklaryň çeşmesidir we bizi köşeşdirijidir.
>
> Biz başgalara teselli berip biler ýaly, Ol ähli betbagtçylyklarymyzda bize teselli berýär (2 Korintoslylar 1:3–4).

## Goldawda "birek-birege" bolan talaby duýmak

Ýük götermek we meseleleri çözmäge kömek etmek üçin biri-biriňiz bilen gitmek.

> Birek-biregiň ýüküni götermek we şeýle etmek bilen hem, Mesihiň kanunyny ýerine ýetirmek (Galatýalylar 6:2).

## Aladada "birek-birege" bolan talap

Başga zat hakda pikir etmek, gyzyklanma bildirmek, onuň dünýäsine girmek.

> [Ýygnagyň] ähli agzalary biri-biriniň aladasyny edýärler (1 Korintoslylar 12:25).

## Minnetdarlykda "birek-birege" bolan talap

Başga birini goldap, oňa sözleriň hem işleriň bilen minnetdarlyk bildirmek.

> Hemme zatda meni ýatda saklaýanyň üçin saňa öwgi bolsun (1 Korintoslylar 11:2).

## Kabul etmede "birek-birege" bolan talap

Şertsiz kabul etmek, başgalary öz boluşlaryna söýmek.

> Birek-biregi Mesihiň sizi kabul edişi ýaly kabul ediň, şonda Hudaýa şöhrat aýdylar (Rimliler 15:7).

## Howpsuzlykda "birek-birege" bolan talap

Howpy, ýitirme gorkusyny, mätäçlikleri, gatnaşyklaryň bozulmasyny aradan aýyrmak.

> Kämil söýgi islendik gorkyny kowýandyr (1 Ýohanna 4:18).

### Goldawda "birek-birege" bolan talap

Adama ýokary baha bermek we oňa özüniň uly gymmatynyň bardygyny aýtmak.

> Hemmelere hormat goýmak (1 Petrus 2:17).

## ÝÖNEKEÝ, ÝÖNE BEÝLE BIR AŇSAT DÄL

Resul Pawlus bizi "hakykat sözüni dogry ulanyp...gaýrat etmeklige" (2 Timoteos 2:15-e seret) çagyrýar. Hudaýyň hakykaty örän ýönekeý, ýöne ony duýmak we başgalar bilen bile duýmak beýle bir aňsat däldir. Dewid Fergýuson bu pursaty bize ýatladýar:

> "Beýik Tabşyryk boýunça söýgini beýan etmek üçin Hudaýyň Sözüni başgalar bilen bile duýmaklyk we gatnaşyklara bolan talaby kanagatlandyrmak örän aňsat. Hudaý Özüniň ýazylan Sözüni görkezmelerden we biziň gatnaşyklarymyz üçin mysallardan, sözlerden we hereketlerden doldurdy. Ýöne her gün Onuň Sözüni duýmaklyk we başgalara kömek etmeklik mydama aňsat däldir. Bu ruhy tertip-düzgüni talap edýär — Hudaý bilen sazlaşykda galmagy, Mukaddes Ruhuň bize we biziň üstümiz bilen gulluk etmegine rugsat etmegi, tene «ýok» diýmegi we öz Mesihe meňzeşligiňde galmagy talap edýär.
>
> Onuň Sözüni duýanymyzda, aslynda biz Mesihiň söýýän häsiýetini kabul edýäris we Onuň tebigatyna laýyklykda hereket edýäris. Mesihiň keşbine öwrülmeklik — bu Hudaýa bolan söýginiň we biziň gatnaşyklarymyzda Onuň Sözüniň durmuşa ornaşdyrylmagynyň gündelik tertibe salnan

prosesidir. Ýöne Isa biziň Hudaýyň merhemetini mugt alandygymyzy we Onuň söýgüsini arkaýyn başgalara geçirmäge çagyrlandygymyzy ýatladýar”[5].

Bu hepdede “birek-biregiň” mätäçlikleriniň sanawyna we Mukaddes Ýazgydan parçalara seretmek üçin wagt tapyň hem-de “mugt alşyňyz ýaly, mugt hem beriň” (Matta 10:8). Hudaýyň Kitabyny başgalar bilen bile duýmanyň mümkinçiligini gözläň. Siziň mätäçlikleriňizi kanagatlandyrmagy hem-de başgalaryň mätäçliklerini kanagatlandyrmakda siziň üstüňiz bilen hereket etmegi üçin Hudaý size Özüniň Ruhuny berdi. Siz Mesihiň diri teniniň — ýygnagyň bir bölegisiňiz — şonuň üçin Ol size we mätäç dünýä şeýle diýýär:

- Siziň fiziki görgüleriňizi ýeňilleşdirýän, başyňy goýup aglar ýaly egin berýän we içki taýdan şypa almagyňa ýardam edýän *teselli* bar.
- Siziň bilen gatnaşykda bolmak üçin ugruňyzda ölen Hudaý üçin näderejede wajypdygyňyzy görkezýän *üns* (alada) bar, Onuň ýygnagy-da siziň ynsanlyk we ruhy talaplaryňyzy kanagatlandyrmak üçin şu ýerdedir.
- Hiç zada garamazdan, sizi şu bolşuňyza söýýändiklerini aňladýan *kabul etme* bar.
- Kimdigiňiz we eden zatlaryňyz üçin *minnetdarlyk* bar.
- Kömek eli ýa-da agyr ýüki götermäge kömek etmäge ýardam edýän egin gerek bolanda, *goldaw* bar.
- Lapykeçlikler, şowsuzlyklar ýa-da kynçylyklar bilen göreşeniňizde *ruhlandyrma* bar.
- Hiç zada garamazdan, özüňiziň hakykatdan söýülýändigiňize düşünmäge kömek edýän *söýgi* bar.
- “Men sizden hoşal” diýilýänine — şaýatlyk edýän *höweslendirme* bar.
- Howp abanýan wagtynda geljekden gorkmakdan sizi azat etjek *howpsuzlyk* bar.

- Pikirlenýäniňiz üçin sylanlarynda we goşan goşandyň üçin gymmat saýanlarynda, *hormat* bardyr[6].

Indi Pawlusyň sözleri bilen tamamlarys:

> "Şeýlelikde, Hudaýyň mukaddes hem söýgüli saýlananlary hökmünde rehimdarlyk ýüregini, ýagşylygy, kiçigöwünliligi, ýumşaklygy we sabry geýniň. Biri-biriňize sabyr-takatly boluň. Biri birinden kineli bolsa, Mesihiň sizi bagyşlaýşy ýaly, siz hem birek-biregi bagyşlaň. Bularyň hemmesiniň üstünden-de kämil birligiň toplumy bolan söýgini *geýiň.* Ýüregiňizde Mesihiň parahatçylygy höküm sürsün. Siz bir bedeniň agzalary bolup, bu parahatçylyga çagyrylansyňyz. Minnetdar hem boluň. Mesihiň sözi bütin baýlygy bilen ýüregiňizde ýaşasyn. Bütin akyldarlyk bilen biri-biriňize öwrediň, öwüt beriň, mezmurlar, öwgüli aýdymlar, ruhy nagmalar aýdyp, şükür bilen ýüregiňizden Rebbe nagma okaň. Söz bilen ýa iş bilen näme etseňiz, baryny Reb Isanyň ady bilen, Ol arkaly Ata Hudaýa şükür edip berjaý ediň" (Kolosýalylar 3:12–17).

6-NJY BAP

# HAKYKATY AÇMANYŇ AÇARY

Ol özüniň myhmany üçin uludan agşamlyk naharyny taýýarlamak isledi. Köp sanly ownuk zatlara üns bermek gerekdi. Onuň uýasy Merýem kömek etmelidi, ýöne ol beýle etmegiň deregine, Isanyň aýaklarynyň ýanynda oturyp, Ony diňleýärdi.

Marta içeri girip:"Ýa Reb! Uýamyň meniň ýeke özüme hyzmat etdirip oturmagy Seniň perwaýyňa-da dälmi? Oňa aýt, maňa kömekleşsin" — diýdi. Reb Isa oňa şeýle diýdi: "Marta, Marta! Sen köp zatlar barada aladalanyp, başagaý bolýarsyň. Ýöne diňe bir zat gerek. Merýem özünden alynmajak oňat paýy saýlady" (Luka 10:40–42).

Durmuş ownuk zatlardan doly. Olar bilen iş salyşmazdan, olar üçin biynjalyk bolmazdan, biz bir günem ýaşap bilmejek ýaly. "Bu gün men näme geýmeli?", "Iş güni nähili geçerkä?", "Çagalar niredekä, olaryň hemme zady gowumyka, bir zadyň üstünden barmadymykalar?", "Indiki hepde näme bolarka?", "Men näme satyn almaly, ol biziň býujetimize girýärmikä?", "Biziň býujetimiz nähili?", "Meseleler haçan azajykdan çözülerkä?", "Men özüm üçin, biziň üçin haçan wagt taparkam?"

Biziň döwrümizde durmuş örän güýçli depginde hereket edýär. Biz öňki nesillere garanda has çylşyrymly durmuşda ýaşaýarys, muňa biziň täze tehnologiýalarymyz hem ýardam edýär. Şeýdip, biziň çylşyrymly durmuşymyz käwagt aljyraňňylyk, birahatlyk,

hatda, bu ownuk zatlaryň hemmesi babatda biynjalyk hem döredip bilýär. Biziň döwrümizde durmuş ýeňil däl. Ýöne Isa: “Diňe bir zat gerek” (42-nji aýat) — diýende, durmuşyň bitertip ownuk zatlaryna üns berdi. Bu näme? Merýem munuň nämedigini bilýärdi. Ol dogry soraglary berýän we durmuş baradaky soraglara dogry jogap gözleýän ýalydy. Ol gerek Adamyndan ýene nämäniň has wajypdygyny sorady. Ýöne şol “diňe” nämekä?

## GATNAŞYKLARY AÇMANYŇ DÜÝP MANYSY

Merýem otagda, kabul etmäge açyk görnüşde, Isanyň aýaklarynyň ýanynda otyrdy. Oňa hemme zatdan wajyp bolan ýeke-täk zat — bu Isa bilen has çuň gatnaşyklara yhlasly ymtylmakdy. Bu bolsa, Onuň taglymat mazmunly ylymlaryny öwrenmekden-de has köp zady öz içine alýardy. Bu, hatda, Onuň tabşyryklaryny durmuşda nähili ulanmalydygyna düşünmekden-de beýik zatdy. Merýem Isany aslynda bolşy ýalylygyna, Onuň aslynda Kimdigini has çuň tanamaklyga tarap gidýän ömür uzynlygyndaky syýahata diýseň begenýärdi. Ol, şeýle hem, özüni şol bolşuna tanamaga Isa rugsat bermäge taýýardy. Merýem özi üçin şeýle wajyp bolan zady aldy; bu olaryň gatnaşyklarynyň açylmagydy. Ol öz Hudaýyny söýýärdi we Onuň Patyşalygynyň bir bölegi bolmaga dyrjaşýardy.

---

Terligine we janlylygyna galýan är-aýal gatnaşyklaryna iki adam gatnaşyp, olar mydama biri-birini tanamaga çalyşýarlar. Olar mydama şol gatnaşyklary açmagyň çuňlaşýan ýolunda bolýarlar.

---

Stefani atly gaty gowy gyz bilen tanşanymdan soň pikirleniş prosesimiň we bütin durmuşymyň üýtgändigi meniň (Şonuň) ýadyma düşýär. Hawa, men onuň gözelligine gaty haýran bolupdym, ýöne diňe bu hem däldi. Ol akyllydy, şadyýandy, onuň häsiýeti-de gaty gowudy. Biziň ikimizem şol bir zady halaýardyk, şonuň

üçin men hemişe onuň ýanynda bolmak isleýärdim. Sapaklarda ol hakda pikir edýärdim. Öýde bolan wagtymda-da, ol hakda pikir edýärdim. Men ony kellämden çykaryp bilemokdym, sebäbi ol meniň ýüregime çuň aralaşypdy.

Oýa ýöreýän her minudymda ol gyz meniň pikirlerimi ýesir eden ýalydy. Bu zatlarda meniň aslynda düşünip bilýän zatlarymdan has uly bir zat bardy. Meniň hemme zady öz içine alýan yhlasymda bir syr bardy. Men ony tanaýardym, şol bir wagtyň özünde-de tanamaýardym, şonuň üçin ony köpräk tanamak isleýärdim. Ony köp tanadygymça-da, ýene köpräk tanamak isleýärdim. *Sebäbi men oňa şeýle güýçli aşyk bolupdym!*

Stefani ikimiz durmuş guranymyzdan soň, biziň söýgimiz has-da güýçlendi. Aslynda biziň birikmämiz özüniň hususy öýüni gurdy. Nika biziň wagtymyzy bilelikde köpräk geçirmelidigimizi aňladýan bolsa-da, men barybir käwagt öýde ýok bolmaly bolýardym. Meniň öýde bolmazlygym oňa ýaramaýardy. Işde ýa-da seminariýada juda köp eglensem, bu oňa ýaramaýardy. Käwagt men çykyşlara gitmeli bolýardym. Elbetde, men elektron poçtanyň üsti bilen oňa hat ýazýardym we jaň edýärdim. Ýöne bu bile bolmak bilen bir zat däldi. Ol meni küýseýärdi we basymrak öýe gaýdyp gelmegimi isleýärdi. Bu maňa ýaraýardy. Menem ony küýseýärdim. Biz biri-birimizden ganyp bilmeýärdik.

Men nika boýunça ekspert däl, ýöne käwagt okuwçylarym maňa: “Özüň hakykatdan aşyk bolandygyňy nädip bilmeli?” we “Söýgi ýitmez ýaly näme etmeli?” — diýip sorag berýärler. Meniň ejem bilen kakamyň durmuş guranyna 40 ýyldan gowrak wagt geçdi, ýöne olar entegem biri-birine diýseň aşyk. Şonuň üçin men uzak dowam edýän nikalara üns berenimde, ine, nämäni gördüm: terligine we janlylygyna galýan är-aýal gatnaşyklaryna iki adam gatnaşyp, olar mydama biri-birini tanamaga çalyşýarlar. Olar mydama şol gatnaşyklary açmagyň çuňlaşýan ýolunda bolýarlar.

Men Stefani atly zenany tanamak üçin bütin ömrümi sarp etsem-de, hiç haçan ony soňuna çenli tanap bilmeýärin. Bu

zenanyň çuň tebigaty we içki dünýäsi entegem syrlygyna galyp, ony has-da çuň tanamagy islemeklige mejbur edýär. Ol entegem meni özüne çekmäge, gyzyklandyrmaga we meniň ýüregimi ýesir etmäge ukyply, şonuň üçin men ony tanamagy hiç haçan bes etmerin. Wagt geçdigiçe men ony köpräk tanamak isleýärin. Söýgi gatnaşyklarynyň hakyky tebigaty şeýledir.

Siz, belki, aýalynyň äriniň söýgüsini duýmaýandygy sebäpli, är-aýalyň maşgala maslahatçysyna ýüz tutandygyny bilýänsiňiz. “Näme üçin?” diýen soraga aýaly: “Ol maňa hiç wagt meni söýýändigini aýtmaýar” — diýip jogap berýär. Maslahatçy erkege tarap öwrülip: “Bu dogrumy?” — diýip soraýar. Adamsy: “Biz durmuş guran günümiz oňa ony söýýändigimi aýtdym, şonuň üçin şol ýeterlikdir diýip pikir etdim” — diýip jogap berýär.

Bu söýgi gatnaşyklarynyň hakyky tebigaty däl. Bu bellenilen nokat däl. Nika kasamy bilen berkidilen söýgi toý gününde emele gelmeýär. Söýgi — bu wepalylyga we açyşlara tarap syýahata ýola düşme kararydyr. Bu bütin ömrüňize we ondan soň hem, söýýän adamyňyzyň yzyndan ylgamakdyr. Söýginiň doýmazak işdäsi bolup, ol özüniň tanaýan adamyny gitdigiçe köp tanamak isleýär. Hudaý Özi babatda-da hut şunuň ýaly söýgini isleýär. Ol biziň Özüni söýmegimizi we gatnaşyklarda açyşlary etmegi dowam etdirmegimizi — Özüni açmagymyzy we Ony ýene — gaýta-gaýta açmagymyzy isleýär.

Şägirtleri Isadan özlerine doga etmegi öwretmegini haýyş edenlerinde, Ol: “Şu sözleri aýdyp, bir gezek doga et, şol ýeterlik bolar” diýip, ýöne bir gaýtalamaly sözleriň toplumyny bermedi. Tersine Ol Öz şägirtlerine: “... diläň, size berler, agtaryň, taparsyňyz, gapyny kakyň, size açylar. Çünki her bir dilän adam alar, agtaran tapar, gapy kakana gapy açylar” (Luka 11:9–10) — diýip öwretdi. Hudaý bize bilesigeliji ýürek, açyk ruh, gitdigiçe has-da Özüne teşne bolan jany terbiýelemek isleýär. Biz Ony tapanymyzda bolsa, Ol bizi, şol bir wagtyň özünde-de, biziň Özüni bilme teşneligimizi

kanagatlandyrýar. Meryem hut şuny hem tapdy, şonuň üçin Isa: “Bu onuň elinden alynmaýar” — diýdi.

Mezmurçy Dawut Hudaýa bolan edil şunuň ýaly söýgini duýdy. Ol öz Hudaýynyň Kimdigini bilýärdi, ýöne mydama täze açyşlaryň gözleginde bolýardy:

Eý, Hudaý! Sensiň Hudaýym,
Seni agtarýaryn ir säher bilen,
meniň janym teşnedir Saňa.
Gurak, içgysgynç, suwsuz toprakda kimin
Seni küýseýär meniň bedenim.
Seniň kuwwatyňy, şöhratyňy görmek üçin,
Mukaddes öýüňde Saňa seretdim.
Çünki Seniň wepaly söýgiň ýaşaýyşdan ýagşydyr,
meniň dilim Saňa öwgüler aýdar.
Ömürboýy Saňa alkyş okaryn,
ellerimi galdyryp, Saňa doga ederin
(Zebur 62:2–5).

“Eý Hudaý, keýigiň akar suwlary küýseýşi ýaly,
meniň janym Seni küýseýär”
(Zebur 41:2).

Gep Meryemiň öz Mugallymy üçin nahar taýýarlamak ýa-da hatda ownuk zatlara başagaý bolmak bilen nädogry hereket edendiginde däl. Durmuşda biz ownuk zatlar bilen hem iş salyşmaly bolýarys. Emma iň esasy, iň wajyp zat — bu durmuşymyzdaky baş söýgi hökmünde Hudaýa tarap okdurylmakdyr. Eger egoistik lezzetlere tarap ymtylsak ýa-da özümizi bu dünýäniň başagaýlygyna bagyş etsek, Hudaý gabanyp başlaýar. Resul Ýakup şeýle ýazýar: “... dünýä bilen dostlugyň Hudaýa duşmançylykdygyny bilmeýärsiňizmi? Dünýäniň dosty bolmak isleýän adam Hudaýyň

duşmany bolýandyr. Ýa-da: «Bizde mesgen tutan Ruh gabanjaňlyk bilen söýýändir» diýen Mukaddes Ýazgy ýöne ýerden aýdýandyr öýdýärsiňizmi?" (Ýakup 4:4–5). Hudaýyň özüňize gabanjaňlyk bilen garaýandygy baradaky pikire nähili seredýärsiňiz? Başga adamyň sizi öz durmuşynda iň wajyp adam etmegini nähili isleýän bolsaňyz, Hudaý hem Özüni edil şonuň ýaly söýmegiňizi isleýär.

Hudaý bizi Öz keşbinde ýaratdy, şonuň üçin biz, adamlar hem, özümize ikilik edilmegine erbet garaýarys, şeýle dälmi? Şonuň üçin bize wada berlen söýginiň başga tarapa gönükdirilenini duýanymyzda, biz gabanyp başlaýarys. Söýgi gatnaşyklarynyň tebigaty biziň söýgimiziň obýektini birinji derejeli zat edip goýmakda jemlenendir.

Stefani men ýanynda ýokkam diňe özi hakda pikir etmegimi isleýär, menem edil şonuň ýaly, onuň diňe men hakda pikir etmegini isleýärin. Eger nämedir bir zat onuň elinden meniň wepalylygymy alsa, aslynda bolmalysy ýaly, oňa gaty erbet batar. Hudaý biziň Özüni küýsemegimizi diýseň gabanjaňlyk bilen isleýär. Ol biziň çuň wepalylygymyzy isleýär, şonuň üçin özümizi Oňa bagyş edenimizde, Ol Özüni köpräk tanamak üçin edýän ymtylyşymyzy has artdyrýar. Ony Öz Sözüniň üsti bilen tanamaga çalşanymyzda, Ol biziň Özüni gözlemegi dowam etdirmegimizi isleýär. Mukaddes Ýazgynyň sahypalarynda Onuň özgerdiji hakykatyny açdygymyzça, Ol şol hakykaty açmagy dowam etmegimizi isleýär. Sebäbi Onuň bilen gatnaşyklarymyzyň düýp özenine düşündigimizçe, Özüni we Onuň ýollaryny ýakyndan tanamak isleýäris, Ol bolsa, bizi Özi bilen birlikde mydama çuňlaşyp durýan durmuşy, ýaşaýşy tanamaklyga alyp barar.

Resul Pawlus şeýle diýdi: "Mukaddes Ruh hem ejizligimizde bize kömek berýär, sebäbi biz hatda nähili we näme barada dileg etmelidigimizi hem bilmeýäris. Emma Mukaddes Ruhuň Özi söz bilen beýan edip bolmajak iňňildiler bilen biziň üçin töwella edýär. Ynsan ýüreginiň jümmüşini bilýän Hudaý Mukaddes Ruhuň pikirlerine düşünýändir. Sebäbi Mukaddes Ruh Hudaýyň

islegine görä Onuň halky üçin ýalbarýandyr" (Rimliler 8:26–27). Korintoslylara hatda Pawlus Hudaýyň syrly çuň akyldarlygy hakda we "*muny* Hudaýyň bize Öz Ruhy arkaly açandygy, sebäbi Ruhuň hemme zada, hatda, Hudaýyň çuňluklaryna-da aralaşýandygy" barada gürrüň bermegi dowam edýär (2 Korintoslylar 1:10). Biz özümizi Öz Sözi bilen ýaraglandyran hem-de Öz Sözüne alyp barmagy üçin Öz Ruhuny beren Hudaýa gulluk edýäris. Ol biziň bu dünýäniň aladalaryny öwrenmegimizi islemeýär. Ol Mukaddes Ýazgynyň sahypalaryndan Özüni has çuň öwrenmäge dyrjaşmamyzy mydama durmuşa ornaşdyrmagymyzy isleýär. Ol biziň Özüni söýmegimizi we "Hudaýyň Patyşalygyny özüňiziň baş aladaňyz etmegiňizi" (Matta 6:33-e seret) isleýär.

Şeýlelikde, hakykaty açmagyň açary *Onuň bilen gatnaşyklary açmagy artdyrmakda* jemlenendir. Ýöne munuň ýaly açyş biziň berýän soraglarymyz bilen berkidilýär. Başga sözler bilen aýtsak, gatnaşyk saklamak isleýän adam hem, bilesigeliji akla mätäçdir.

## JOGAPLARY GÖZLEMEK WE DOGRY SORAGLARY BERMEK

*Mesih üçin haçly ýöriş meýdançasy* gullugymyň başynda meni (Joşy) Argentina goýberdiler. Olaryň iň gowy görýän sport oýnunyň amerikan futboly ýa-da basketboly bolman, eýsem adaty futbol bolandygyny görenimde, meniň medeni şok ýagdaýymy göz öňüne getirip bir görsediňiz. Başda futbol oýnuna seredip başlanymda, meýdançada näme bolýanyna asla düşünmedim. Men oýnuň düzgünlerini-de, strategiýasyny-da, hatda umuman näme bolmalydygyny-da bilmeýärdim. Ýöne birnäçe futbol oýnuny görenimden we dostlarymyň düşündirişlerini diňlänimden soň, oýnuň kadalaryny we oýunçylaryň ýörişleriniň inçeliklerini hem strategiýasyny öwrendim. Men oýnuň gyzygyny öňden duýup, hatda oýunçylara hem kazylara maslahat berip gygyryp hem başladym. Men nämä üns bermelidigini bildim, şonuň üçin bu bilim meniň oýna berýän bahamy we ondan alýan lezzetimi eslije ýokarlandyrdy.

Mukaddes Ýazgynyň sahypalaryndan Hudaýy tanamanyň çuňluklaryny açma babatda hem şeýledir. Eger kitabyň aýtjak bolýan zatlarynyň inçeliklerini bilmesek, ondan näme gözlemelidiginem bilmeris. Şonuň ýaly bolanda, biz Mukaddes Kitap çylşyrymly hem gyzyksyz diýip pikir ederis. Ýöne sözleriň düýbüne seretmegi öwrenenimizde welin, Hudaýyň aýanlyklarynyň köp taraplary göze görnüp başlar. Şonuň üçin gözleýän ýürekleriň dogry soraglary bermegi öwrenmegi örän wajypdyr. Şonda Mukaddes Ruhuň ýolbaşçylygy astynda Hudaýyň bize näme açmak isleýändigine düşünip başlarys.

Dogry soraglary bermegi başarmaklyk aslynda zatlaryň hakyky ýagdaýyny anyklamakda bize kömek edýär. Mysal üçin, FBR agentlere synlamagyň sungatyny öwretmek üçin öwrediji filmleri ulanýar. Şol filmleriň biri üç minut dowam edýär-de, ol otlynyň talanylyşyny görkezýär. Filme agent birinji gezek seredende, onuň nämäni görendigini barlamak üçin oňa 100-den gorak soraglaryň sanawy goşulýar. Sanawa “Ol adam çepekeýmidi?”, “Onuň yzky jübüsinde näme bardy?”, “Aýalyň goşarynda sagat barmydy?” we ş.m. soraglar girýär.

Seminariýanyň bir mugallymy Mukaddes Kitaby öwrenmegiň usullary boýunça leksiýada şol filmi görkezýär. Üstünligiň baly 100-den gowrak berlen soraga 35 sany dogry jogapdan ybarat boldy. Ýöne bir gezek leksiýa FBR-iň öňki agenti geldi. Ol bu filmi ozal hiç haçan görmändi, ýöne soraglaryň hemmesine dogry jogap berdi. Munuň açary nämededi? Ol dogry soraglary berende näme gözlemelidigini bilýärdi.

---

Mukaddes Kitap — syrly kitapdyr, şol sebäpden hem, onuň çuňluklaryna seretmek, baýlygyny duýmak üçin açyşlara teşne bolan ýürek gerek. Ýöne munuň üçin berilýän baýrak adatdan daşary kanagatlanmany getirýändir.

---

Şeýlelikde, dogry soraglary bermegi başarmazlyk açyşlar prosesine päsgel berýär. Biz, şeýle hem, *nähili* seretmlidigini-de bilmelidiris. Eger biz Mukaddes Kitaba nähili seretmelidigini bilmesek, motiwimizi ýitirmegimiz we gözlemegi bes etmegimiz mümkin. Biz parçany okasak-da, okan zadymyzyň manysyny görmezligimiz mümkin. Men surata nähili seretmelidigini bilmeýändikleri sebäpli, beýik sungatyň manysyny gözden salýan adamlary tanaýaryn. Siz muzeýlerde munuň nähili bolýandygyny gördüňiz. Gelenleriň bir topary suratyň deňinden başlaryny atyp we gülşüp ýa-da ol babatda ýiti akyl bilen degşip geçýärler. Indiki topar bolsa, şol suratyň deňinde saklanyp, demlerini alman diýen ýaly durup, oňa seredýärler-de, biri-biri bilen eseriň mazmuny we onuň täsiri hakda gürrüň edýärler.

Näme üçin garaýyşlar munuň ýaly dürli bolýar? Ikinji topar suraty görmegi başarýar. Olar hereketi, formany, yşaraty, sazlaşygy we kompozisiýany — suratyň özüne ünsli seredýänler bilen gürleşýänlere açýan elementleriniň hemmesini — görýärler. Ine, näme üçin adamlaryň biziň suratlaryň gürrüňini etmeýändigimizi aýdýanlaryny eşidýän ekeniňiz; suratlar biz hakda gürrüň edýärler. Mukaddes Kitapdan hiç zat alyp bilmeýänler hakda hem, edil şuny aýdyp bolar.

Açyş prosesindäki başga bir päsgelçilik seretmegi başarmazlykdyr. Adamlaryň käbirleri hakykatyň kitabyň sahypalaryndan öz-özünden çykmaýandygyna düşünenlerinde, olar kitaby ýapýarlar we tagalla etmekden boýun towlaýarlar. Olar seretmegi başarmaýarlar, şonuň üçin görmeýärler. Biziň öň aýdyp geçişimiz ýaly, Mukaddes Kitap — syrly kitapdyr, şol sebäpden hem, onuň çuňluklaryna seretmek, baýlygyny duýmak üçin açyşlara teşne bolan ýürek gerek. Ýöne munuň üçin berilýän baýrak ummasyz kanagatlanmany getirýändir, sebäbi Hudaýy we Onuň ýollaryny tanamak bilen biz bu durmuşyň manysyny, maksadyny we kanagatlanmasyny tapýarys, ebedi ýaşaýyş hakda gürrüňem ýok.

## ESASY ALTY SORAG

Dogry soraglary bermegi öwrenmek bilen biz Mukaddes Ýazga nähili seretmelidigini we ondan näme gözlemelidigini bilýäris. Bu esasy alty sany sorag bize köp zat baradaky hakykaty açmaga kömek eder. Sülçüler şu soraglary ulanýarlar. Prokurorlar hem aklawçylar şu soraglary ulanýarlar. Alymlar hem şu soraglary ulanýarlar. Olary žurnalistler hem berýärler. Ine, olar:

Kim?
Näme?
Haçan?
Nirede?
Näme üçin?
Nädip?

Munuň ýönekeý bolup görünýändiginiň tapawudy ýokdur. Hut şu soraglar parçanyň taglymat, hereket ediji we maglumat beriji çuňlugyna aralaşmaga bizi mejbur edýär. Bu soraglar Isa soraglar beren fariseýlerde, Isanyň guýynyň boýundaky samariýaly aýala beren jogaplarynda, körüň gözüni açan Isada, Isanyň Merýem bilen bolan duşuşygynda, Mukaddes Ýazgydaky “birek-birege” sözi ulanylan parçalarda we ş.m. baplarda aslynda nämäniň bolandygyny görmäge bize kömek etdi. Bu soraglar aslynda başda birbada göze ilmedik maglumatlary we hakykaty ýüze çykarmaga bize kömek etdi. Olar gömlen hazynany gazyp çykarýan pile meňzeşdir. Biz Hudaýy çuň tanap we Hudaýyň Sözüniň hakykatyny başgalaryň durmuşynda duýar ýaly, olar parçalary derňeýärler we gizlin manyny hem pikirleri açýarlar

Mysal üçin, bu alty soragy alýarys-da, olary Isanyň guýynyň boýundaky aýal bilen bolan duşuşygy dogrusynda ulanýarys, bu barada biz 3-nji bapda gürrüň edipdik. Olara jogap berenimizde, özümiziň Ýohannanyň Hoş Habarynyň 4-nji babynda bilen baý hakykatlarymyzy açmaga bize kömek edendigini göreris.

**"Kim"** diýen sorag oňa gatnaşan gahrymanlary açyp görkezýär. Ýohanna 4:1–42-de Isa Kim bolup durýar? Biz Onuň kabul edýän Isadygyny bildik. Ol aýal kim bolupdy? Biz onuň samariýaly aýaldygyny, ýewreýleriň olar bilen gatnaşmaýandygyny, onuň zynahor aýal bolup, kän äriniň bolandygyny, şertsiz kabul edilmä mätäç bolan ýeke aýaldygyny bildik.

**"Nirede"** diýen sorag ugry bilmäge kömek edýär. Gürrüňi edilýän waka nirede bolup geçdi? Gahrymanlar nirä barýarlar? Ýohannanyň Hoş Habarynyň 4-nji babynda biz Isanyň Jelilä barýandygyny, ýöne Onuň Samariýanyň üstünden geçip barýandygyny bildik. Isanyň aýal bilen bolan duşuşygy Samariýada guýynyň boýunda bolup, bu bellärlikli hadysadyr. Şu ýagdaýda Isa bu ýerde Özüniň kabul ediji we aladaçyl ýüreginiň bardygyny açýar.

**"Haçan"** soragy bizi wagty ölçeme oýnuna alyp barýar. Isanyň Samariýanyň üstünden geçen wagtynda, ýewreýleriň ol ýere ýöne ýere barmaýandyklaryna, munuň "degerli sebäbiniň" bardygyna düşünýäris. Ýewreýler bilen samariýalylaryň arasyndaky dartgynlylyk göze görnüp durdy — olar biri-birlerini ýigrenýärdiler. Aýal guýynyň başyna haçan geldi? Ol günortan gelipdi, biziň bilşimiz ýaly, bu hiç kimiň guýudan suw almaýan wagtydy. Bu wajyp zatdyr, "haçan" soragy bize onuň özüni adamlaryň görmegini islemeýändigine düşünmäge kömek edýär. Onuň ýeke aýaldygy, zynahorluk edýändigi sebäpli, oňa ýokardan seredýändikleri göze görnüp durdy.

**"Näme"** parçadaky köp zady açýar. Aýatlar näme hakda gürrüň berýär? Näme bolup geçýär? Isa näme etdi, aýal näme etdi? Olaryň hersinde nähili maksat bardy? Isa ýigrenilýän aýala dirilik suwuny teklip etmek bilen näme edýär? Bu aýal üçin Mesih bolmagy islemäge Isany näme ruhlandyrýar? Aýalyň kellesine näme gelip biler? Bu taryhy ýa-da hakykaty okamagyň netijesinde Isa siziň

nämäni duýmagyňyzy isleýär? Isanyň size degişli bolan kabul etmesinde siz näme görýärsiňiz? Isany öz durmuşyňyza kabul etmeklige siz nähili garaýarsyňyz?

**"Nähili"** diýen sorag wakalaryň, duýgularyň, emosiýalaryň, gatnaşyklaryň prosesini we ş.m. öz içine alýar. Geçiş wakasy nähili bolup geçdi? Ýa-da bu nähili bolup bilerdi? Bu nähili bolup geçer? Isa bu aýalyň bäş äriniň bolandygyny nädip bildi? Aýal Isanyň teklibine nähili garady? Aýal öz durmuşyndaky jikme-jiklikleri Isanyň bilenine nähili garady? Eger Isa sizi şonuň ýaly kabul eden bolsa, siz näme duýardyňyz? Bu Onuň aladaçyl hem duýgudaş ýüregini nädip açýar? Ol sizi nähili kabul edýär? Bu sizi özüňizi gowrak kabul etmäge nähili ruhlandyrýar? Siz başgalary nädip Isanyň samariýaly aýaly kabul edişi ýaly kabul edip bilersiňiz? Bu aýat nädip size Hudaýa we beýleki adamlara bolan çuň söýgini edinmeklige kömek eder?

**"Näme üçin"** soraglary tekstiň maksadyna we sebäbine has çuň düşünmäge kömek edýär. Näme üçin Isa ondan suw bermegini sorady? Aslynda Ol şol ýere näme üçin gitdi? Näme üçin bu aýal günortan suw almaga geldi? Näme üçin Isa ýigrenilýän adamlaryň şeýle aladasyny edýär? Näme üçin Isa sizi hiç hili şertsiz kabul etdi? Isanyň sizi kabul edişi ýaly, başgalary kabul etmek size nämä gerek?

Şonda dogry soraglary berme başarnygy Mukaddes Kitap hakykatlaryny açanyňyzda siziň üçin esasy gural bolup durar. Soraglar, mysal üçin, Hudaýyň Kimdiginiň we Onuň nähilidiginiň taglymat düşünjesini açmakda siziň şahsy derňewleriňiz bolar. Olar sizi nämä ynanmalydygyna çuň düşünmeklige alyp baryp biler. Bu soraglar Hudaýyň ýollaryny, ýagny ýöremegimiz zerur bolan ýollaryny, açmaklyga mümkinçilik berer. Elbetde, bu soraglar Hudaýyň size Öz Sözüni näme üçin berendiginiň sebäbine düşünmäge mümkinçilik berýär — şonda siz Onuň bilen we töweregiňizdäki adamlar bilen has çuň gatnaşyklardan lezzet alyp bilersiňiz.

• • •

Indiki bölümde Mukaddes Ýazgynyň iň çuň hakykatlaryny özbaşdak açmaga kömek etmek üçin biz sizi şol prosesiň içinden geçireris. Dogry, grek we iwrit dillerindäki sözleri öwrenmek, okuw Mukaddes Kitaby hökmünde ýazylan dürli terjimeler, Mukaddes Kitap sözlükleri we başga-da köp dürli peýdaly resurslar ýaly peýdaly gurallar kän. Bu zatlaryň hemmesi Hudaýyň Sözüni şahsy taýdan açmakda ýardam eder. Biz syýahatymyzyň esasy bölegini Täze Ähtde jemleýän bolsak-da, Köne Ähti-de gözden salmarys. Köne Äht özgerdiji hakykatlara baýdyr. Ýewreý teksti — bu Isanyň nesliniň — Ysraýyl çagalarynyň — ýöne bir taryhy bolmakdan has uly zatdyr. Ol biziň her birimiziň taryhymyz bolup durýar. Aslynda biziň öz taryhymyz doly bolup durmaýar, şoňa görä-de, Köne hem Täze Ähtsiz Hudaýyň habarynyň bize edýän doly täsirini alyp bilmeris.

Köp babatlarda Mukaddes Kitap, Gelip çykyşyň birinji aýadyndan başlap, Aýanlygyň soňky aýadyna çenli, adamzadyň ähli zady öz içine alýan taryhyny, onuň dilemmasyny we teklip edilýän çözgüdini açyp görkezýär. Biz köplenç bu taryhyň haýsy ýerini ýazýandygymyza anyk düşünmeýäris. Dogry gurallary, maksatlary we Mukaddes Ruhuň ýolbaşçylygyny ulanmak bilen siz her bir tekstde öz ornuňyzy tapyp we Mukaddes Kitaby özüňizde duýup bilersiňiz.

Käbir babatlarda biz temany indiki bölümde üýtgedýäris. Biz sizden dürli parçalara gowy üns bermegi, dogry soraglary bermegi haýyş ederis we olara jogap bermäge mümkinçilik bereris. Biz öňkimiz ýaly, görkezme bereris, pikirleri teklip ederis, tapan zatlarymyzy, hatda başgalaryňam eden açyşlaryny siziň bilen paýlaşarys. Ýöne biz birinji bölüm Mukaddes Kitaby özbaşdak öwrenip başlamaga mümkinçilik berýän konteksti berendir diýip umyt edýäris. Indiki bölümde biz size muny etmäge mümkinçilik bereris. Goý, syýahat dowam etsin!

IKINJI BÖLÜM

# MUKADDES KITABY ÖZÜŇ ÜÇIN NÄDIP ÖWRENMELI

7-NJI BAP

# DÜŞÜNDIRIŞ: ÇAKLANYLÝAN MANA DÜŞÜNMEK

Geri şu wagtjyk 2 Petrus 1:3–4-i Mukaddes Kitaby öwrenmek üçin ýygnanyşan toparda öwrenipdi. Ol siziň ýanyňyzda oturan Marsä tarap öwrülýär-de: “Bu aýat nämäni aňladýar?” — diýip soraýar.

Marsi bu parçanyň üstünde oýlanmak üçin dymyp durýar. Ol birnäçe minutlap gowuja pikirlenenden soň: “Aý, bu aýat meniň üçin Hudaýyň bize mesihilik durmuşynda ýaşamaga kömek edýändigini aňladýar” — diýip başlaýar. Geri başyny atyp: “Bu gowy” — diýýär. Soň ol göni size seredýär. “Bu aýat siziň üçin nämäni aňladýar?”

Geriniň birinji soragy bilen Marsiniň jogabynyň arasyndaky inçe tapawudy siz hatda duýmaýarsyňyzam. Ýöne ýene bir gezek serediň. “Meniň üçin aňladýar” we “siziň üçin aňladýar” diýen sözleriň wajyplygyny peseltmek gerek däl. Olar şu günki mesihileriň köpüsiniň arasynda bar bolan ýagdaýy aňladýar. Köp adamlar Mukaddes Kitap tekstine *onuň* hakykatynyň manysyny bilmek üçin ýüzlenmeýärler; olar onda *özleriniň* hakykatynyň manysyny gözleýärler.

Biziň medeniýetimiziň aglaba bölegini, şol sanda mesihiligi yglan edýänlerem, obýektiw ahlak hakykat bolmaýar diýip aýdýarlar. Şonuň ýaly adamlar, nämäniň dogrudygyny, nämäniň dogry däldigini, nämäniň hakykydygyny we nämäniň ýalandygyny kesgitleýän adamdan aýry goýlan ahlak hakykatyň ýokdugyny aýdýarlar. Olar üçin hakykat subýektiw, şahsy taýdan döredilýär. Olar nämäniň dogrudygyny ýa-da hakykydygyny adamyň özüniň

kesgitleýändigine ynanýarlar. Şonuň üçin biziň Mukaddes Kitaba etjek iň gowy zadymyz — bu ony şahsy “hakykatymyzy”, ýagny öz pikirlerimiziň hem ileri tutýan zatlarymyzyň üsti bilen ýetýän hakykatymyzy kesgitleýän gollanma hökmünde ulanmakdyr.

Öňräk “*Taým*” žurnaly ylahyýet pozisiýasy, irki ýygnagyň uzak wagtlap eýeren we Mukaddes Ýazgyda berk kök uran pozisiýasy baradaky makalany çap etdi. Makalany “*Nýusik*” žurnalynyň öňki redaktory, “jemgyýetçilik durmuşynda diniň roly ulgamyndaky meşhur amerikan akyldarlarynyň biri”[1] diýlip atlandyrylýan Jon Miçem ýazypdyr.

---

“Subýektiw hakykatyň şu günki medeniýetinde ylahyýet adam pikiriniň we ileri tutýan zatlarynyň soragy bolup durýar, şonuň üçin munuň ýaly pozisiýa ara alyp maslahatlaşdyrylma degişli däldir”.

---

Nähili ylahy tema seredilýändiginiň, ara alyp maslahatlaşmalaryň çäklerinde, medeni pikir hökmünde wajyp ähmiýeti ýokdur. Mukaddes Ýazga ylahy abraýly çeşme hökmünde seretmegiň deregine Miçem: “Mukaddes Kitap — köplenç öz-özüne garşy çykýan we nukdaýnazarynda düýbünden dürli delilleri gurmak mümkin bolan dokument — ýaly, ylahyýet hem adam elleriniň we ýürekleriniň önümidir”[2] — diýýär.

Eger Mukaddes Kitap aslynda, Hudaýyň aklyndan we ýüreginden abraý bilen syzyp çykýan hasap etmek bolmaýan, biri-birine garşy çykýan pikirleriň we taglymatlaryň garyndysy bolup durýan bolsa, biz teologiýanyň biziň öz pikirimiziň önümi bolup durýandygy babatda Miçem bilen doly ylalaşardyk. Ýöne eger Mukaddes Kitabyň üýtgewsiz Hudaýdan syzyp çykýandygyna ynanmak mümkin bolsa (12-nji baba seret), onda ylahyýeti biz däl-de, Ol kesgitleýär. Taraplar Mukaddes Kitabyň bu sorag boýunça abraýly söz bolup durýandygy bilen ylalaşsalar, onda teologiýa baradaky

çekişmeler sagdyn bolardy. Ýöne subýektiw hakykatyň şu günki medeniýetinde ylahyýet adam pikiriniň we ileri tutýan zatlarynyň soragy bolup durýar, şonuň üçin munuň ýaly pozisiýa ara alyp maslahatlaşdyrylma degişli däldir. Şonuň üçin eger hakykatyň obýektiw we abraý derejesinde dogrudygyny kimdir biri yglan etmäge het etse, ony iň bolmanda köneçil, iň erbet ýagdaýda hem, dine berlen adam hasap ederler.

Men (Şon) ýaşlar ýygnagynda seksuallyk temasynda çykyş etdim. Çykyşymyň ortasynda bir gyz meniň sözümi bölüp, häzirki döwürde meniň ýaşlardan ýygy-ýygydan eşidýän bäş sözümi gaýtalady: "Ýazgarar ýaly siz kim bolupsyňyz?" Ol meniň ahlak pikirleri çykarmaga hakymyň ýokdugyny, sebäbi hakykatyň obýektiwdigini, ýagny munuň "meniň hakykatymdygyny", munuň bolsa garaýyşlaryň hemmesini deň edýändigini gygyryp aýtdy. Bu gyz, biziň köpimiz ýaly, ahlak taýdan ortaça bolma medeniýetinde ulalyp, özüniň köp hakykatlary kabul edenine guwanýardy. Bize garaýyşlaryň hemmesine sabyrly bolmagyň gerekdigini, ýazgarmaly däldigini, tankytlamaly däldigini we bir ýol beýlekisinden gowy däl hem-de bir ylahy nukdaýnazar beýlekisinden dogry bolup durýar diýip pikir etmeli däldigini aýdýarlar. Kimdir biri Hudaýyň Sözünde berlen hakykaty bilýändigini aýdan pursatynda oňa ýerliksizlik, dine berlenlik we ýazgaryjylyk ýarlygyny dakýarlar.

Hakykatyň şahsy hem subýektiw bolup durýandygy baradaky pikiri inkär edýän bolsak-da, ol dolulygyna nädogry bolmaýar, bu hem, käbir adamlary aljyraňňylyga salýar. Sebäbi aslynda käbir hakykat — bu şahsy saýlawdyr ýa-da ileri tutulýan zatdyr. Mysal üçin, pikirleriň haýsysy dogry: "Şokoladly doňdurmanyň tagamy gowy" ýa-da "Wanilli doňdurmanyň tagamy gowy"? Jogap siziň haýsy tagamy gowy görýändigiňize bagly bolýar, şonuň üçin ol dogry-da, nädogry-da, hakyky-da, hakyky dälem bolmaýar. Şokolad siziň üçin, wanil bolsa, meniň üçin gowy bolup biler. Bu ýerde garşydaşlyk ýok, sebäbi gürrüň biziň subýektiw taýdan gowy

görýän zatlarymyz barada barýar. Munuň ýaly hakykat indiwidual bolup, hatda wagtyň geçmegi bilen üýtgäbem biler.

Ýöne gürrüň Awtory Hudaý bolup durýan Mukaddes Kitaba ýetende, ahlak standartyň absolýut hakykaty eýýäm başga sorag bolýar. Hudaýyň Sözi — bu tebigatynyň we häsiýetiniň özüne esaslanyp, ahlak hakykaty kesgitleýän Biri baradaky aýanlykdyr. Mukaddes Kitap — bu Hudaýyň Özünden syzyp çykýan awtoritet hakykatdyr. Biziň wezipämiz — Mukaddes Ýazgynyň sahypalarynda onuň hakykatyny açmakdyr. Şonuň üçin Hudaý bize aýdanda, özümiz şol hakykaty durmuşymyzda ulanmalydyrys.

## MAKSAT BILEN ÝAZYLAN

Mukaddes Kitabyň her bir kitabynyň belli bir manysy bar. Hudaý şol manyny biziň açmagymyzy isleýär. Biz Özüni duýup, tanap we söýüp biler ýaly, Öz ýollaryndan ýöräp, töweregimizdäkileri Özüniň bizi söýşi ýaly söýüp bilmegimiz üçin Ol tekstde Özüni we Öz hakykatyny açmak isleýär. Aslynda biziň wezipämiz sözleriň çaklanylýan manysyna düşünmek üçin olary düşündirmekden ybaratdyr.

Düşündirmek — ýazylan ýa-da aýdylan zadyň hakyky manysyny ýüze çykarmagy aňladýar. Biz manyny emele getirmeýäris; biz ýöne bir ilkibaşdaky çaklanylýan manyny düşündirmelidiris. Resul Petrus "Mukaddes Ýazgynyň pygamberlik sözleriniň hiç biriniň öz-özüňden many çykarma däldigini" (2 Petrus 1:20) aýdýar. Şonuň üçin tekstden özümiziň dogry hasap edýän zadymyzy okamagyň deregine, Hudaýyň bize açmak isleýän manysyny almalydyrys.

Bu prosese *ekzegezis* diýilýär.

*Ekzegezis* grek dilindäki "meşhur etmegi, taglymatda üstüni açmagy, meşhur edip yglan etmegi" aňladýan sözden gelip çykandyr. Bu söz Ýohannanyň Hoş Habarynda resul Isanyň bize Hudaýy "*görkezendigini*" aýdanda ulanylýar (Ýohanna 1:18). Kulakowyň häzirkizaman rus terjimesinde bu söz "*açdy*" diýlip terjime edilýär (18-nji aýat).

Mukaddes Ýazgynyň parçasynyň manysyny dogry düşündirmek we açmak üçin biz *ekzegeza* prosesi bilen meşgullanýarys. Biz muny ugrukdyryjy kim, näme, nirede, haçan, näme üçin we nähili diýen soraglary bermek bilen edýäris.

Bu prosesde biz:

1. teksti grammatiki konstruksiýasyna düşünmek üçin öwrenýäris;
2. aýratyn sözleriň manysyna — göni, göçme, medeni we ş.m. manysynda düşünmeklige çalşarys;
3. taryhy kontekstini taparys: awtoryň şahsyýeti, medeni gurşaw, wagtlaýyn çarçuwalar we ş.m.
4. habary abzasyň, baplaryň, aýratyn kitaplaryň we Mukaddes Kitap hakykatlarynyň bütin göwrüminde öwreneris;
5. ulanylan wagtdan daşary hakykatyň şol wagtda kime ýazylandygyna düşüneris we şol wagtdan daşary hakykatyň bu gün bizde nähili ulanmalydygyna düşüneris.

Siziň ýadyňyzda bolşy ýaly, biz samariýaly aýal, Merýem, Petrus we ş.m. parçalary düşündirenimizde şu elementleriň hemmesini bolmasa-da, köpüsini ulandyk. Eger Mukaddes Kitabyň hakyky Hudaýyny tanamak isleýän bolsak, onda Mukaddes Ýazgynyň çaklanylýan manysyny düşündiriş prosesiniň aýgytly ähmiýeti bardyr.

Ýatda saklaň: doglanymyzda günäli bolup dogulýandygymyz sebäpli, biz üstümizde köp ýüki göterýändiris. Şonuň üçin Hudaý bizi satyn alanyndan soň hem, düşünjämiz köplenç bulaşyk bolup, biz Mukaddes Ýazgyny nädogry düşündirmäge meýilli bolýarys. Biziň dünýämizde takwa mugallym adyna dalaş edýän, ýöne Mukaddes Ýazgyny ýoýýan we başgalary-da ýalňyşdyrýan adamlaram bar.

Pawlusyň Korintosdaky ýygnaga ýalan mugallymlar barada duýdurmasy şu günem örän aktualdyr, sebäbi köp sanly “galp

resullar, Mesihiň resullarynyň keşbine girýän aldawçy işgärlerdir. Bu geň zat däl, sebäbi şeýtanyň özi-de nur perişdesiniň keşbine girýär" (2 Korintoslylar 11:13–14).

Ine, näme üçin Pawlusyň "Hakykat sözüni dogry öwredýän, özüňi gowy görülýän, utanmajak işçi hökmünde Hudaýa hödürlemek" (2 Timoteos 2:15) çagyryşyna gulak asmak şeýle wajyp eken. Ilki seredeniňde munuň kyn ýumuş ýaly bolup görünmegi mümkin. Ýöne Mukaddes Kitabyň manysyny kesgitlemekde barlanylan prosese eýersek, onda bu beýle däldir. Mundan başga-da, indiki bapda seredip geçjek prosesimizde bize kömek etjek gymmatly okuw kitaplary we sorag-jogap gurallary hem bar. Häzir bolsa, geliň, düşündiriş prosesindäki iki sany esasy elementde — *sözüň manysynda* we *şol sözleriň kontekstinde* — ünsümizi jemläliň.

## SÖZLERIŇ MANYSY

Dil, elbetde, sözlerden ybaratdyr. Sözler — bu pikirleriň gurluşyk bloklarydyr. Biz sözleri sözlemlerde we abzaslarda jemlänimizde, olar gepleşikleriň esasy birlikleri bolýarlar. Bu islendik edebi eserler dogrusynda hem ulanarlyklydyr. Mukaddes Kitap bolsa — bu Hudaýyň hakykatyny, durmuşda Mukaddes Ruhuň Şahsyýeti arkaly ulanylýan hakykaty bize berýän sözlerden, sözlemlerden we abzaslardan ybarat edebi eser bolup durýar.

Ýöne biziň şol sözleri düşündirişimiz wajypdyr, sebäbi sözler başga sözler hem jümleler bilen baglanyşykly bolanda, öz manysyny üýtgedýärler. Beýle bolsa, şonuň ýaly ýagdaýda Mukaddes Kitabyň sözlerini nädip düşündirmek gerek, göni manysyndamy, göçme manysyndamy ýa-da başgaçamy? Hut şu ýerde metaforany we grammatikany ulanmalydygyna düşünmelidiris. Mysal hökmünde Isanyň Ýohanna 6:35-däki sözlerini alalyň. Bu parça serediň-de, 35-nji aýady okaň.

*Metafora.* Isa Özüniň "ýaşaýyş çöregidigini" aýdanda nämäni göz öňünde tutdy? Düşündirişiň bir bölegi sözlere göni manyda

düşünmekligi däl-de, sagdyn pikiri ulanmagy göz öňünde tutýar. Diliň Mukaddes Kitaba nähilidir bir emeli standartlary girizjek bolmagynyň deregine, onuň tebigy usulda gürlemegine ýol bersek, parça has gowy düşünip bileris. Biziň eýýäm aýdyp geçişimiz ýaly, Mukaddes Kitap — bu edebi eserdir, şonuň üçin oňa-da beýleki eserlerde ulanylýan lingwistik düzgünleri ulanyp bolýar. Bu Mukaddes Kitabyň her bir sözüni göni manysyndan kabul edip bilmejekdigimizi aňladýar. Mukaddes Kitap hakykydyr diýip çaklamak bilen biz mamla bolsak-da, metaforalaryň, deňeşdirmeleriň we meňzetmeleriň aslynda etmeli bolýan zatlaryny etmegine ýol bermelidiris-de, olara göni manyny goşmaly däldiris.

Mysal üçin, Isa: "Men ýaşaýyş çöregidirin" — diýende, Ol Özüniň üwelen undan bolup, hamyrmaýa goşulyp bişirilen çörekdigini göz öňünde tutýarmy? Eger ýok bolsa, onda Ol nämäni göz öňünde tutýar? Ol metaforanyň üsti bilen, çöregiň biziň fiziki ýaşaýşymyzy üpjün edişi ýaly, ruhy ýaşaýşymyzy iýmit bilen üpjün edýändigini düşündirýär. Dogry, bu mysal ony inkär ederden juda göze ilginçdir. Ýöne adamlar Mukaddes Kitap metaforalaryna göni manysynda düşünmäge synanyşanlarynda emele gelýän oýlanylyp tapylan düşündirişlere haýran galarsyňyz.

*Grammatika.* Parçany düşündirenimizde biz diňe metaforalary gözlemeli däl-de, eýsem, grammatika hem üns bermelidiris. Grammatika işligiň zamanlary, işligiň buýruk formasy, eýe we habar ýaly zatlary öz içine alýar. Bu elementler diliň strukturasyny kesgitläp, gürrüňiň näme barada barýandygyny anyklaýan wajyp faktorlar bolup durýar.

---

Bu parçada bolşy ýaly, grammatika dogry düşünenimizde, bu hakyky manyny — bu ýerde Isanyň ebedi tebigatyny we Onuň Hudaý bilen birligini — açmaga bize kömek edýär.

---

Mysal üçin, grammatika Isanyň: “Men ýaşaýyş çöregidirin” diýen sözleri işligiň zamany babatda onuň düşündirişine täsirini ýetirýär. Şeýlelikde, Isa Özüni ýaşaýyş çöregi diýip atlandyranda — öten, häzirki ýa geljek — haýsy zamany ulandy?

Isa: “Men ýaşaýyş çöregi bolupdym” ýa-da “Men ýaşaýyş çöregi bolaryn” diýmedi. Ol: “Men ýaşaýyş çöregidirin” diýende häzirki zamany ulandy. “Çöregidirin” (“Men bardyryn”) sözüniň ulanylmagy Mesihiň mydama şol bir bolşuna üýtgewsizligine galýan ebedi tebigatyny görkezýär. Bu wajypdyr. “Mendirin” diýen beýik söz bilen gowy tanyş bolan Onuň ýewreý halky üçin bu sözüň uly manysy bardyr. Ýekeje minut tapyp, Müsürden çykyş kitaby 3:14-de gürrüňi edilýän duşuşyk hakda okaň.

“Müsürden çykyş” kitabyndaky parçada Musa ýaňyja ýanyp duran çaly agajynda Hudaý bilen duşuşypdy. Musa özüni Kimiň goýberendigini faraon soranda, Onuň haýsy adyny aýtmalydygyny anyklanda, Hudaýyň beren jogabyna üns beriň. Ol Öz adynyň “Men” ýa-da “Mendirin” diýip aýtdy.

Isa Özüni diňleýänleriň öňünde aljyramady. Fariseýleriň Isa ýöňkeýän aýyplamasy Onuň Özüni Hudaý bilen deň hasap edýändiginde jemlenendi. Ýöne Isa hakykatdan hem, beýik “Mendirindir”. Ol muny fariseýlere aýtdy. Ol — hemişe bar bolan Hudaýdyr, Älemiň ebedi Perwerdigäridir we janlarymyzyň ebedi Goragçysydyr. Bu parçada bolşy ýaly, grammatika dogry düşünmegimiz hakyky manyny açmaga bize kömek edýär — bu ýerde Isanyň ebedi tebigatyny we Onuň Hudaý bilen birligini açýar.

## KONTEKSTDÄKI SÖZLERIŇ MANYSY

Göz öňüne getirip görüň, men dostlarym bilen gürleşip durkam, siz meniň (Şonuň) ýanymdan geçýärsiňiz Siz şonda meniň: “Indiki hepde men Stefaniniň ýanyndan gidýärin, Skotti-de onuň bilen galýar” diýen sözlerimi eşidýärsiňiz. Siz eşiden zadyňyz barada soramak üçin saklanmaýarsyňyz-da, dostuňyzyň ýanyna gidýärsiňiz. Ine, siz oňa näme aýdyp bilersiňiz:

— Sen Şon we Stefani Makdaueller baradaky soňky täzelikleri eşitdiňmi?

— Ýok — diýip, dostuňyz jogap berýär. — Näme boldy?

— Men şu wagtjyk Şonuň indiki hepdede Stefaniniň ýanyndan gidýändigini, Stefaniniň olaryň ogluna hossarlyk etmäni aljakdygyny eşitdim.

Geň galan we gynanan dostuňyz başyny ýaýkaýar.

— Men muňa ynanyp biljek däl. Ine, saňa ýene bir mydama aragatnaşyklar hakda öwredýän, özi bolsa, öz sözlerine laýyklykda ýaşamaýan mesihi gullukçysy. Nähili masgaraçylyk!

Şu wagtjyk näme boldy? Siz meniň sözlerimi takyk düşündirdiňizmi? Meniň indiki hepde aýalymy goýup gitjekdigime, biziň oglumyz Skottiniň hem onuň bilen galýandygyna dogry düşündiňizmi? Ýöne siz ondan öňki hem soňky sözleri eşitmediňiz.

Ine, meniň dostum bilen eden doly gürrüňim:

— Sen Ysraýyla gezelenç etjegiňe begenýän bolsaň gerek — diýip, meniň dostum aýdýar.

— Hawa, men muňa örän garaşýaryn — diýip, men jogap berýärin.

— Sen şu hepde gidýärsiň, dogry dälmi? Stefani seniň bilen gidýärmi? — diýip, dostum soraýar.

— Ýok, indiki hepde men Stefaniniň ýanyndan gidýärin. Skotti-de onuň bilen galýar — diýip, men jogap berýärin.

Men säginýärin.

— Men bary-ýogy bir hepdelik gidýärin, şonuň üçin onçakly küýsemäge-de wagt bolmaz, ýöne men barybir maşgalamdan uzakda bolmagy halamaýaryn.

Gep, eger kontekstden bir sözi bölüp aýyrsak, onda aýdylan ýa-da ýazylan zadyň hakyky manysyny ýitirmegimiziň mümkindigindedir.

## Edebi kontekst

Kontekst parçany düşündirmek üçin wajypdyr. Düşündiriş — onuň ýagdaýyna, aýadyň öňünde nämäniň gelýändigine, ondan soň nämäniň

gelýändigine düşünmekdir. Eger biz “men Stefaniniň ýanyndan gidýärin” diýen ýaly sözleri ýa-da Mukaddes Ýazgynyň parçasyny bölüp alyp, ony bütin tekstiň çäklerinde düşündirip bilmesek, onuň manysyny nädogry düşündirmäge töwekgelçilik edýäris.

Tekstden manyny dogry çykaryp almak üçin biz ony edebi kontekstde görmelidiris. Meniň (Joşuň) Galatýalylar 6:2 aýada düşünmegiň maňa kyn düşýänini aýdanym ýadyňyzdamy? Gep meniň “birek-biregiň ýüküni götermäge” nädogry düşünenimde däl-de, oňa kontekstde seretmändigimdedi. Aşaky üç aýady okanymdan we grek dilindäki “ýük” we “agram” sözüni aňladýan sözleri öwrenenimden soň, men bu aýada bütin parçanyň kontekstinde düşünip bildim.

Parçany kontekstden üzňelikde okanymyzda, tekste aslynda ol ýerde bolmadyk başga manyny goşmagymyz mümkin. Şonuň ýaly ýagdaýda alymlar “gowuja okamagy” aňladýan *eýsegezise* ýüzlenýärler. Düşündirişiň ýalňyşlarynyň köpüsi Mukaddes Ýazga ol ýerde asla bolmadyk manyny berýändikleri sebäpli bolup geçýär. Kontekstde okap, mundan gaça durubam bolýar.

Bize Mukaddes Kitap hakykatyny kontekstde düşündirmek üçin birnäçe aýat öň ýa-da soň okamakdan ulurak zady görmek gerek. Biz oňa babyň kontekstinde we aslynda, bütin Mukaddes Kitabyň kontekstinde seretmek gerek.

## Atanaklaýyn salgylanmalar

Atanaklaýyn salgylanmalar, kitabyň bu sorag boýunça aýdyp biljek zatlarynyň hemmesini tapmak üçin Mukaddes Kitapdaky bir aýatdan beýlekisine geçmek bilen temany ýa-da sözi yzarlama prosesini aňladýar. Atanaklaýyn salgylanmalaryň güýji biziň ýüzlenýän abraýly çeşmämizdedir. Biziň Mukaddes Ýazga Ýazgyny düşündirmegine rugsat edýänimiz üçin öz gelen netijelerimiziň dogrudygyna ynamly bolup bileris. Atanaklaýyn salgylanmalary gözlemek üçin birnäçe resurslar elýeterdir, biz olara indiki bapda jikme-jik serederis. Häzirlikçe bolsa, özümiziň Mukaddes Kitabyň köp görnüşlerinde görýän atanaklaýyn salgylanmalaryňyz bilen

çäkleneris. Olarda aýadyň ýanynda aýratyn sütünde atanaklaýyn salgylanmalar bellenilendir. Siziň Mukaddes Kitabyňyzda, şeýle hem, atanaklaýyn salgylanmalar bilen işlemekdäki ýene bir kömekçi bolup durýan simfoniýa hem bolup biler. Goşmaça peýdaly gural — bu tematiki taýdan baglanyşykly bolan zynjyrly Mukaddes Kitapdyr. Tematiki taýdan baglanyşykly zynjyrly bolan Mukaddes Kitabyň sahypalarynyň gyrasynda gowuja oýlanylyp goýlan salgylanmalar we salgylanmalaryň görkezmeleri bar bolup, olar berlen temany bütin Mukaddes Ýazgynyň içinden yzarlamaga kömek edýär.

Üns beriň, biz "Mendirin" adynyň häzirki zamanda ulanylyşy hakda gürrüň edenimizde, Musany we ýanyp duran çaly agajyny göz öňünde tutupdyk. "Mendirin" adynyň Müsürden çykyş 3:14-de bardygyny biz nireden bildik? Mukaddes Kitapdaky atanaklaýyn salgylanmalar bizi Müsürden çykyş kitabyna gönükdirýär. Olaryň biri Isanyň: "Men ýaşaýyş çöregidirin" — diýen sözleridir. Ýöne häzir, geliň, bu parçany edebi kontekstde öwrenmek üçin Ýohannanyň 6-njy babynyň kontekstinde ýöne bir saklanalyň. Bütin baby okamak üçin birnäçe minut tapyň.

Siz näme tapýarsyňyz?

Bu baby okanyňyzda siz babyň dolulygyna Isanyň biziň durmuşymyza goldaw berýändiginde ünsi jemleýänini, gürrüňsiz, tapansyňyz. Ol adamlaryň Isany diňlemek üçin gelýändiklerinden we Isanyň Filipusdan: "Bular iýer ýaly çöregi nireden satyn alarys?" (5-nji aýat) diýip soramagyndan başlanýar. Isa bäş çörek hem iki balyk bilen bäş müňden gowrak adamy doýrup, gudrat görkezýär. Aç adamlaryň gudrat bilen doýrulmagynyň kontekstinde "Men ýaşaýyş çöregidirin" diýen yglan edilme eşidilýär. Isa suwuň ýüzünden ýöreýär, mähelle Onuň yzyna nädogry maksat bilen düşýär. Isa: "Men size hakykatyny aýdýaryn, siz Meni alamat göreniňiz üçin däl, çörek iýip doýanyňyz üçin agtarýarsyňyz" (26-njy aýada seret) — diýýär.

Isa aç adamlaryň mätäçliklerini kanagatlandyrýar. Ýöne Ol olaryň fiziki iýmite bolan talaplaryny kanagatlandyrmakdan has

köp zat etmek isledi. Ol: "Iýmit ýaly basym zaýalanýan zatlaryň aladasyny etmäň. Gowusy, güýjüňizi size Ynsan Oglunyň berip biljek ebedi ýaşaýşyny gözlemeklige sarp ediň... Gökden inen diri çörek Mendirin. Bu çörekden iýen adam ebedi ýaşar" (27-nji, 51-nji aýatlara seret) — diýýär.

Isanyň Özüniň ýaşaýyş çöregidigini aýdýan sözlerinde biziň her birimiz üçin şeýle köp many bar, ýöne ony kontekstde okamasak, onuň nämäni aňladýandygyny anyk düşündirip bilmeris. Biz Mukaddes Ýazgynyň käbir manysynda öz-özüni düşündirmegine ýol berýäris. Mukaddes Ruh Öz Sözüniň hakykatyny göni bize açmak isleýär, sebäbi biz Onuň şol döwürlerde Özüni diňleýänlere aýdylan ýa-da ýazylan hakykatlarynyň aktualdygyna düşünýäris. Muny etmegiň usullarynyň biri-de — Mukaddes Kitaby özüniň edebi kontekstinde okamakdyr.

## Taryhy kontekst

Mukaddes Kitap dürli taryhy döwürlerde ýazylypdyr. Belli bir wagtyň gatnaşyklary, ýagdaýlary, ýaşaýyş ýörelgeleri we syýasy strukturalary biziň parçalara düşünişimize täsirini ýetirer. Şoňa görä-de, Mukaddes Ýazgynyň manysyny "düşündirmek ýa-da açmak" üçin biz oňa medeni kontekstde seretmelidiris. Geliň, Isanyň "Men — ýaşaýyş çöregidirin" diýen sözlerine onuň medeni kontekstinde seredeliň. Bu bize ony nähili düşündirmelidigi barada näme diýýär?

Taryhy ýagdaý — I asyr, Ysraýyl rim okkupasiýasynda. Ol döwürlerde çörek iýmitiň esasy çeşmesi bolupdyr. Ol häzirki döwürdäki ýaly, esasy iýmitiň ýanyndan äberilýän goşmaça iýmit bolmandyr — ony et, çorba ýa-da işdäaçar bilen iýip bolýar. Çörek esasy iýmit bolupdyr. Şeýlelikde, Isanyň çöregiň keşbini ulanmagy bu metaforanyň diňleýjileriň ruhy durmuşy üçin Isanyň jan derejesinde wajyp bolandygyny belleýänini düşündirýär. Olaryň çöreksiz fiziki taýdan ölüşleri ýaly, olaram Isasyz ruhy taýdan ölýärler.

Biz Mukaddes Kitaby okanymyzda, geçmişe dolanan ýaly bolýarys. Mukaddes Ýazgylar 1500 ýylyň dowamynda ýazyldy.

Bu wagtyň dowamynda ullakan medeni, syýasy we sosiologiki üýtgeşmeler bolup geçdi. Takyk bir parçanyň ýazylan wagtyndaky taryhy ýagdaýa düşünmek bilen biz Hudaýyň adamlara näme diýenine we näme üçin diýenine has gowy düşünip bilýäris. Indiki baplarda biz medeni kontekstiň wajyplygyny has dolulygyna göreris.

## DÜŞÜNDIRIŞ PROSESINE SYN

Mukaddes Kitaby okan wagtyňyzda siziň maksadyňyz — Hudaýyň size näme diýýänine düşünmekdir. Siz Hudaýy has çuň tanamak, Onuň sizi nähili söýýänini we Ony hormatlap we ak pata alyp bileriňiz ýaly, Onuň söýşi ýaly başgalary söýmegiň nähili wajypdygyny bilmek isleýärsiňizmi? Munuň üçin biz siziň bilen, eýýäm aýdylyp geçilişi ýaly, Hudaý Özüniň sözlerini ýazyjylaryň 40-a golaýyny ruhlandyranda nämäni göz öňünde tutandygyna düşünmelidiris. Şonda biz häzir, XXI asyrda Hudaýyň özümize näme diýýänine düşünip bileris.

---

Mukaddes Ýazgynyň sözleri ýörite XXI asyrda ýaşaýan biz üçin ýazylan däl bolmagy mümkin, ýöne bu olaryň biz üçin ýazylmandygyny aňlatmaýar.

---

Aslynda bize iki etaply proses gerek bolup, olar Hudaýyň Sözüni düşündirmede bir prosesde birikmelidir. Birinji ädim — bu parçanyň şu sözleri ilki aýdanlar ýa-da ýazanlar üçin nämäni aňladanyny we olary diňlänler ýa-da okanlar üçin nämäni aňladanyny anyklamakdyr. Hut şonda, öňki mysallarymyzyň görkezişi ýaly, taryhy ýagdaýlar juda wajyp bolýar. Mysal üçin, Isa Özi barada we guýynyň boýunda gürleşeninde samariýaly aýal barada örän wajyp bir zat aýdýar. Näme aýdylanyna, kimiň aýdanyna, nähili aýdylanyna, nirede aýdylanyna, haçan aýdylanyna we näme üçin aýdylanyna düşünenimizde, Isanyň Kim bolandygy we Onuň samariýaly aýal

bilen nähili gatnaşyklary isländigi barada örän gyzykly bir zatlary bildik. Grammatika we sözleri ulanmaklyk bize has çuň düşünjäni berdi. Bu duşuşygy Isanyň durmuşynyň, Onuň missiýasynyň we Hudaýyň adamzat üçin umumy meýilnamasynyň kontekstinde doly görenimizde, biz bu parçany has takyk düşündirip bildik.

Petrus bilen Merýem baradaky parçalara düşünişimiz babatda hem şuny aýdyp bolar. Galatýalylara hatyň 6-njy babyndaky sözleri asyl nusganyň dilinde öwrenenimizde hem, "birek-biregiň ýüküni götermäniň" nämäni aňladýandygyna düşündik. Biziň bar güýjümiz Isanyň ýa-da Pawlusyň gürleşen adamlary üçin bu sözleriň manysyny düşündirmeklige gönükdirildi.

Şu etapda aýdylan ýa-da ýazylan sözleriň hijisiniň bize, XXI asyrda ýaşaýanlara ýazylmandygyny ýa-da aýdylmandygyny ýatda saklamagymyz gerek. Isa Öz şägirtleri, mähelle we dürli adamlar bilen gürleşdi. Resullar Hoş Habarlary ýazanlarynda, Pawlus, Petrus Ýakup we beýlekiler Täze Ähtiň kitaplaryny ýazanlarynda, olarda belli bir diňleýjiler bardy. Olaryň 2000 ýyl geçenden soň öz ýazgylarynyň bütin adamzat üçin abraýly Mukaddes Kitap hökmünde çap ediljegini öňünden bilendikleri gümanadyr. Gep olaryň öz ýazan zatlaryny taryhy kontekstde häzirkizaman dünýädäki bar bolan diňleýjilerden düýpli tapawutlanýan adamlar üçin ýazandyklaryndadyr. Ýöne Mukaddes Kitabyň sözleriniň *bize*, XXI asyrda ýaşaýanlara aýdylmandygyna garamazdan, bu olaryň *biziň üçin* ýazylmandygyny aňlatmaýar. Şeýle-de bolsa, Hudaýyň Özüni we Öz hakykatyny belli bir taryhy döwürde belli bir adamlar üçin açandygy sebäpli, biziň ilkinji derejeli wezipämiz Onuň şol pursatda olara näme diýjek bolandygyny düşündirmekden ybaratdyr.

Soň indiki ädim gelýär: bu ädim Hudaýyň şu wagt bize nähili uniwersal we wajyp hakykaty açýandygyna düşünmegimizdir. Ýatda saklaň, Mukaddes Kitap — bu adaty bolmadyk edebi eserdir. Ol diri Hudaýyň diri Sözüdir. Ol şu gün ýaşaýan her bir adam üçin aktualdyr we medeni gurşawymyza garamazdan, durmuşyň islendik ulgamynda ony ulanyp bolýandyr. Ýewreýlere hatyň awtory:

> “Hudaýyň sözi janly güýçden doly. Ol iň ýiti pyçakdan-da ýiti bolup, biziň gizlin pikirlerimize hem isleglerimize çenli çuň kesýändir. Bu biz aslynda nähili bolsak, şonuň ýalylygymyza hem açýandyr. Bütin ýaradylyşyň içindäki hiç zadam Ondan gizlenip bilmez. Onuň gözleriniň öňünde ähli zat ýalaňaç hem açykdyr. Bu Hudaýa biz eden zatlarymyzyň hemmesini düşündirmeli bolarys” (Ýewreýler 4:12–13-e seret).

Hudaýyň Sözüniň hakykaty taryhyň, medeniýetiň, däpleriň, dilleriň we wagtyň çäklerinden çykýandyr. Şonuň üçin, adamlara Öz Sözüni bereninden soň olaryň nämäni bilmeklerini Onuň isleýändigine düşünmäge synanyşanymyzda, bu gün öz durmuşymyzda biziň nämäni bilmegimizi isleýändigine düşünmäge-de synanyşýarys, sebäbi Mukaddes Ýazgy — bu ebedi janly dokumentdir. Biz “muny bilip bilýäris” diýip, Pawlus aýdýar, “sebäbi muny Hudaý bize Öz Ruhy arkaly açdy, Ruh hem hemme zada çuň aralaşyp, hatda Hudaýyň gizlin syrlaryny-da bize açyp görkezýär” (1 Korintoslylar 2:10-a seret) (perefr).

Mundan soň resul Pawlus özüne Mukaddes Ruh tarapyndan berlen sözleri aýdyp, “ruhy hakykatlary düşündirmek üçin Ruhuň sözlerini ulanyp” (1 Korintoslylar 2:13-e seret) gürländigini aýdýar. Köne we Täze Ähtlerde Mukaddes Ruhuň bizde ulanmak isleýän hakykatlary bar. Şonda biziň jogabymyzyň şeýle bolmagy mümkin: “Hudaý, Sen meniň Öz Kitabyňdan okaýan we eşiden parçalaryma düşünmegimi — duýmagymy — isleýärsiňmi? Meniň ýüregim açyk. Biziň söýgi gatnaşyklarymyzyň kontekstinde maňa niýetlenilen habary açmaga maňa kömek et”.

Hudaýyň Sözüne şeýle akyl ýetirmeklik — bu gyzykly syýahatdyr. Bu diňe bir Hudaýyň Öz halkyna müňlerçe ýyllar mundan öň açan zadyna akyl ýetirmäge däl-de, eýsem bu gün siziň durmuşyňyzda-da size aýdýan zatlaryny bilmäge-de mümkinçilik berýän gaty gyzykly prosesdir. Bu Mukaddes Ýazgynyň takyk

düşündirilmeginiň zerurdygyny belleýär. Köp ýyllar mundan ozal Onuň Öz sözlerine nähili maksady salandygyna düşünmek üçin diňe çuňrak öwrenmegimiz gerek. Ol bu hakykaty siziň häzir Özi bilen bile duýmagyňyzy isleýär. Sebäbi Hakykat — bu siziň islendik durmuşy kynçylyklaryň hötdesinden gelip bilmegiňiz üçin size Öz akyldarlygyny, söýgüsini we güýjüni bermek isleýän Şahsyýetdir. "Şonda siz Hudaýdan çykýan ýaşaýşyň we güýjüň dolulygyndan dolarsyňyz" (Efesliler 3:19).

Durmuşyň berýän kynçylyklarynyň hemmesine garşy durup biler ýaly, akyldarlyk, söýgi we güýç alma maksadyna eýe bolanymyzdan soň, biz Mukaddes Kitaby dogry düşündirmäniň gurallaryna geçýäris. Biziň Hudaýyň Sözüniň nämäni aňladýandygyny bilmek islemegimiz mümkin, ýöne gerek gurallar bolmasa, onuň manysyny açmak kyn bolýar. Bu indiki babyň temasydyr.

8-NJI BAP

# DÜŞÜNDIRIŞIŇ GURALLARY

“Men Mukaddes Kitaby okaýaryn, ýöne ony hemişe dogry düşündirýändigime ynamly däl. Mukaddes Ýazgynyň hakyky manysyna düşünmek üçin maňa nähili gurallar gerek?” Hudaýyň Sözüne hakykatdan çuň aralaşmak isleýän adamlaryň köpüsinde bu sorag ýüze çykýar. Mukaddes Kitaby roman ýa-da ylmy-populýar kitap hökmünde ýöne bir okap çykmak ýeterlik däldir. Biziň ozal aýdyp geçişimiz ýaly, Mukaddes Kitaba onuň hakyky manysynda düşünmek üçin, edil gömlen hazynany gazyp çykarýan ýaly, onuň manysyny gözlemegimiz zerur gerekdir. Munuň üçin bolsa, zähmet gurallary — düşündiriş gurallary — gerek. Aşakda esasy gurallaryň sanawy berlen, olar size Hudaýyň Sözüni düşündirme prosesinde eslije kömek edip biler. Indiki baplarda siz şol gurallary ulanyp başlaýarsyňyz.

## KESGITLEMELER WE SÖZLERI ÖWRENMEK

Mukaddes Kitapdaky sözi düşündirmegiň, ýagny onuň manysyny bilmegiň, iň netijeli usuly — bu ony sözlükden tapmakdyr. Adatça Mukaddes Kitap sözlügi söze giňeldilen Mukaddes Kitap kesgitlemesini berýär. Gowy Mukaddes Kitap sözlügi diňe bir kesgitlemäni teklip etmän, eýsem sözüň döreýiş taryhyny-da, şeýle hem, onuň Köne hem Täze Ähtlerde ulanylyşyny-da görkezýär. Internetde “Mukaddes Kitap sözlügini” gözleseňiz, mugt onlaýn

hyzmatlaryny teklip edýän saýtlaryň sanawlaryny görersiňiz we olaryň kömegi bilen Mukaddes Kitabyň sözleriniň köpüsini tapyp bilersiňiz. Eger siz Mukaddes Kitap sözlüginiň çap edilen görnüşini ýa-da programma üpjünçiligini gözleseňiz, almasy mümkin bolan resurslaryň birgidenini görersiňiz.

Ýöne näme sebäpden seredýän sözüňize takyk düşünjäni almak üçin düşündiriş sözlügini ýöne bir tapmak ýeterlik bolmaýar? Siziň bilşiňiz ýaly, Mukaddes Kitap biziň dilimizde ýazylmandyr. Täze Ähtiň aglaba bölegi grek dilinde ýazylypdyr. Köne Äht bolsa, iwritde. Köplenç parça takyk düşünmek üçin başdaky diline ýüzlenmeli bolýarysmy?

Gep grek ýa-da iwrit dilleriniň has takyklygynda däl-de, eýsem biziň dilimizde aýdýanlaryň we ýazýanlaryň pikirleri düýbünden başgaça beýan edýändigindedir. Grek ýa-da iwrit dillerinde pikiriň nähili beýan edilendigini ýa-da konsepsiýasyny bilsek, onda sözüň çaklanylýan manysyna aýdyňrak düşünip bilýäris.

**Görkeziji mysal.** Aýdaly, siz awtomobil satyn alýarsyňyz, soň sizde mehaniki ugurda meseleler ýüze çykýar. Siz lapykeç bolup, arz etmek üçin awtosalonyň eýesiniň ýanyna gidýärsiňiz. Ýöne sizi haýran galdyryp, awtosalonyň eýesi size: “Alada etmäň, men size başga maşyny sowgat berýärin. Men müşderilere hyzmat ediş bölümine jaň ederin, olar hemme zadyň aladasyny ederler” — diýýär.

Şeýlelikde, maşynly meseläňiziň yzda galanyna begenip, onuň ýerine berlen maşyny almak üçin müşderilere hyzmat ediş bölümine barýarsyňyz. Ýöne siz ol ýerde gaty erbet ýagdaýa düşýärsiňiz, sebäbi öňkiniň ýerine almaly maşynyňyz lagşan ýunker bolup, öz maşynyňyzdan-da 20 ýaş uly bolup çykýar! Siz şeýle pikir edýärsiňiz: *ol “başga maşyn” diýende men özümiň häzirkimden gowrak maşyny almaga garaşypdym!*

Eger siziň awtodilleriňiz grek dilinde gürlän bolsa, siz bu meseläni öz maşynyňyzyň ýerine beriljek maşyny görmänkäňiz göni çözüp bilerdiňiz. Mysal üçin, awtomobil satyjy: “Alada etmäň, men size *başga* maşyn sowgat berýärin” — diýip teklip edýär. Bu

ýerde ulanylan grek sözi “*edil şunuň ýaly başga* maşyn” diýmegi aňladýar. Emma size ýöne bir edil şunuň ýaly maşyn däl-de, hili gowy — öňküden gowrak — başga bir maşyn gerek ahyry.

---

Sözlüklerde sözleri gözläniňizde, olaryň garşydaş manysyny — antonimleri — gözlemek hem peýdalydyr. Köplenç garşydaş sözler biri-birini kesgitlemäge kömek edýär.

---

Şeýlelikde, siz: “Sag boluň, maňa «*başga şunuň ýaly* maşyn» gerek däl-de, maňa «*görnüşi ýa-da hili boýunça başga*» maşyn gerek” diýip jogap berýärsiňiz. Eger siz häzirkiňizden *başga gowrak* maşyn almak isleýän bolsaňyz, onda diňe gerekli sözi ulanyň, şonda hemme zat düşnükli bolar.

Grek dilinde şunuň ýaly tapawut beýleki köp dillerdäkä seredeniňde has takykrak kesgitlenilýär. “*Başga*” sözüni aňlatmak üçin düýbünden başga iki söz ulanylýar. Şol sebäpden hem, biz şonuň ýaly tapawudy düşündirmek üçin sözleriň giden toplumyny ulanmaly bolýarys. Mysal üçin, Isa Mukaddes Ruhuň Şahsyýetinde “ýene bir” Göwünlik Berijini ýa-da Maslahatçyny ibermäge söz berende, Ol bu düşünjäni aňlatmak üçin “başga” diýen nähili sözi ulandy? Ol “*başga* Göwünlik Berijini”, ýagny “*edil şunuň ýaly ýene birini*” diýmegi, “*gelip çykyşy ýa-da görnüşi boýunça başga*” däl-de, edil Onuň Özi ýaly bolan Birini aňladýan sözi ulandy. Isa bizi hiç haçan terk etmejekdigine we taşlamajakdygyna ynandyrdy, sebäbi bizde Mukaddes Ruhuň ýaşamagy Isanyň bizde ýaşamagy bilen deň zatdyr.

Siziň sözleriň şunuň ýaly öwrenilmeginiň gymmatyna akyl ýetirmegiňiz, ýöne grek dilini bilmezligiňiz mümkin we ony haçan hem bolsa bir wagt öwrenmeli boljak zat däl hasap edýän bolmagyňyz mümkin. Hut şonuň üçin U. E, Waýn ýaly alymlar bize özleriniň gymmatly resurslaryny berdiler. Onuň “*Täze*

*Ähtiň sözlerini düşündiriji sözlügi*” we “*Köne Ähtiň sözlerini düşündiriji sözlügi*” bize Mukaddes Ýazgynyň asyl nusga sözleriniň manysyny aýdyň hem takyk berýär.

Ýewreý we grek leksikonlarynda gabat gelmeler hem bar bolup, olar hem Mukaddes Ýazgynyň asyl nusga dilindäki manysyny berip bilýär. Strongyň *Simfoniýasy* has giňden ulanylýan simfoniýalaryň biridir. Internetde “Grek diliniň sözlügini” gözlemäge berseňiz, çap edilen we sifrdäki salgylanmalaryň köp sanlysyny taparsyňyz. Siz, şeýle hem, ýerli mesihilik dükanyna ýüz tutup bilersiňiz.

Sözlüklerde sözleri gözläniňizde, olaryň garşydaş manysyny — antonimleri — gözlemek hem peýdalydyr. Köplenç garşydaş sözler biri-birini kesgitlemäge kömek edýär. Mysal üçin, “söýgi” sözüni gözläniňizde, “ýigrenç” sözüni hem gözläň. Olar bilen baglanyşykly bolan sözleri gözlemegem peýdalydyr. Mysal üçin, “fariseýler” sözüni gözläniňizde, “saddukeýler” sözüni-de gözläň. “Mugallym” sözüni gözläniňizde, “bilim”, hatda “ýewreý bilimi” sözüni-de gözläň. Şunuň ýaly ýoly saýlamaklyk siziň belli bir predmet boýunça bilimiňizi giňelder we çuňlaşdyrar.

## MUKADDES KITABYŇ TERJIMELERI WE PARAFRAZLARY

Seredilmesi gerek bolan indiki resurs — bu Mukaddes Kitabyň terjimeleridir. Häzirkizaman bazarynda Mukaddes Kitabyň dürli dillere edilen köp sanly terjimeleri goýlandyr. Saýtlara giriň-de, özüňize elýeter görnüşini saýlaň. Her görnüşiň beýlekisinden nädip tapawutlanýandygyna we onuň nähili aýratynlyklarynyň bardygyna serediň.

Biz perifrazlary ulanmaklyga degişli bolan bir duýduryşy bermek isleýäris. Perifrazlar köplenç bir adam tarapyndan ýazylyp, olar her neneň gowy bolanda-da, gutulgysyz ýagdaýda ýazan adamyň nukdaýnazaryny aňladýar. Has takyk düşündiriş üçin mydama hormatlanylýan bilermenler toparynyň eden gowy terjimesini ulanyň.

## MAGLUMAT BERIJI EDEBIÝAT

Biziň döwrümizde atanaklaýyn salgylanmalary we sözleri, pikirleri, Mukaddes Kitap wakalaryny hem-de Mukaddes Kitap döwründäki durmuş, garaýyşlar we pikirler baradaky maglumatlary gözlemek üçin elýeter bolan resurslar we gözlegler köpdür. Biz şol çeşmeleriň käbirlerini eýýäm agzap geçdik, ýöne aşakda olaryň ýene käbirlerini sanap geçeris. Olara okuw Mukaddes Kitaby, Mukaddes Kitap ensiklopediýasy, teswirlemeler we atlaslar degişlidir. Bu materiallar bize, ömürlerini predmeti derňemeklige we ony öwrenmäge bagyş eden ekspertleriň ylmy beýannamalaryny we synlaryny berýär, olary biz, belki, hiç haçanam öwrenip bilmezdik. Köplenç ýagdaýda şonuň ýaly çeşmeler Mukaddes Kitap sözlerine we parçalaryna takyk düşünmek üçin juda peýdaly bolan giňişleýin maglumatlary berip bilýär.

Belki, siz nämedir bir zady öwrenende Mukaddes Kitabyň özünden başga zady ulanmakdan ýüz öwürýän adamlara duş gelip görensiňiz. Olar adam "Mukaddes Ruh tarapyndan ugrukdyrylýan" bolsa, onda Mukaddes Kitaba düşünmek üçin, oňa başga çeşmeleriň we mugallymlaryň ýa-da alymlaryň düşündirişleriniň gerek däldigine ynanýarlar.

Mukaddes Kitabyň özi munuň ýaly garaýşyň ýerliklidigini inkär edýär we Hudaýyň mugallymlary goýandygyny, şeýle hem, ýygnagy abatlamak we onuň agzalaryny berkitmek üçin käbir mesihilere aýratyn sylaglar berendigini takyk ýatladýar (Rimliler 12; 1 Korinsotlylar 12 we Efesliler 4:11–16). Köp asyrlaryň dowamynda U. E. Waýn we Jeýms Strong ýaly Hudaýa wepaly mesihi alymlary Mukaddes Kitabyň hakykatlaryna düşünme işinde adatdan daşary gymmaty bolan ýazgy resurslaryny ýygnadylar.

Ine, bize peýdaly bolup biljek goşmaça resurslaryň görnüşleriniň sanawy:

**Okuw Mukaddes Kitaby.** Okuw Mukaddes Kitaby — bu öwrenmek üçin iň peýdaly gurallaryň biridir. Olaryň köpüsinde

giňişleýin maglumatlar bar bolup, eger Mukaddes Kitap mugallymy ýa-da çuň öwreniji şägirt bolmasaňyz, olary alyp bilmeýärsiňiz. Gowuja okuw Mukaddes Kitaby aşakda sanalan sorag-jogap kitabynyň köpüsiniň ýerini tutup bilýär. Mukaddes Kitaby öwrenmek boýunça okuw gollanmalar Mukaddes Ýazga berlen gysgajyk teswirlemäni, Mukaddes Kitap kitaplaryna girişleri, olaryň gysgajyk beýan edilmesini, diagrammalary, kartalary, grafikany, gapdal paneli, tekst çykytlaryny, sözlükleri, simfoniýalary we Mukaddes Kitap resurslaryna ýüzlenme zerurlygyndan bizi azat edýän beýleki maglumatlary öz içine alýar.

Okuw Mukaddes Kitaplarynyň köpüsi ünsi belli bir temada jemleýär. Mysal üçin, erkekler üçin okuw Mukaddes Kitaplary, aýallar üçin okuw Mukaddes Kitaplary we tejribe ähmiýetli okuw Mukaddes Kitaplary bar. Olaryň käbirleri pygamberliklerde, ruhy göreşde ýa-da Hoş Habary ýaýratmakda ünsi jemleýärler. Satlykda olaryň täzeden täzesi yzygiderli peýda bolýar. Meniň (Şon) özüm "*Talyplar üçin apologetikany öwrenýän Mukaddes Kitabyň*" zerurlygyny görýärin we Holmanyň "*Mesihilik standart Mukaddes Kitabynyň*" terjimesiniň neşirçisi bilen onuň redaksiýasynyň üstünde işleýärin. Dürli okuw Mukaddes Kitaplaryny öwreniň we öz talaplaryňyza we maşgalaňyzyň talaplaryna has gowy gabat gelýänini saýlaň.

Ýokarda biz okuw Mukaddes Kitaplarynyň köpüsinde atanaklaýyn salgylanmalaryň bardygyny agzap geçipdik. Goşmaça düşündiriş üçin, geliň, okuw Mukaddes Kitabynda atanaklaýyn salgylanmalaryň sözde nädip ulanylýandygyna seredeliň.

Mysal üçin, Matta 3:7-däki "fariseý" sözüni alalyň. Okuw Mukaddes Kitabynda siz fariseýleriň we saddukeýleriň kimdiklerine, şeýle hem, gelip çykyşlaryna we däplerine düşündiriş taparsyňyz. Gapdalda içinde "fariseý" sözi bolan her bir Mukaddes Kitap aýadyna atanaklaýyn salgylanma bolar. Okuw Mukaddes Kitabynyň ahyryndaky predmet görkezijisi bu tema has köpräk degip geçer we bu söz ulanylan konteksti kesgitlär. Mysal üçin, "iman we

ruhy ýagdaý", "we Isa Mesihe iman edýänler", "Isa Mesih bilen dawalar" we ş.m. atanaklaýyn salgylanmalara eýerip, biz fariseýleriň kimdikleri, olaryň nämä ynanandyklary we özlerini nähili alyp barandyklary barada anyk düşünje alarys. Suratlandyrmalardan biz olaryň Isa näme üçin beýle ýowuz darandyklaryna has aýdyň düşüneris. Atanaklaýyn salgylanma ýaly guralyň kömegi bilen alýan maglumatymyzyň düşündiriş prosesinde bahasyna ýetip bolmajak ähmiýeti bardyr

**Atlaslar.** Mukaddes Kitap atlasy ýa-da, hatda, umumy atlas hem, Mukaddes Kitap gahrymanlarynyň we halklaryň ýörän ýollaryny we syýahatlaryny göz öňüne getirmekde bize kömek edýär. Mysal üçin, Ýohannanyň Hoş Habarynyň 4-nji baby, Isa bilen şägirtleriniň Ýahudadan çykyp, Jelilä barmak üçin Samariýanyň üstünden geçendigi habar berilýän ýerini düşündirende atlas olaryň syýahatyny göze görner ýaly etmäge kömek berýär we üç sany geografiki welaýatyň biri-birinden näçeräk aralykda ýerleşýändigini we şägirtleriň näçeräk ýol geçmeli bolandyklaryny görkezýär. Atlaslar, şeýle hem, asyrlaryň dowamynda syýasy araçäkleriň üýtgändigini görkezmek üçin hem peýdalydyr. Palestinanyň Ysraýylyň on iki taýpasy oňa ýerleşen wagtyndaky kartasy, Mesihiň döwründe Rim imperiýasynyň gol astynda bolan şol sebitiň kartasyndan güýçli tapawutlanýar. Atlaslar Mukaddes Kitap taryhyna giren beýik — Müsür, Aşur, Babyl, Pars, Grek we Rim — imperiýalaryň masştablaryny görkezýär. I asyrda Ortaýer deňziniň sebitleri şekillendirilen karta boýunça Pawlusyň syýahatlarynyň ugurlaryny öwrenmek bilen siz onuň syýahatlar wagtynda nähili kynçylyklary ýeňip geçmeli bolandygyna has gowy düşünersiňiz.

Käwagt karta Mukaddes Kitap parçasyna ýa-da kitabyna düşünmekde wajyp açar bolup biler. Onsuz biz, mysal üçin, Ýeşuwanyň kitaby hakda düşünje aljakdygymyz gümandyr. Kenganyň basylyp alnyşy barada okanymyzda, diňe karta ýüzlenmek bilen, Ýeşuwanyň urşy alyp barşyndaky strategiýanyň ajaýyp bolandygyna

baha berip bileris. Ikinji jahan urşunyň generaly Duslag Makartur we ysraýyl generaly Moşe Danýa strateg Ýeşuwanyň zehinine haýran galyp, onuň kenganlylary ýeňiş meýilnamasyny öwrendiler. Ýeşuwanyň kitabyny okanlarynda, olaryň karta boýunça Ýeşuwanyň harby ýörişlerini öwrenendikleri gürrüňsizdir.

Okuw Mukaddes Kitaplarynyň hemmesi we onuň häzirkizaman neşirleriniň hemmesi bize gerek boljak kartalary özünde saklaýarlar. Ýöne atlas käwagt has çuň we jikme-jik georgafiki maglumatlary almak üçin goşmaça resurs hökmünde zerur bolýar.

**Ensiklopediýa.** Umumy ensiklopediýalar ýaly, her dürli Mukaddes Kitap ensiklopediýalary hem, öwrenmekde peýdaly gural bolup biler. Olar taryh, geografiýa, medeniýet, adamlar, artefaktlar we Mukaddes Kitap döwrüniň arheologiýasy barada giňişleýin maglumaty berip bilýär. Dogry, Mukaddes Kitap ensiklopediýalary Mukaddes Kitap temalaryny adaty neşirlere garanda has jikme-jik suratlandyrýar. Ýene, gowy okuw Mukaddes Kitaby biziň Mukaddes Kitap ensiklopediýasyndan tapjak zatlarymyzdan, elbetde, beýle bir çuňlukda we jikme-jik bolmasa-da, köpüsini berip bilýär.

**Teswirlemeler.** Mukaddes Kitap teswirlemeleri — bu jümläniň hut göz öňünde tutýan zadydyr. Bu Mukaddes Kitaby öwrenijiniň Mukaddes Kitap parçalarynyň manysyny düşündirýän teswirlemeleridir. Şol teswirlemeler bütin Mukaddes Kitaba çuňlaşdyrylyp berlen teswirleme bolup, etaplaýyn köp tomly ýa-da bir tomly bolup, onda baplaryň esasy temalaryna seredilýän we belli bir bellenilen aýatlar barada bolup biler. Okuw Mukaddes Kitaplarynyň esasy aýratynlyklarynyň biri-de, olaryň tekst bilen utgaşdyrylan teswirlemeleri özünde saklamagydyr.

Elbetde, her gezek teswirlemeleri ulananymyzda, özümiziň anyk bir awtoryň nukdaýnazaryny okaýandygymyzy ýatda saklamalydyrys. Ol awtorlar adamlar bolandyklary sebäpli, olaryň hem, edil biz ýaly, ýalňyşmaklary mümkin. Biz mydama

teswirlemeleriň öwredýän zatlaryny Mukaddes Kitapda okaýan zatlarymyz bilen deňeşdirmelidiris.

**Aktual kitaplar.** Mesihilik kitap dükanlary siziň öwrenmek isleýän islendik temaňyzdaky kitaplardan doludyr. Ol ýerden aklanma, satyn alynma, halas bolma, mukaddes edilme, mesihilik durmuşy, Hudaý, Mukaddes Ruh, Isa... (garaz nähilisini isleýän bolsaňyz) ýaly temalardaky ylmy we meşhur kitaplary satyn almak bolýar! Eger Mukaddes Kitaby öwrenmekdäki gyzyklanmaňyz belli bir temada jemlenen bolsa, şol temany ýerli kitap dükanyňyzdan ýa-da Internetden iň gowy elýeter resurslary gözläň.

## KOMPÝUTER RESURSLARY

Bu kitapda biz birnäçe gezek Internetdäki resurslara we kompýutere girizip bolýan programma üpjünçiligine salgylandyk. Şol kompýuter resurslarynyň köpüsi ýokarda sanalyp geçilen kitaplaryň ýerini tutup bilýär. Mukaddes Ýazgynyň belli bir aýatlaryny we parçalaryny hem-de olara salgylanmalary gözlemek üçin diýseň gowy bolýan onlaýn-resurslaryň köp görnüşleri bar. Mukaddes Ýazga salgylanmany ýa-da bir-iki sözi girizmek bilen siz Mukaddes Kitabyň islendik görnüşinden islendik aýadyň tekstini tapyp bilersiňiz. Siz diňe bir sahypalary agdarjak wagtyňyzy tygşytlaman, eýsem parçalary ýazmak üçin zerur bolan wagtyňyzy hem tygşytlaýarsyňyz, sebäbi onuň ýöne bir nusgasyny alyp, dokumente goýup bolýar ahyry.

---

Munuň ýaly programmalar ... görüp bolýan elementleriň köpüsini, şol sanda suratlary, illýustrasiýalary, Mukaddes Kitap wakalary baradaky animasiýa wideorolikleri we arheologiki maglumatlary özünde saklaýar.

---

Mukaddes Kitabyň kompýuter programmasyny almak bilen siz, aslynda, ýokarda agzalyp geçilen kitaplaryň islendik birini alyp bilersiňiz. Şonuň ýaly programmalarda Mukaddes Kitap sözlükleri, Mukaddes Kitap ensiklopediýasy, Mukaddes Kitabyň birnäçe görnüşleriniň doly tekstleri, atanaklaýyn salgylanmalar, Mukaddes Kitaby öwrenmek boýunça gollanmalar, diagrammalar, kartalar we teswirlemeler bar. Mundan başga-da, munuň ýaly programmalar görüp bolýan elementleriň köpüsini, şol sanda suratlary, illýustrasiýalary, Mukaddes Kitap wakalary baradaky animasiýa wideorolikleri we arheologiki maglumatlary özünde saklaýar.

*Logos Bible, Biblesoft, BibleWorks, iLumina* ýaly Mukaddes Kitap programmalarynyň birgideni bar. Olary Internetden tapyň ýa-da ýerli kitap dükanyna ýüz tutuň.

## DÜŞÜNDIRMÄNI GURNAMAK

Köp ýyllaryň dowamynda men (Joş) terjime prosesinde özüme kömek etmek üçin tablisalary ulandym. Bu özümiň Mukaddes Ýazgyda tapýan zatlarymy sistemalaşdyrmakdan başga zat däldir. Bellikleri jikme-jik alyp barmak arkaly sizem edil şonuň ýaly edip bilersiňiz. Indi men öz ýazgylarymy diagramma görnüşinde gurnanymy gowy görýärin.

Bu ýerde biz dört diagramma serederis, soň, 10-njy bapda Mukaddes Kitabyň kitaplaryny öwrenmek bilen meşgullananymyzda, sizde olary özbaşdak döretmäge mümkinçilik bolar. 9-njy bapda biz şol diagrammalaryň biriniň ulanylyşyny görkezeris. Aşakda her diagrammanyň suratlandyrylyşy we mysaly getirilen.

**Synlama tablisasy.** Bu içinde Mukaddes Ýazgydan siziň öwrenýän parçaňyz, olara berýän soraglaryňyz, bu parça babatdaky biziň synlamalarymyz bellenilen tablisadyr (aşaga seret). Bu Mukaddes Kitaby okanyňyzda eden açyşlaryňyzy ýazmanyň we sistemalaşdyrmanyň ýönekeý usulydyr. Ol Mukaddes Ýazgynyň

parçalarynda atanaklaýyn salgylanmalar bilen işleşeniňizde aýratyn peýdalydyr.

| SYNLAMA KARTASY — MYSAL | | |
|---|---|---|
| Mukaddes Ýazgy | Soraglar | Synlamalar |
| | | |

**Temanyň atlarynyň tablisasy.** Munuň ýaly tablisa babyň ýa-da Mukaddes Kitabyň ähli kitaplarynyň umumy görnüşini bermek üçin döredilýär. Ol, şeýle hem, kitabyň näme baradadygyny basym ýada salmaga kömek edýär. Temanyň atlarynyň tablisasyny ýatda saklajak bolup, üýtgeşik bir jan çekmezden, kelläňde kitabyň mazmunyny takyk saklamaga kömek edýär (aşaga seret).

Biziň eýýäm aýdyp geçişimiz ýaly, Mukaddes Kitabyň terjimeleriniň köpüsinde we ähli okuw Mukaddes Kitaplarynda her kitabyň baplarynyň tertip belgileri bar. Temalaryň atlarynyň tablisasy hem edil şuny edýär. Şeýlelikde, terjimeler aslynda siziň ýeriňize ähli işleri edýär. Öz temalaryň atlarynyň tablisasyny döretmegiň esasy artykmaçlygy — Mukaddes Kitabyň bütin babyny ýa-da kitabyny bir tablisada görme mümkinçiligindedir. Eger siz öz temaňyzyň atlaryny döretseňiz, tablisa olary sistemalaşdyrmaga

kömek edýär. Eger siz Mukaddes Kitaby öwrenmäni geçýän bolsaňyz, görnüp duran sanawa basym ýetmek hem peýdalydyr.

| TABLISA — MYSAL | | |
|---|---|---|
| Baplar | 1-nji bap | 2-nji bap |
| Babyň ady | | |
| Abzasyň ady | | |
| Esasy aýat (a) | | |
| Esasy söz | | |

**Düşündiriş tablisasy.** Bu tablisa parçanyň çaklanylýan manysy, diňe sizde ulanylýan many barada açýan zadyny, ony öwrenmegi nädip meýilleşdirýändigiňiz ýa-da eýýäm öwrenendigiňiz barada ýazmak üçin niýetlenendir. Şeýle hem, tablisanyň içindäki ýazgy siziň ýüregiňizde we aňyňyzda tapan zatlaryňyzy berkitmäge

kömek edýär. Ol, şeýle hem, özüňiz üçin açan Mukaddes Kitap hakykatlaryňyzy başgalar bilen paýlaşmaga-da kömek edýär (aşaga seret).

| DÜŞÜNDIRIŞ TABLISASY — MYSAL | |
|---|---|
| Çaklanylýan many | |
| Maňa ulanylýan many | |
| Parça düşünmek | |

**Meýilnamanyň tablisasy.** Meýilnamanyň shemasy parçany, baby ýa-da bütin kitaby giňden hem-de çuň düşündirýändigi bilen tema atlarynyň tablisasyndan tapawutlanýar. Meýilnamanyň tablisasy, mysal üçin, babyň temasyny ýazmaga, öň ony bölümlere, ownuk bölümlere bölmäge we ownuk bölümleriň aşagynda bellikleri etmäge mümkinçilik berýär (saga seret).

| MEÝILNAMANYŇ TABLISASY — MYSAL № 4 | | | |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |
| | A. | | |
| | | 1. | |
| | | 2. | |
| | B. | | |
| | | 1. | |
| | | 2. | |
| | Ç. | | |
| II. | | | |
| | A. | | |
| | B. | | |
| | | 1. | |
| | | 2. | |
| III. | | | |
| | A. | | |
| | | 1. | |
| | | 2. | |
| | | | a. |
| | | | b. |

B.

1.

2.

IV.

A.

B.

Ç.

D.

Tablisalar usullaryny ulanma ýa-da bellikleri jikme-jik etme kararyna gelýän gelmeýäniňize garamazdan, iň esasy zat — parçada tapan zadyňyzy gurnamanyň usulyny tapmakdyr we ol siziň üçin mana eýe bolar ýaly, ony kristallaşdyrmagyňyzdyr. Atanaklaýyn salgylanmalarda size hökman özüňiziň gelen netijeleriňizi ýazar ýaly, haýsydyr bir usul gerek bolýar.

Munda size synlama tablisasy kömek eder. Aşakda şonuň ýaly tablisany ulanmak boýunça gönükme getirilýär. Siziň ýadyňyzda bolşy ýaly, atanaklaýyn salgylanmalar — bu Mukaddes Ýazgynyň parçasyna kontekstde düşünme prosesindäki wajyp ädimdir.

## GÖNÜKME: MATTANYŇ HOŞ HABARYNYŇ 7:1 AÝADYNYŇ ATANAKLAÝYN SALGYLANMALARY ULANMAK BILEN KONTEKSTDE DÜŞÜNDIRILIŞI

Matta 7:1-i okaň. Isa şägirtlerine başgalary ýazgarmazlygy buýruk berýärmi? Başda seredende bu hut şonuň ýaly bolup görünýär. Köpler bu aýady bize başgalary ýazgarmak gadagan edilýär diýip düşündirýärler. Ýöne bu aýat Mukaddes Kitapdaky köplenç nädogry ulanylýan aýatlaryň biri bolup durýar. Şeýle-de bolsa, atanaklaýyn salgylanmalaryň ýönekeý prosesiniň kömegi bilen Isanyň bu sözleri kontekste ýerleşdirilýär, bu bolsa bize onuň manysyna dogry düşünmäge mümkinçilik berýär.

11-nji sentýabrdaky teraktdan soň men (Joş) “*Ýagşylygy ýamanlykdan tapawutlandyr*” atly elektron kitaby ýazdym. Bu kitap, esasan hem, biziň medeniýetimiziň wekilleriniň näme üçin ýazgarmaga hakymyz ýok diýip hasap edýändiklerine bagyşlanan. Bu materiala esaslanyp, geliň, soraglaryň käbirlerine jogap bereliň we zerur jogaplary almak üçin, başga aýatlara atanaklaýyn salgylanmalary ulanalyň.

Kontekstiň aňrybaş wajyp ähmiýeti bardyr. Isa: “Başgalary ýazgarmaň” diýende, muny kime aýdýar? Hemme zat nähili görnüşde bolup geçdi?

---

---

---

Matta 7:1 — bu Isanyň Dagdaky wagzynyň bir bölegi bolup, ol Mattanyň Hoş Habarynyň 5-nji babyndan ýazylyp başlanýar.

Isa Dagdaky wagzyny nädip başlaýar? Ol adamlary nämä çagyrdy we Onuň taglymaty näme baradady?

---

---

Isanyň wagzy kimiň Hudaýyň Patyşalygyna girýändigini düşündirmekden başlanýar (Matta 5:3). Isa bütin wagzynyň dowamynda adamlary Özüniň Patyşalygyna çagyrýar. Şonuň üçin Onuň aýdan zatlarynyň islendik düşündirişi Hudaýyň Patyşalygynyň habarynyň kontekstinde ýerleşdirilmelidir. Bu konteksti hasaba alyp, Isa şägirtlerine ýerine ýetirmeli bolan etikasyny teklip edýär. Ol nähili pikir etmelidigi, bu dünýäde nähili ýaşamalydygy baradaky Öz patyşalyk garaýşyny — Özüniň dünýägaraýşyny paýlaşýar. Şu parçada Ol biziň ýazgarmaly däldigimizi aýdýar.

Beýle bolsa, eger biz ýazgarmaly bolmasak, onda muňa kimiň haky bar we näme üçin? Kanun taglymaty kitaby 32:35-i we Lewiler 19:18-i okaň.

---

---

---

Ýene-de kontekst — bu Isanyň Öz Patyşalygyny tassyklamasydyr. Ol onda Adyl Patyşa, Kämil Standrt we hemmeleriň kazysydyr. Hudaý: "Ar almak Meniň işim; almytyny Men bererin" (Kanun taglymaty 32:35-e seret) — diýýär. Ol Ysraýyla "ar almaly däldigini we kine saklamaly däldigini" (Lewiler 19:18) aýdýar. Näme üçin? Sebäbi höküm Adyl Kazynyň işidir. Başga birini höküm edýän adam, aslynda, Hudaýdan kimiň bagyşlanma alýandygyny, kimiň almaýandygyny kesgitlemeklige dalaş edýär. Şeýle etmek bilen Onuň kanuny Kazylygyny zor bilen aljak bolýar.

Bu biziň, Mesihiň yzyna eýerijileriň, öz ahlak ýörelgelerimizden el çekmelidigimizi we hiç hili ahlak posiziýalary eýelemeli däldigimizi aňladýarmy? Näme üçin hawa ýa-da näme üçin ýok? Matta 7:2-ni okaň.

---

---

---

Isanyň mundan soňky diýýän zadyna gulak asyň. "Siziň höküm edýän şkalaňyz, siziňem höküm ediljek ölçegiňizdir" (Matta 7:2). Şeýlelikde, indi biziň ýazgaryp biljekdigimiz düşnükli bolýar, ýöne ýazgarmanyň nähili standartyny ulanýandygymyza seresaplyk bilen seretmelidiris. Şol ýazgarmalary öz standartymyz boýunça çykarmaly däl-de, Onuň standarty boýunça çykarmalydyrys.

Haçan ýazgarmak bolýar? Hudaýyň göwnünden turýan ýazgarmany çykarmak üçin ilki içimizde näme bolup geçmeli? Matta 7:4–5-i we Lewiler 19:17-ni okaň.

Isa öz gözünde giden agaç barka, gözünde çöp bolan adamyň aladasyny edýänler hakda gürrüň bermek bilen nesihatyny dowam etdirýär. Ol: "Eger sen gözüňdäki agaçdan aňyrsyny görüp bilmeýän bolsaň, onda nädip dostuňa: «Gözüňdäki çöpi aýyrmaga kömek etmäge rugsat et» diýip bilýärsiň? Ikiýüzli! Ilki öz gözüňdäki agajy aýyr, şonda dostuň gözündäki çöpi aýrar ýaly gowy görüp bilersiň" — (Matta 7:4–5-e seret).

Isa şägirtlerini hiç haçanam başgalary ýazgarmaga çagyrmaýar — Ol olaryň ilkinji borjunyň özlerini arassalamakdygyny belleýär. Hudaý Ysraýyla ilkinji nesihatlaryny berende: "Ýüregiňizde ýigrenç saklamaň... [ýöne] olaryň günäleri sebäpli günäkär saýylmazyňyz ýaly, adamlara göni garşy duruň" (Lewiler 19:17) — diýýär. Bu bolup duran erbetligi ýazgarmakda we oňa garşy durmakda hiç hili erbet zadyň ýokdugyna şaýatlyk edýär. Has takygy, öz durmuşyňdaky günä üns bermän, başgalara päliýamanlyk edip, ikiýüzlülik bilen höküm etmek nädogrudyr.

Hudaý — adyl Kazydyr. Kazylyk standartlaryny biz däl-de, Ol döredýär. Ýöne Ol Özüniň yzyna eýerijileriň dogry höküm etmegine garaşýar. Goşmaça atanaklaýyn salgylanmalardan peýdalanyp, 19 sany parçany belleýäris, şolar boýunça-da biz karar çykarmalydyrys. Bu içine soraglaryň jogaplary ýazylan biziň synlama tablisamyzdyr: "Bu aýatlarda meseleler ýa-da adamlar

barada karar çykarmaga degişli näme aýdylan?” Mukaddes Ýazgydan aşaky aýatlary okaň we özüňiziň şahsy synlamalaryňyzy ediň. Soň olary biziňkiler bilen deňeşdiriň.

| MUKADDES ÝAZGYNY | SYNLAMA |
|---|---|
| Matta 7:15–20 | Isa şägirtlerine özleriniň Hudaýyň pygamberleridiklerini aýdýan adamlara karar çykarmalydyklaryny aýdýar. |
| Matta 10:11–15 | Isa şägirtlerini Hoş Habary yglan etme missiýasy bilen iberenindе, maşgalalar we şäherler barada kararlary çykarmalydyklaryny aýdýar. |
| Matta 16:6–12 | Isa şägirtlerine fariseýleriň we saddukeýleriň taglymatyny ýazgarmagy we olaryň hamyrmaýasyndan seresap bolmalydygyny tabşyrýar. |
| Matta 18:15–17 | Isa olardan biri günä edende, degerli çäreleri görmelidigini şägirtlerine nesihat berýär. Bu hereketleri etmek üçin günäniň nämedigini kesgitlemek zerurdyr. |

| | |
|---|---|
| Ýohanna 7:24 | Isa ýewreý ýolbaşçylaryna "daş görnüşe görä höküm çykarmagy bes edip, adyllyk bilen höküm çykarmalydygyny" aýdýar. Isa höküm çykarmagy gadagan etmeýär, ýöne muny, hakykata we ruhy seljermä esaslanyp dogry etmelidigini, ikiýüzlülik bilen etmeli däldigini öwredýär. |
| Resullaryň işleri 5:1–10 | Petrus Hananýa bilen Sapfira höküm çykarýar. |
| Rimliler 2:1 | Eger öz edýän zatlarymyzda başgalary höküm edýän bolsak, onda özümizi höküm edýändigimizi Pawlus aýdýar. Höküm etme ikiýüzlüligiň netijesi bolup durýandyr. |
| Rimliler 14 | Pawlus imanlylara mesihilik azatlygy barada biri-birini höküm etmegi gadagan edýän bolsa-da, ol olary akyl ýetirip saýlaw etmeklige çagyrýar. Bu parça höküm etmäni gadagan etme bilen höküm etmäni nesihat bermäniň bir wagtda hereket edip bilýändigini görkezýär. |
| 1 Korintoslylar 5:5 | Pawlus Korintosdaky ýygnaga günä eden imanlynyň üstünden höküm çykarmagy tabşyrýar. |

| | |
|---|---|
| Galatýalylar 1:8–9 | Pawlus Hoş Habaryň habaryny üýtgedýänleri gazaply ýazgarýar we galatýalylardan hem şeýle etmegini soraýar. |
| Filipililer 3:2 | Pawlus filipililerden erbet adamlardan seresap bolmalydygyny öwredýär. |
| 2 Salonikliler 3:14 | Pawlus saloniklilere gulak asmazak adamlara aýratyn üns bermegi we olar bilen gatnaşykdan gaça durmagy nesihat berýär. |
| 2 Timoteos 3:1–9 | Pawlus käbir adamlaryň erbet işlerini suratlandyrýar we Timoteosa olar bilen gatnaşmazlygy maslahat berýär. |
| 2 Timoteos 4:2, 14–15 | Pawlus Hudaýyň Sözüni yglan etmäniň paş etmäni hem öz içine alýandygyny Timoteosa aýdýar. Resul 4–15-nji aýatlarda görünmeýän hökümi çykarýarda, demirçi ussa Isgenderi Hoş Habaryň garşydaşy diýip atlandyrýar. |
| Ýakup 4:11 | Ýakup Matta 7:1-de berlen gadagan etmä örän meňzeş bolan höküm etmäni gadagan edýär. Aslynda ol Isanyň Dagdaky wagzyndan alnan bolsa gerek. |

| | |
|---|---|
| 2 Petrus 3:16–17 | Petrus özleriniň üstüne betbagtçylyk inderip, Mukaddes Kitaby ýoýýan nadan hem durnuksyz adamlary suratlandyrýar. Ol adamlar Isanyň gaýdyp gelmeginiň we geljek hökümiň üstünden gülýärler. |
| 1 Ýohanna 4:1–3 | Ýohanna pygamberiň hakykydygyny ýa ýalandygyny barlamagy ýygnaga tabşyrýar. |
| 3 Ýohanna 1:9–11 | Ýohanna Diotrefisiň tekepbirligi we gybatlary hakda seslenýär we baranda onuň bilen duşuşjakdygyny aýdýar. |
| Ýahuda | Ýahuda ýygnaga hudaýsyz hem ahlaksyz adamlaryň girendiklerini duýdurýar. Ýygnak iman üçin göreşmelidir we onuň ýaly adamlaryň özleriniň ýalan taglymatlary hem erbet hereketleri bilen ýygnagy zaýalamagyna ýol bermeli däldir. |

## MATTA 7:1 AÝADYŇ DÜŞÜNDIRILMESI

Biziň bile düzen atanaklaýyn salgylanmalarymyza esaslanyp, Isa: “Başgalary ýazgarmaň, ýogsam sizem ýazgarlarsyňyz” (Matta 7:1) diýende, kontekstde nämäni göz öňünde tutýar?

________________________________________

________________________________________

Mukaddes Kitapdaky ýazgarma degişli bolan atanaklaýyn salgylanmalaryň kömegi bilen ýazgarmanyň doly ýol bererlikli zatdygy düşnükli bolýar, ýöne nädogry ýazgarmak gadagan. Biz özümiziň pikirlerimiz boýunça ýazgarmaly däldiris, sebäbi ahyr netijesinde bize Hudaý höküm çykarýar. Biz Onuň standartlaryna esaslanmalydyrys. Biz öz günälerimize gözümizi ýumup, ikiýüzlülik bilen ýazgarmaly däldiris-de, başgalara we özümize dogruçyllyk bilen baha bermeklige çagyrylandyrys. Biz hemme zada Hudaýyň seredişi ýaly seretmelidiris. Biz özümiziň ahlak taýdan tapawutlandyrmamyzy küteltmeli däldiris. Bu zatlaryň hemmesine düşünenimizde, dogry ýazgarma diňe bir rugsat edilmän, eýsem Mesihiň yzyna eýerijiler hökmünde munuň biziň borjumyz hem bolup durýandygyna akyl ýetireris.

## INDIKI ÄDIMI ÄDIŇ

Bu atanaklaýyn salgylanmalaryň Mukaddes Ýazgynyň manysyny düşündirmekde ýönekeý bir guralynyň bize nähili kömek edip bilýändigininiň bary-ýogy bir mysalydyr. Bu açyş bizi Hudaýy has çuň tanamaklyga we Oňa bolan söýgä, şeýle hem, başgalar bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklarda nähili ýaşamagymyzyň gerekdigine aýdyň düşünmeklige alyp baryp bilýär. Şeýle-de bolsa, hakykaty açmak üçin ýene bir ulanyş — başgalar bilen paýlaşmaklyk hem bar. Indiki bapda biz Mukaddes Kitap hakykatlaryny açmaga kömek etjek ädimlere serederis we olary başgalar bilen netijeli paýlaşyp biler ýaly, parçany nähili düzmelidigini düşündireris.

9-NJY BAP

# ÖZ PIKIRLERIŇIZI BAŞGALAR BILEN PAÝLAŞYŇ

Dogabitdi kör, ýöne görýär. Ysmazdy, ýöne indi ýöreýär. Jemgyýetiň ýigrenýän heýwere keselli adamy indi arassalandy. Isanyň gudratly galtaşmasy syrkawlary bejerende, Ol açlary naharlanda ýa-da günäkärleriň günälerini bagyşlanda, biz bularyň hemmesinde umumy bir zady görýäris: şypa alanlar bu barada başgalara gürrüň bermek islediler.

---

Mukaddes Ýazgyny öwrenme ýoluňyzda bilen zatlaryňyzy başgalar bilen paýlaşanyňyzda, aslynda siz Mesihiň Öz Patyşalygyny gurma missiýasyna gatnaşýarsyňyz.

---

Siz adaty bolmadyk bir zady başdan geçireniňizde, elbetde, bu barada başgalara gürrüň bermek isleýärsiňiz. Iş Hudaýyň hakykatyna täzeçe düşünmäni almaklyga baryp ýetende, siziň paýlaşan zadyňyzyň olara täsir edişini synlamakdan gyzykly hiç zadam ýokdur. Isa muny, dogrudanam, hut şunuň ýaly meýilleşdirdi. Ol Öz şägirtlerine: "Sizem Men barada hemmelere gürrüň bermelisiňiz, sebäbi siz başdan Meniň bilen bolduňyz" (Ýohanna 15:27-ä seret) diýdi. Ol Atasyna: "Seniň Meni dünýä

iberişiň ýaly, Menem olary dünýä iberdim" (Ýohanna 17:18) diýip doga etdi.

Siziň Mukaddes Ýazgydan tapýan zadyňyz başgalara aýtmagyňyz üçin niýetlenilendir. Hudaý siziň üstüňiz bilen Öz durmuşyny we hakykatyny paýlaşmak isleýär. Mukaddes Ýazgyny öwrenme ýoluňyzda bilen zatlaryňyzy başgalar bilen paýlaşanyňyzda, aslynda siz Mesihiň Öz Patyşalygyny gurma missiýasyna gatnaşýarsyňyz. Bu, dogrudanam, gaty gyzykly missiýadyr.

Ýöne Mukaddes Ýazgydan bilen we duýan zatlaryňyzy netijeli paýlaşmak üçin belli bir öňdengörüjilik gerek. Bize öz pikirlerimizi aýdyp bilmegimize mümkinçilik berer ýaly görnüşde edip, olary bir ýere ýygnamagymyz zerur bolar. Siz bu prosese bellikleri alyp barmakdan ýa-da öňki bapda gürrüňini eden dürli tablisalarymyzy düzmekden başladyňyz. Ahyr netijesinde bu shemany düzmeklige we Mukaddes Ýazgynyň bir ýerini düşündirmeklige alyp barýar. Hemme zatdan öňürti biz bu bapda Mukaddes Kitaby düşündirmäniň ädimleýin prosesine serederis, biz oňa eýýäm degip geçipdik, soň hem, meýilnamanyň tablisasynyň düzülişini görkezeris.

## 7-ÄDIMLEÝIN PROSES

Bu ädimler jemleýji ädimler däldir, ýöne başgalara gürrüň bermekçi bolan Mukaddes Ýazgymyzy düşündirmekde olary esasy at diýip hasap edýäris.

### 1. Kitaby okaň

Mukaddes Ýazgynyň haýsy bölegini öwrenmek we duýmak isleýändigiňizi çözmegiň gerekdigi göze görnüp durandyr. Biziň öňräk eýýäm görkezip geçişimiz ýaly, parçalaryň doly kontekstini almak üçin adama bütin kitaby öwrenmek zerurdyr. Mundan başga-da, içinden özüň üçin köp hakykaty tapar ýaly, kitaby köp gezek okamak zerur.

## 2. Kitap barada okaň

Kitap barada bilmeklik oňa etjek syýahatyňyzda gymmatly konteksti berýär. Şol gymmatly maglumat bilen sizi okuw Mukaddes Kitaby ýa-da Mukaddes Kitap sorag-jogaby üpjün eder. Kitapda siz şulary taparsyňyz:

- hronologiki konteksti;
- girişi;
- onuň "durmuşy statistikasyny", şol sanda maksadyny, awtoryny, kime ýazylanyny, ýazylan senesini, taryhy fonuny, esasy aýatlary, esasy ýerleri, esasy adamlary we beýleki aýratynlyklaryny;
- onuň "megatemasyny";
- esasy wakalaryň ýerleri görkezilen kartany.

## 3. Soraglary beriň we jogaplary ýazyň

Alty soragy — kim, näme, nire, haçan, näme üçin we nädip — ulanyp, siz kitaby öwrenip we onuň manysyny tapyp bilersiňiz. Bu prosesiň dowamynda siz, kitabyň umumy manysyna düşünmek üçin, ilki bolup geçýän zatlary synlarsyňyz. Derňemegi dowam etdireniňizde, siz gitdigiçe çuň gidersiňiz-de, mydama öz jogaplaryňyzy ýazarsyňyz.

Kitap boýunça soraglary bereniňizde, "özara baglanyşdyryjy soraglar" diýilýän zady ýada salyň. Olar siziň gözlegiňize ýene bir ölçeg berip, parçadaky ýa-da kitapdaky terminleriň, adamlaryň, ýerleriň we pikirleriň beýleki parçalar bilen nähili baglanyşyklydygyna düşünmäge kömek edýär.

Şeýle soraglary beriň:

a. *Näme öz arasynda meňzeş?*
   Bu soragyň maksady — parçadaky meňzeşligi tapmaga bize kömek etmekdir.

b. *Näme tapawutlanýar we nämede tapawutlanýar?*
Bu soragyň kömegi bilen biz birinji soragdaka garşydaş bolan zady edýäris. Biz meňzeşligi däl-de, gapma-garşylygy gözleýäris.

ç. *Näme gaýtalanýar?*
Bu ýerde biz gaýtalanmany gözleýäris, ony tapanymyzda bolsa, näme üçindigini soraýarys.

d. *Biz sebäbiň ýa-da derňewiň nähili subutnalamaryny görýäris?*
Sebäp bilen derňew biriniň beýlekisine alyp barýanyny aňladýar. Käwagt sebäbi we derňewi içinde saklaýan parçalar hökman göze ilip duran bolmaýar, ýöne belli bir sözler olaryň bardygyny bize bildirýär. Sebäbi derňew bilen baglanyşdyrýan sözler — bu *şol sebäpden, näme, sebäbi, şoňa görä-de we sebäpli* diýen sözlerdir.

e. *Umumy hereketden takyk bir herekete edilýän nähili hereketi görýäris?*
Şunuň ýaly hereket etmeler Mukaddes Ýazga köp mahsus bolýar. Üns beriň, Ýohannanyň Hoş Habarynda: “Ol [Mesih] Öz ýaradan dünýäsine geldi, ýöne dünýä Ony tanamady” (Ýohanna 1:10-a seret) — diýlip ýazylypdyr. 11-nji aýatda: “Ol Özüniňkilere [Ysraýyla] geldi, hatda, olaram Ony inkär etdiler” — diýilýär. Birinji umumy tassyklama ikinji takyk tassyklamany emele getirýär. Parçada “umumydan takyga tarap” hereketi tapyň.

ä. *Nähili ýaýbaňlanmalar göze görnüp dur?*
Bu ýerde biz ýaýbaňlanýan pikiri ýa-da bolup geçýän wakalary görkezýäris. Köplenç ýaýbaňlanma belli bir hereketde ýa-da pikirde kulminasiýasyna ýetýär.

g. *Bize nähili soraglar ýa-da jogaplar berlen?*
Soraglar hem jogaplar köplenç bizi ahyr netijesinde nämedir bir zada düşünmeklige alyp barýan delilleri özünde saklaýar. Isa Öz nukdaýnazaryny bellemek üçin soraglary köp ulandy. Soraglar köplenç ýagdaýda Hudaýyň Sözüniň hakykatyny bellemek üçin gulluk edýär.

h. *Nähili meseleler we çözgütler berlen?*
Berlen meseleler we teklip edilýän çözgütler Mukaddes Ýazgynyň manysyna düşünmäge ýardam edýär.

u. *Nähili buýruklar we wadalar berlen?*
Haýsy buýruklaryň Hudaý tarapyndan berlen serhetler, ýagny biziň durmagymyz zerur bolan serhetlerimiz bolup durýandygyny, ýerine ýetirmesi zerur bolan buýruklarymyz we wadalarymyz ýa-da şol buýruklara tabyn bolmanyň netijesinde gelýän ak patalar bolup durýandygyny gözläň. Şunuň ýaly tabynlyk biziň Hudaý bilen gatnaşyklarymyzy çuňlaşdyrýar.

ü. *Biz maglumat beriji nähili manyny görýäris?*
Biziň eýýäm ýokarda belläp geçişimiz ýaly, hatda buýruklarda-da maglumat beriji many bardyr. Tutuş Mukaddes Ýazgy ikitaraplaýyn gatnaşyklar kontekstinde berlipdir. Özi we biri-birimiz bilen has çuň gatnaşyklardan lezzet alyp bilmegimiz üçin Hudaý biziň şol gatnaşyklaryň manysyna düşünmegimizi isleýär.

## 4. Sözüň manysyny açyň

Biziň eýýäm aýdyp geçişimiz ýaly, iwrit we grek dilleri manylara baý bolup, olary başga dillere terjime edeniňde, hemişe manysyny berip bolmaýar. Aýada has çuň hem aýdyň düşünmek üçin sözlükleri ulanmak zerurdyr. Ýöne terjimäniň takyk bolmagynyň aladasyny

etmek wajypdyr. Hut şu ýerde bilermenleriň we ylahyýetçileriň Mukaddes Kitap sözlerini öwrenmek boýunça ýazan materiallary aýgytly mana eýe bolýar.

### 5. Tekstiň çaklanylýan manysyny düşündiriň

Parçany ýa-da kitaby öwrenmekdäki maksadymyz — bu çaklanylýan manyny düşündirmekdir. Biz bu meselä 7-nji we 8-nji baplarda jikme-jik seredip geçdik. Bu ýerde goşmak isleýän ýeke-täk zadymyz — bu öz gelen netijelerimizi ýygnagyň taglymatlarynyň we ýazgylarynyň taryhy düýbi bilen deňeşdirmegiň wajyplygydyr. Mysal üçin, eger siz ýygnagyň fundamental taglymatyna garşy gelýän düşündirişi oýlap tapýan bolsaňyz — seresap boluň!

---

Nämäniň hakyky imanyň esas bolup durýan gurluşyk blogy hasap edilýändigini bilmek üçin ýygnagyň gadymky atalarynyň işlerini okasak we olardan öwrensek pähimli hereket etdigimiz bolar.

---

III asyrda ýygnak mesihiligiň esasy taglymatlaryny kesgitledi (Nikeý iman nyşany 36-njy sahypa seret) we köplenç ýagdaýlarda şol esasy taglymatlar asyrlaryň dowamynda Mukaddes Ýazgynyň merkezi düşündirilişi boldy. Dogry, köp ownuk-uşaklyklarda ylalaşygyň we agzalalygyň bolan ýagdaýlary boldy. Şeýle-de bolsa, bu gün irki ýygnagyň Mukaddes Ýazgynyň ynamdarlygy we abraýy, ilkinji günä, Mesihiň Hudaýlyk tebigaty, Mesihiň halas edijilikli gurbanlygy, iman arkaly halas bolma, Mesihiň ten taýdan ölümden direlmesi, Üçbirlik we ş.m. ýaly zatlaryň daşynda entegem birigýän imanlylaryň birgiden mukdary bar. Şonuň üçin gadymky atalaryň we birneme soňrakky ortodoksal akyldarlaryň işlerini okamak we nämäniň hakyky imanyň esasy bolup durýan gurluşyk blogy bolup durýandygyny bilmegi olardan öwrensek we şolara eýersek pähimli iş bolar.

### 6. Tekstiň maglumat beriji manysyny derňäň

Hudaý bize Öz Sözüni berdi, sebäbi Ol biziň bilen ýakyn söýgi gatnaşyklarynda bolmak isleýär. Ol edil şonuň ýaly, biziň biri-birimiz bilen hem, ýakyn söýgi gatnaşyklaryndan lezzet almagymyzy-da isleýär. Şeýle hem, Ol Öz Patyşalygy we Özi bilen biziň aramyzdaky gatnaşyklar ebedi dowam eder diýip umyt edýär. Şonuň üçin Onuň Sözüni okap, onuň maglumat beriji manysyny duýmazlyk Hudaýyň ony bize bermeginiň iň esasy sebäbini nädogry düşündirmek bolar.

Biziň ilkinji nobatdaky wezipämiz — her bir kitabyň başda kim üçin ýazylandygyna we onuň çaklanylýan manysynyň nämedigine düşünmekdir. Soň onuň maglumat beriji manysyna şahsy taýdan we ýygnak hökmünde kollektiwleýin geçmek gerek.

Aşaky soraglar Hudaý bilen we beýleki adamlar bilen gatnaşyklaryň manysyny ulanmakda size kömek eder:

- Bu parça Hudaýy bütin ýüregiň, janyň we aklyň bilen has çuň söýmeklige nädip degişli bolýar?
- Bu aýat Hudaýyň meni söýşi ýaly, başgalary söýmeklige nähili seredýär?
- Bu parça Hudaýyň Kimdigine täzeçe düşünmäni nädip açýar?
- Bu parçada men Hudaýyň ýüregine we maksadyna degişli nämäni görýärin?
- Bu parçada men Hudaýyň meýilnamalarynda we maksatlarynda özüme degişli nämäni görýärin?
- Näme sebäpden Hudaý adamlara meniň seredişimden başgaça seredýär?
- Gatnaşyklary, şeýle hem, Özüniň söýýän düzgünini beýle wajyp görýän Hudaýa meniň ýüregim nähili garaýar?
- Hudaý azaşyp, Hudaýsyz galan adamlara meniň nähili garamagymy isleýär?

## 7. Parçanyň ýa-da Mukaddes Kitabyň kitaplarynyň gysgaça beýanyny düzüň

Jikme-jik ýazgylary edeniňizden ýa-da tablisalary doldurma prosesini tamamlanyňyzdan soň, parçanyň ýa-da kitabyň meýilnamasyny düzmäge taýýar bolýarsyňyz. Meýilnamanyň wajyplygynyň sebäbi, onuň size öz tapan Mukaddes Kitap pikirleriňizi ýada salmaga mümkinçilik bermekde we öz pikirleriňizi başgalar bilen alyşma prosesiniň yzygiderli usuly bilen üpjün etmekde jemlenendir.

Indiki bapda size Mukaddes Kitabyň kitaplaryny umumy görnüşde suratlandyrma mümkinçiligi berler. Siz synlama tablisasyny, atlary we düşündirişleri ulanyp bilersiňiz. Siziň bellikleriňiz bilen ýazgylaryňyz ahyr netijesinde kitabyň baglanyşykly hem düşnükli meýilnamasyny düzmäge mümkinçilik berer. Aşakda Ýohannanyň Hoş Habarynyň birinji 18 aýadynyň suratlandyrylmasy getirilýär.

## SURATLANDYRMANYŇ MYSALY

Nämäni suratlandyrmagyň gerekdigini kesgitlemegiň usullarynyň biri — bu neşirçileriň siziň ulanýan Mukaddes Kitabyňyzyň her bir babyna salan bölümlerinden peýdalanmakdyr. Bu usul size artykmaçlyk berýär, sebäbi şol bölümlerde eýýäm temalaryň atlary bolýar. Bölümlere bölmeklik iki ýa-da köpräk abzaslary öz içine alyp biler. Şeýlelikde, siziň wezipäňiz — babyň esasy pikirini ýüze çykarmakdyr.

Siz parçanyň meýilnamasyna kiçi bölümjikleri hem goşup bilersiňiz. Mysal üçin, şol kiçijik bölümjikler parçalardan alnan aýatlardan ybarat bolup, mundan beýläkki derňew hem öwrenme üçin ýeterlik derejede ähmiýete eýe bolup biler.

Beýan etmäniň bu görnüşi, pikirleriňizi başgalar bilen paýlaşanyňyzda, aýratyn peýdaly bolup biler. Bu baby öwrenip barşymyza, Ýohanna 1:1–18-iň mazmunynyň nähili görnüşe eýe bolşuny görersiňiz.

Meýilnamany düzme prosesi siziň pikir edişiňiz ýaly kyn däldir. Aslynda meýilnamanyň esasy pursatlaryny parçanyň

özi size aýdar. Şol pursatlar parçanyň öz-özünden ösmeginde ýaýbaňlanmalydyr. Siz parçadan tapýan açyk ýa gizlin temalaryňyz bilen başgalary ylalaşmaga mejbur etmekden gaça durmalysyňyz. Meýilnama düzeniňizde siz mydama öz bellikleriňize ýa-da synlama tablisalaryňyza ýüzlenip durmak islärsiňiz.

Indi Ýohannanyň Hoş Habary 1:1–18-i okamaga wagt tapyň. Parçadan tapýan zatlaryňyzyň hemmesini ýazmakdan çekinmäň. Okanyňyzda we bellikleri edeniňizde öz gelen netijeleriňizi biziň eýerjek bolýan suratlandyrma prosesimiz bilen deňeşdiriň.

Ýohannanyň Hoş Habary 1:1–18-i okanymyzda, biz bu parçadan syzyp çykýan dört sany esasy temany gördük. Biziň birinji belligimiz 1–5-nji aýatlaryň üstünde işlänimizde gelip çykýar. Bu aýatlarda biz Mesihi Hudaý bolan we Hudaý bilen bile bolan hem-de başlangyçda dünýäni ýaradan Söz bilen deňeşdirýän aýatlary belledik. Şeýlelikde, öz meýilnamamyzdaky birinji temanyň adyny ýazýarys **“Söz — Ebedi Ýaradan”**. Temanyň indiki ady hökmünde biz 6–8-nji aýatlara syn edenimizde Ýahýa Çümdüriji barada eden belligimizi ulanýarys: **“Sözüň öňünden gelen”**. Biziň üçünji esasy bölümimiz 9–13-nji aýatlardan gelip çykýar: **“Tene giren Sözüň derňewi”**. Soň dördünji hem soňky bölüm — bu 14–18-nji aýatlardan çykan temanyň ady **“Tene giren Sözüň häsiýetnamasy”**. Siz biziň meýilnamamyzy indiki sahypada görüp bilersiňiz.

Biz ýazgylarymyzy deňeşdirip, bu dört bölüme kiçi bölejikleri döretdik. Birinji bölüm üç kiçi bölejigiň materialyny öz içine alýar.

I. Söz — Ebedi Ýaradan (Ýohanna 1:1–5)
   A. Ebedi bar bolmak
   B. Ebedi çeşme
   Ç. Ebedi aýan bolma

Indi biz öz belliklerimizden we diagrammalarymyzdan, logika boýunça şu kiçi bölejikleriň astynda ýerleşmeli bolan temalary gözleýäris. Biz Mesihiň Hudaýlyk tebigatynyň logiki taýdan

“ebedi bar bolma” gabat gelýändigini duýduk, şonuň üçin ony şol ýere ýerleşdirýäris. B bölüm, “Ebedi Çeşme”, barada aýtsak, ýazgylarymyz Mesihiň ýaradylan zatlaryň hemmesiniň, hatda ýaşaýşyňam Çeşmesi bolandygyny görkezdi. Şeýlelikde, biz “Ebedi Çeşme” adynyň aşagynda “Material dünýä” we “Ýaşaýyş” diýen sözleri ýerleşdirýäris. “Ebedi aýan bolma” boýunça biz goşmaça materialy bellemedik, şonuň üçin bu temany kiçi bölümsiz goýduk.

Soň biz parçanyň ikinji esasy bölümine — “Sözüň öňünden gelen” — bölüme seretdik. Biz öz ýazgylarymyzy tablisalarymyz bilen deňeşdirdik-de, bu ada gabat gelýän maglumaty tapdyk. Bu ýerde ”Sözden öň gelen kimdi?” — diýen sorag gerek jogaby aýtdy. Biz jogaby 6-njy aýatdan tapdyk. Şeýlelikde, biz öz meýilnamamyzda “Sözden öň gelen” II bölümiň birinji bölümjigi hökmünde: A. “Ýahýa Çümdüriji: Hudaý tarapyndan goýberilen adam” — diýip ýazdyk.

## MEÝILNAMANYŇ TABLISASYNYŇ MYSALY

### Sözüň tene girendiginiň subutnamasy (Ýohanna 1:1–18)

I. Söz — Ebedi Ýaradan (1–5)

- A. Ebedi bar bolmak (1–2)
  1. Hudaýylyk tebigaty (1)
  2. Ilkibaşdan (2)
- B. Ýaradylyşyň ebedi Çeşmesi (2–4)
  1. Material dünýä (3)
  2. Ýaşaýyş (4)
- Ç. Ebedi aýan bolma (nur) (5)

II. Sözden öň gelen (6–8)

- A. Kim? Hudaý tarapyndan goýberilen adam (6)
- B. Maksat? (7–8)
  1. Nur hakda şaýatlyk ediň (7a, 8)
  2. Bütin dünýä iman etsin (7b)

III. Tene giren Sözüň derňewi (9–13)
  A. Otrisatel (9–11)
    1. Her bir adama düşünje berýär (9), ÝÖNE
    2. Adamlar tarapyndan inkär edildi (10–11)
      a. dünýä tarapyndan (10)
      b. Özüniňkiler tarapyndan (11)
  B. Položitel (12–13)
    1. Iman boýunça Hudaýyň çagalary (12)
    2. adamdan däl-de, Hudaýdan (13)

IV. Tene giren Söze häsiýetnamalar
  A. Atasynyň Ýeke-Tägi (14)
  B. Öň gelen bolmakdan has ýokary dereje (15)
  Ç. Merhemet we hakykat akabasy (16–17)
  D. Görünmeýän Hudaýyň görünýän keşbi (18)

Mundan soň biz: "*Näme üçin*?" diýip soradyk. Näme üçin Ýahýa Hudaý tarapyndan goýberilipdi? Sorag Ýahýanyň missiýasynyň maksadyna degişlidi. Şeýlelikde, "Sözden öň geleniň" ikinji kiçi bölümjigi hökmünde: B. "Maksat" diýip ýazdyk. Biz goşmaça maglumat we jogap gözläp, belliklerimizi tablisalar bilen deňeşdirmegi dowam etdirdik we 7–8-nji aýatlarda Ýahýanyň maksadyny düşündirýän iki ýazgyny tapdyk. Şonuň üçin biz bu iki bölümi 1 we 2 ("Maksat") bölümiň kiçi bölümjikleri hökmünde girizdik.

Size düşünje bermek üçin şu ýeterlik bolsa gerek. Ýene "Meýilnamanyň tablisasynyň nusgasyna" ýüzleniň we biziň bu parçany nähili beýan edendigimize serediň. Meýilnamany düzende şuny ýatda saklamak wajypdyr: uly maksatdan başlaň, soň siz bu maksady öz ýazgylaryňyzdan, synlama tablisasyndan ýa-da atlaryň tablisasyndan tapylan kiçi temajyklara bölüp bilersiňiz.

## BAŞGALAR BILEN NÄDIP PAÝLAŞMALY: GÜRRÜŇ BERMÄŇ-DE, GÖNÜKDIRIŇ

Güneşli günleriň birinde oglum Skotti bilen men (Şon) suwa düşülýän ýerde gezelenç edip ýördük. Ol menden azajyk öňde gidip barýardy. Birden ol bir zady ýerden galdyrmak üçin elini uzatdy, soň yzyna öwrülip: “Kaka, seret men näme tapdym!” diýip gygyryp yzyna ylgady.

---

Siz öz dostlaryňyzy özüňiziň geçen açyşlar ýoluňyzdan geçirip bilersiňiz. Olara sorag bermäge, jogaplary tapmaga we Mukaddes Kitabyň manysy baradaky tejribelik bilimleri bir ýere ýygnamaga kömek ediň.

---

Ol ylgap gelşine elinde dollar bulaýardy. Onuň tolgunmasyna seredeniňde, ol altyn ispan şaýyny tapandyr diýip pikir etmek bolýardy. Ol aşa begenýärdi. Ol gürrüň bermegini dowam etdirdi: “Men dollar tapdym — ol şu ýerde ýatan eken, men bolsa ony tapdym”.

Şol gün men Skottä dollar berip bilýärdim — muny ozalam köp gezek edipdim. Ýöne ol muňa başgaça serederdi. Näme üçin? Sebäbi puly Skottiniň özi tapdy.

Mukaddes Kitap hakykatyny duýma barada hem, edil şonuň ýaly. Siz adamlara özüňiziň hakykaty açyşyňyz hakda gürrüň berip bilersiňiz, bu olaryň durmuşyna täsirinem ýetirip biler. Ýöne adama özi üçin täze düşünje açmaga kömek etseňiz, onda bu hakykatdan üýtgeşik bir zat bolar. Sebäbi Mukaddes Kitap bilen tanyşlyk ikinji derejeli proses bolmaýar, bu biziň her birimiziň Özüni açmagymyzy isleýän diri Hudaý bilen şahsy duşuşykdyr.

Biz sizi Mukaddes Ýazgydan bilen zadyňyzy öz maşgalaňyz hem dostlaryňyz bilen paýlaşmaga çagyrýarys. Ýöne siz aýratyn tejribe almak isleseňiz, onda “Mukaddes Kitap tejribesi üçin edýän

syýahatyňyzda" dostlaryňyzyň birnäçesiniň size goşulmaklaryny haýyş ediň. Özüňiziň öwrenen we özüňizde duýup gören Mukaddes Kitap kitabyňyza meňzeş bolan, indiki bapda öwrenjek bolýan kitabyňyzy alyň. Soň öz dostlaryňyz bilen sagatlaýyn okuwy gurnaň. Soň siz olary özüňiziň geçen açyşlar ýoluňyzdan geçirip bilersiňiz. Olara sorag bermäge, jogaplary tapmaga we Mukaddes Kitabyň manysy baradaky tejribelik bilimleri bir ýere ýygnamaga kömek ediň. Eger olaryň özleri Hudaýyň Sözüni başdan geçirip duýsalar, onda size uly baýrak garaşýar.

## MUKADDES KITABY ÖZBAŞDAK DUÝUŇ

Şu pursata çenli biz köplenç Mukaddes Kitaby öwrenmäniň, parçalary düşündiriş prosesiniň we zerur gurallaryň usullaryny düşündirdik. Indi biz temany üýtgedip, Mukaddes Kitaby özüňiziň duýmagyňyza kömek etmek isleýäris.

Indiki iki bap sizi Hoşeýa pygamberiň kitabyna gyzykly syýahat etmäge alyp barar. Bu kitap Hudaý bilen adamyň bütin Mukaddes Ýazgynyň dowamyndaky aragatnaşyklary barada iň aýdyň we umuny düşünjeleri berýär. Ýöne bu gün munuň biziň her birimiz üçin çuň ähmiýeti bolar. Käbirleri bu syýahat Hudaýyň Özi, Onuň Kitaby we töweregimizdäki adamlar bilen has çuň aragatnaşykda bolmaga mümkinçilik berýän üýtgediji serişdesi bolup durýar diýip hasap edýärler. Biz bu Mukaddes Kitap syýahatynyň siziň durmuşyňyza hakykatdan täsir etmegi üçin doga edýäris.

10-NJY BAP

# “GIDIŇ-DE, ÖWRENIŇ” MUKADDES ÝAZGY PARÇASYNYŇ MANYSY

Adaty kyn iş günüdi. Salgyt ýygnamak rimliler üçin aňsat iş däldi. Bu işi ýerine ýetirmek üçin ýüzüň galyň bolmalydy, sebäbi bu iş adamy, aýratynam, eger ol ýewreý bolsa, meşhur etmeýärdi.

Şol gün Isa salgyt ýygnaýjynyň stolunyň ýanyndan geçende, Matta atly adamy gördi. “«Meniň yzyma düş-de, Meniň şägirdim bol» — diýip, Isa oňa aýtdy. Matta turup, Onuň yzyna düşdi” (Matta 9:9-a seret).

Şol gün soňrak Matta Isa bilen Onuň şägirtlerini öz öýüne agşamlyk naharyna çagyrdy. Ol, şeýle hem, öz kärdeşlerini, salgyt ýygnaýjylary we başga-da “gowy däl günäkärleri” hem çagyrypdy. Ýöne fariseýler muny görenlerinde, şägirtlerden: “Näme üçin siziň Mugallymyňyz halal däller bilen iýip-içýär?” — diýip soraýarlar (Matta 9:10–11-e seret).

Fariseýleriň garaýyşlary düşnükli. Salgyt ýygnaýjylar ýigrenilýän rim häkimiýetiniň agentleridiler. Şonuň üçin ýewreýleriň köpüsi, elbetde, rimlilere salgyt tölemeli bolýandygyna gaharlanýardylar, ýöne rimlilerde bu gullugy etmek üçin işleýän ýewreýlere olar has-da gaharlanýardylar. Repressiw rim häkimiýetine işleýänler bilen gatnaşmak Isa nämä gerek? Sebäbi şol häkimiýet öz zulumy bilen ýewreýleri gul edipdi, Mesih hem Öz halkyny mundan halas etmelidi.

Şägirtler şeýle jogap berip bilerdiler? “Isa başgalar ýaly däl. Ol adamlaryň hemmesini kabul edýär we ynanýan zatlary ýa-da edýän

zatlary üçin olary kemsitmeýär. Häzirkizaman dünýäsinde bize başgalaryň garaýyşlaryna we pikirlerine çydamly bolmak — dürli nukdaýnazarlary kabul etmek we hemmeler bilen oňşukly bolmak gerek. Siz ylalaşýarsyňyzmy?"

Ýöne şägirtler, elbetde, fariseýlere beýle jogap bermediler. Olara Isa jogap berdi.

> Isa bu sözleri eşideninde: "Lukman saglara däl-de, hassalara gerek" — diýdi. Soň Ol: "Ýöne siz gidiň-de: «Men gurban däl-de, rehimdarlyk isleýärin» diýen sözüň manysyny öwreniň, çünki Men dogry adamlary däl-de, günäkärleri toba çagyrmaga geldim" (Matta 9:12–13) — diýdi.

Isa şol döwrüň alymlaryna, ýewreý dini tekstleriniň "bilermenlerine" ýüzlenip: "Gidiň-de, öwreniň" — diýdi. Isa Hoşeýa pygamberiň kitaby 6:6-a salgylandy, bu sözler fariseýlere gaty gowy tanyşdy. Hut şunuň üçin olaryň töwereklerindäki adamlar üçin akmak hem gülkünç bolup görnendikleri göze görnüp dur. Özleri hemme zady bilýändiris diýip pikir edýän fariseýlere Isanyň garşy çykmasy şägirtlere we beýleki synlaýjylara ýaran bolsa gerek. Bu ýagdaýda-da Ol olary hakykatdan hem ýerine goýdy.

Ýöne Isanyň salgylanan Hoşeýa pygamberiň kitabyndaky 6:6-nyň hakyky manysy nähili? Ilki seredeniňde, Isa biziň kanunyň aladasyny etmän, adamlaryň aladasyny etmelidigimizi göz öňünde tutýan ýaly bolup görünýär. Ýöne bu parça hakykatdan şu manyny aňladýarmy?

Isanyň "gidiň-de, öwreniň" diýen çagyryşynyň özi Onuň adaty bolmadyk duýgurlygynyň bardygyny görkezýär. Bu parçada "öwrenmek" sözi manysynda ulanylan grek sözi "*derňemek ýa-da gözegçilik etme arkaly öwrenmegi*" aňladýan sözdür. Aslynda Ol, eger Hoşeýa pygamberiň kitabyny, 6:6-ny has çuň öwrenseler,

onda olaryň dogry sorag berjekdiklerini we bolup geçýän zatlara gowuja düşünjekdiklerini, Isanyň näme üçin günäkärler bilen iýip-içýändigini biljekdiklerini aýdýar. Hoşeýa pygamberiň kitabynyň Hudaýyň Ysraýyl we biziň üçin bolan iň esasy meýilnamasynyň umumy görnüşini bermek üçin ýazylandygy gyzykly zatdyr. Elbetde, Isa şol meýilnamanyň örän wajyp bölegidi. Ýöne fariseýler muny görmeýärdiler. Olar Hoşeýa pygamberiň öz sözleriniň içine salan manysyna düşünmediler.

Köplenç gözden salynýan, belki-de, Köne Ähtiň az meşhur bolan bu kitaby aslynda Hudaýyň Ysraýyla, hatda şu gün ýaşap ýören bize-de degişli bolan maksady barada hemmesinden-de aýdyň düşünje berýär. Gözegçilik etme — näme gözlemelidigini bilme, dogry soraglary berme — arkaly bu parçanyň manysyna biz düşünip bilýäris. Gönükme hökmünde biz sizden Hoşeýa pygamberiň tutuş kitabyny okamaga wagt tapmagy we "kim, näme, nire, haçan, näme üçin we nädip" diýen soraglary bermegi haýyş edýäris. Bu ýerde biz kitabyň öňündäki taryhyny berýäris, size şablon bolup hyzmat etjek dürli soraglary berýäris we tapan zatlaryňyzy ýazmaga mümkinçilik berýäris. Indiki bapda biz Hoşeýa pygamberiň kitaby boýunça jikme-jik bellikleri size bereris. Soň siz olary öz açyşlaryňyzyň netijesinde tapan zatlaryňyz bilen deňeşdirersiňiz.

## YZKY DÜŞÜNDIRIŞ

Aşaky maglumat Mukaddes Kitaby öwrenmek boýunça gollanmalardan we Mukaddes Kitap maglumatlar kitaplaryndan alyndy. Ilki biz Hoşeýanyň kitabynyň haçan we nirede ýazylandygyny soraryс. Onuň baş gahrymanlary kimler? Kitap näme üçin ýazylypdyr? Kitabyň konteksti bu soraglaryň jogaplaryny bize berer.

Hoşeýa gadymky Ysraýylda pygamber bolupdy. Ol öz kitabyny biziň eramyzdan öňki 700-nji ýyllaryň ortalarynda ýazýar. Pygamberiň gullugynyň başynda, Ýarobam II-yň patyşalyk eden döwründe, Ysraýyl öz serhetlerini giňeltdi we käbir ysraýyllar eslije

gurplandy. Ýarobamyň ölüminden soň hemme zat üýtgedi. Barýogy otuz ýyl geçenden soň, Demirgazyk Patyşalyk — Ysraýyl — Aşur imperiýasy tarapyndan weýran edildi.

Demirgazyk Patyşalyk butparazlaryň hudaýlaryna sežde edýärdi, şoňa görä-de, bu birahat döwürde ysraýyllar umytsyzlyga düşüp, butparaz hudaýlara sežde edip başlaýarlar. Olar özleriniň hudaýlary weýrançylykdan halas eder diýip umyt edýärdiler. Hoşeýa hak Hudaýyň iberenidi. Ol weýrançylygyň geljekdigini duýdurdy we eger halk Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň Hudaýyna gaýdyp gelse, onda Ysraýyla umyt bermegi teklip edýär. Ýöne halk muny etmedi.

Hudaý, elbetde, mundan müň ýyl ozal Ybraýym bilen äht baglaşypdy — dabaraly wada beripdi. Ol: "Men seniň bilen äht baglaşýaryn, şol äht boýunça-da, saňa sansyz-sajaksyz nesil wada berýärin" (Gelip çykyş 17:2-ä seret) — diýdi. Hudaý Ybraýymyň nesline bereket berjekdigine we olaryň duýgudaş hem rehimdar, söýýän Hudaýy boljakdygyna söz beripdi. Musa Sinaý dagynda Ysraýyl çagalaryna: "Rebbiň sizi ýürekden söýmeginiň we saýlamagynyň sebäbi, bu siziň beýleki halklardan san taýdan köp bolmagyňyz däldir, siz ähli halklaryň arasynda san taýdan iň azysyňyz. Munuň sebäbi Rebbiň sizi söýendigindedir we ata-babalaryňyza eden wadasynda durandygyndadyr" (Kanun taglymaty 7:7–8-e seret) — diýdi.

---

Hudaý Hoşeýa arkaly butparazlar barada: "Meniň halkym bolmadyga indi Men halkym diýerin. Ozal söýmediklerimi indi söýerin" — diýýär.

---

Hudaý Hoşeýa pygamberiň üsti bilen Özüniň Ysraýyla wepalylygynyň manysyny ynandyryjylyk bilen görkezmek isledi. Baş gahrymanlar Hoşeýa bilen aýaly Gomerdi, şeýle hem, Hudaý bilen Onuň Ysraýyl halkydy. Ol Hudaý hem Onuň kejir halky

baradaky bu çuň diri taryhy açmak üçin nika sahnasyny saýlap aldy. Ysraýyl halkynyň hereketleri bize-de, bütin adamzada-da degişlidir.

Hudaý Ysraýyl çagalaryna göni manysynda amala aşjak örän takyk wadalary berdi. Şoňa görä-de, eger siz Ýahudanyň nesline ýa-da ýewreý taýpalarynyň birine degişli bolmasaňyz, onda Onuň Ysraýyla beren wadalarynyň käbirleri size degişli däldir. Ýöne siz Mesihiň üsti bilen Hudaýyň çagasy bolan bolsaňyz, onda Hudaýyň meýilnamasynyň we Onuň halkynyň bir bölegi bolandygyňyzy resul Pawlus anyk aýdýar. "Hudaýyň diňe ýehudylardan däl-de, butparazlardan hem çagyran bu adamlary bizdiris. Hudaý Hoşeýanyň üsti bilen: «Meniň halkym bolmadyga indi Men halkym diýerin. Ozal söýmediklerimi indi söýerin» — diýýär. Bu olara: «Siz Meniň halkym däl diýlen ýerde ýüze çykar, şol ýerde-de olara "diri Hudaýyň çagalary" diýler» (Rimliler 9:24–26-a seret). Şonuň üçin, belki, käbirlerimiz Hudaýyň saýlan halkynyň, Ysraýylyň bir bölegi bolmaýan bolsak-da, barybir Hudaýyň çagyran halkynyň, Onuň Ýygnagynyň bir bölegi bolup durýarys. Muny hasaba alyp, Hoşeýa pygamberiň kitabynyň 14-nji babyny okaň. Ony okap bolanyňyzdan soň, bu sahypa gaýdyp geliň-de, soraglara jogap berip başlaň. Bu babyň ahyrynda biz sizden Isanyň Hoşeýa pygamberiň kitabyndan getiren parçasyny, 6:6-ny düşündirmegi haýyş ederis.

## MANYSYNY BILIŇ

*Matta 9:13 bilen Hoşeýa 6:6-ny deňeşdiriň.*

Isa Hoşeýa pygamberiň kitabyndan, 6:6-ny salgylanma edip getirýär. Hoşeýa pygamberiň kitabyndan 6:6-dan alnan sözi goýuň: "Men seniň ____________________ görkezmegiňi isleýärin". Bu ýerde haýsy ýewreý sözi nähili many bilen ulanylypdyr?

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

*Hoşeýa pygamberiň 1-nji babyna serediň.*

Hoşeýa bilen Gomer çagalarynyň atlaryna näme dakdylar, olaryň çagalarynyň atlary nämäni aňladýardy we bu näme üçin wajypdy?

Bu nähili nikady we näme üçin ol beýle şowsuzdy?

Bu ähli bozuklyklar babatda Hudaýyň nähili gutarnykly meýilnamasy bardy?

Bu maşgala bozuklygy (Hoşeýa bilen Gomer we Hudaý bilen Ysraýyl) size nädip degişli bolýar? Siziň durmuşyňyzda Hudaýyň söýgüsini doly duýup bilmeýän wagtlaryňyz bolýarmy? Özüňiziň Hudaý we beýleki adamlar bilen islendik şowsuz gatnaşyklaryňyza degişli dogaňyzy ýazyň. Oňa öz ýüregiňiziň isleglerini beýan ediň.

*Hoşeýa pygamberiň kitabynyň 2-nji, 6-njy we 7-nji baplaryna serediň.*

Näme üçin aýaly biwepa? Aýal näme isleýär, ol näme gözleýär (2-nji bap)?

Hoşeýa ony hemme zat bilen üpjün etdimi (2-nji bap)?

Hudaý — wepaly üpjün Edijidir, ýöne Ysraýyl Oňa wepasyz boldy. Näme üçin? (6–7-nji baplara seret)

Hudaý bilen hakyky dostlukly söýgi gatnaşyklaryndan sizi näme daşlaşdyrýar we näme üçin?

Siz nädip Hudaýa köpräk ynanmagy öwrenýärsiňiz? Özüňiziň Hudaýa dogada beren jogabyňyzy ýazyň.

*Höşeýa pygamberiň kitabynyň 11-nji babyna serediň.*

Ysraýylyň biwepalylygy Hudaýda nähili duýgy döredýär?

Hudaýda Ysraýyla bolan nähili aklaýjy duýgulary bardy we Ol näme edip bilýärdi?

Siziň wepasyz hereketleriňiz üçin Hudaý nämäni adalatly edip bilerdi we munuň deregine Ol näme etdi?

Hudaýyň sizi höküm etmän, gaýtam, rehim edendigini siz nädip duýýarsyňyz? Bu ýerde özüňiziň Hudaýa beren jogabyňyzy ýazyň.

*Höşeýa pygamberiň kitabynyň 2:4–5, 9 — parçasyna serediň.*

Gomeriň biwepalygyna jogap edip, Hoşeýa näme edýär we näme üçin (2-nji bap)?

Ysraýylyň biwepalygyna jogap edip (5-nji bap), Hudaý näme edýär we näme üçin (9-njy bap)?

*Höşeýa pygamberiň kitabynyň 2–3-nji baplaryna serediň.*

Gomeri yzyna getirmek Hoşeýa üçin nämä durdy (3-nji bap)?

Sizi yzyna getirmek Hudaý üçin nämä durdy?

Öýlerine gaýdyp gelende, Gomer bilen Ysraýylyň arasynda nahili gatnaşyklar emele gelýär (2-nji bap)?

Hudaý siziň bilen är-aýalyň arasyndaky gatnaşyklara meňzeş çuň, ýakyn gatnaşyklaryň bolmagyny isleýär. Bu sizde nähili duýgyny döredýär? Bu ýerde özüňiziň Hudaýa beren jogabyňyzy ýazyň.

Hoşeýa pygamberiň kitabyndan 2:19–20 parçany okaň. Bu aýatlar Ysraýyl üçin ýazylypdy, ýöne olar size-de, şeýle hem, maşgalaňyza we dostlaryňyza-da niýetlenilendir. Hudaýyň ýiten we heläkçilige sezewar bolan adam nesline duýýan hemme zady öz içine alýan islegini gyzgaça suratlandyryň.

Matta 9:12–13 we Hoşeýa 6:1–6 — parçalary okaň. Hoşeýa pygamberiň kitabynyň 6:6-njy aýadynyň Isanyň fariseýlere beren jogabynyň kontekstinde nähili manysy bar? Isa olara Özi barada, Özi bilen gatnaşyklarda bolmadyklar, şeýle hem, Hudaýy tanaýanlar barada näme diýdi?

Indi özüňiziň Hoşeýa pygamberiň taryhyndaky gahrymandygyňyzy göz öňüne getiriň. Hudaý siz hakda näme diýýär? Siz Oňa näme jogap berersiňiz?

• • •

Indiki bapda biz Hoşeýa pygamberiň kitabynyň içinden geçeris we soraglaryň her birine jogap bereris. Bu soraglara aslynda “Mukaddes Ýazgynyň manysyny” gözleýän mesihi är we iki çaganyň kakasy jogap berýär. Onuň durmuşy we gatnaşyklary üýtgedi. Yzyny okaň.

11-NJI BAP

# ÖZÜŇIZI MUKADDES ÝAZGYNYŇ UMUMY SURATYNYŇ IÇINDE ÝERLEŞDIRIŇ

Ine, Ýer planetasy, kosmosdan alnan görnüş. Siz gara reňke gurşalan ýer şaryny tutuşlygyna kameranyň obýektiwi bilen surata alýarsyňyz. Soň siz masştaby ulaldyp başlaýarsyňyz. Dünýä golaýlaşyp başladygyça, ekranda kontinent, soň ýurt, soň hem şäher peýda bolup başlaýar. Siz aýratyn duran binalary görüp başlaýançaňyz, hemme zat golaýlaşyp başlaýar. Siz üstünde maşynlar hereket edip ýören köçeler we adamlar ýöreýän ýanýodalar görünýänçä, has golaýa getirýärsiňiz. Siz kamerany anyk bir maşyna, soň onuň ýolagçy oturýan aýnasyna gönükdirýärsiňiz. Ahyrsoňy siz onuň içine seredýärsiňiz. Siz ünsüňizi maşyny sürüp barýan adamda jemleýärsiňiz. Bu asyl siz ekeniňiz-ä!

Siz, belki, şunuň ýaly gaty gyzykly epizody telewizorda görensiňiz. Häzirkizaman kompýuter tehnologiýalarynyň bitewi bir suraty berip, bizi kosmosyň jümmüşinden getirip, awtomobil sürüp barýan adamyň birnäçe santimetr ýakynyna çenli eltip bilýändigi geň galdyryjy zatdyr. Belli bir manysynda bu Hoşeýa pygamberiň kitabyny düşündireniňizde geçen prosesiňizi görkezýär. Sebäbi bu kitapda biz aslynda Mukaddes Kitabyň umumy keşbini özümiz üçin açyp bilýäris. Onda Hudaýyň Ysraýyl babatda Öz üstüne alan borjunyň taryhy açylýar we şol taryh bu gün biziň üçin hem aktualdyr. Biziň her birimiz şol taryhyň serhetlerine ýazylýarys. Siziň öz ýaşaýan ýeriňiz

bolan Ýer planetasynda belli bir ýeri eýeleýşiňiz ýaly, XXI asyryň durmuşynda-da rol oýnaýandygyňyz üçin Mukaddes Ýazgynyň giň taryhynda hem ýeriňiz we roluňyz bardyr.

Hoşeýa pygamberiň kitabyny öwreneniňizde, belki, Isanyň Matta 9:13-däki salgylanmasynyň manysyny açmak üçin zerur bolan soraglara jogap beren bolmagyňyz mümkin. Ýöne bu aýatda biz siziň öz eden ýazgylaryňyzy Hoşeýa pygamberiň kitabyny okan başga bir adamyň ýazgylary bilen, aýratynam, Mukaddes Ýazgynyň şu ýerdäki manysyny bilmek üçin 6:6 baradaky ýazgysyny deňeşdirmegiňizi isleýäris.

Onuň ady Deýw. Ol mesihi, ýygnak agzasy, är we iki ýetginjegiň kakasy, şeýle hem, kompýuter programma üpjünçiliginiň işläp düzüjisi. Deýwiň ýoly siziň ýoluňyzdan kän tapawutlanmaýan bolsa gerek. Ol özüniň mesihilik durmuşynda käwagt Mukaddes Kitaby okaýar, ýöne ol Hudaýy we Onuň Sözüni çuň bilmek üçin ony ýönekeý öwrenmäniň çäklerinden çykmak isleýär. Onda Hudaý bilen gatnaşyklarynda açyş etmäge çuňňur isleg peýda boldy.

Deýw şenbe güni öz ýygnagyndan bolan imandaşlary bilen öz öýünde Mukaddes Kitaby öwrenmek boýunça ertirki sapagy geçdi. Olar Mattanyň Hoş Habaryny öwrendiler we elbetde, 9:13-e gelip ýetdiler. Deýw biziň bilen özüniň Hoşeýa pygamberiň kitabyna eden syýahatyny paýlaşdy, biz bolsa ol barada size gürrüň bereris.

## MANYSYNY BILMEK ÜÇIN BIR ADAMYŇ GEÇÝÄN ÝOLY

Bu hepdede men we meniň öýümde ýygnanyşan ýene bäş adam öz derňewimizi tamamladyk. Biziň hijimiz Isa Mattanyň Hoş Habarynyň 9-njy aýadynda Hoşeýa pygamberiň kitabyndaky 6:6 salgylanma ýüzlenende, Onuň nämäni göz öňünde tutandygyna düşünýändigimize ynamly däldik, ýöne biz öňe süýşme kararyna geldik. Ýa-da iň bolmanda men şeýle pikir etdim.

"Hudaý... Sen dogrudanam, meniň Hoşeýa pygamberiň kitabyndaky 6:6-nyň manysyny «gidip öwrenmegimi» isleýärsiňmi? Eger hawa bolsa, onda Sen meniň haýsy manyny açmagymy isleýärsiň?"

Hepdäniň dowamynda "git-de, Mukaddes Ýazgynyň şu ýeriniň manysyny öwren" diýen sözler meniň kellämde gaýta-gaýta aýlandy durdy. Men Isanyň Hoşeýa pygamberiň kitaby 6:6-da ýewreý tekstiniň grek terjimesine (Septuagintlere) salgylanandygyny bilýärin. Şeýlelikde, men Mattanyň Hoş Habary 9:13-i we Hoşeýa pygamberiň kitabyndaky 6:6-ny dürli terjimelerde okadym (bu ýerde Kulakowyň häzirkizaman terjimesi). Mukaddes Kitabyň terjimeleriniň birinde Matta 9:13 "gurbanlyk däl-de, rehimdarlyk isleýärin" diýlip terjime edilipdir, Hoşeýa 6:6 bolsa: "Men gurban däl-de, wepalylyk isleýärin" — diýip terjime edilipdir.

Matta bilen Hoşeýanyň näme sebäpden dürli sözleri ulanandyklary maňa gyzykly boldy. Maňa olar juda dürli ýaly bolup göründi. Men başga terjimelere seretdim (bu ýerde Täze rus terjimesi), şonda parçalaryň ikisinde-de "rehim" sözi ulanylypdyr. Ine, şol bir ýewreý sözüni aňladýan sözler: rehim, rehimdarlyk we wepalylyk. *Haýsy terjime dogry?* Men gyzyklandym.

Men ýewreý sözüni we onuň göni manysyndaky terjimesini gözledim. Bu söz "*wepaly söýgi, üýtgemeýän ýagşylyk, wepalylyk, söýgi ýa-da durnukly hem öňki gatnaşyklara esaslanýan ysnyşyklyk*" diýmegi aňladýar. Indi Mukaddes Kitabyň terjimelerinde bu sözüň näme sebäpden dürli görnüşde ulanylandygyna düşündim. Ýöne barybir men birazrajyk aljyraňňylyga düşdüm. Özüniň günäkärler bilen nahar iýmesiniň kontekstinde Isanyň näme sebäpden biziň *wepaly söýgimiz* baradaky parçany ulanandygy hakda men özüme sorag berdim. Men bu tekste doly düşünmedim. Şonda men doga edenimde: "Hudaý, Sen fariseýlere Hoşeýa pygamberiň kitabyndan nämäni

düşündirmek islediň? Sen, dogrudanam, meniň Hoşeýa pygamberiň kitabyndaky 6:6-ny «gidip öwrenmegimi» isleýärsiňmi? Eger hawa bolsa, onda Sen meniň haýsy manyny açmagymy isleýärsiň?" — diýip soradym. Bu soraglar meni juda gyzyklandyrdy, şeýdip, meniň Hoşeýa pygamberiň kitabyna eden syýahatym başlandy.

Men çuňdan-çuň öwrenmek üçin hepde yzyna hepde geçirenimde açan zatlaryma diýseň haýran galdym. Meniň syýahatym bir ýyldan gowrak wagtlap dowam etdi. Meniň üstüni açan hakykatym özümiň Hudaýa we Onuň meniň bilen bolan gatnaşyklaryna, öz aýalym we iki çagama bolan gatnaşyklaryma, ýygnakdaky gatnaşyklaryma, dünýä bolan garaýyşlaryma we ony başgalar bilen paýlaşma maksadyma özüniň täsirini ýetirdi. Hoşeýa pygamberiň sözleri maňa ýaşaýşa we Hudaýyň Sözüne bolan täze garaýşy berdi. Şondan soň mende Mukaddes Ýazgynyň manysyny "gidip öwrenmeklige" täze isleg döredi.

Men Mukaddes Kitap sözlügindäki Hoşeýa pygamberiň kitabyna edilen bellikleri okamakdan başladym. Şonda men Hudaýyň Hoşeýa bilen Gomeriň gatnaşyklaryny Özi bilen Ysraýylyň gatnaşyklaryny görkezmek üçin ulanandygyny bildim. Hudaýyň şeýle ynandyryjy illýustrasiýany meniň öz durmuşymda görkezerine men asla garaşmandym. Men esasy soraglary bermekden başladym.

## Bu nähili nika?
## Näme üçin beýle şowsuz maşgala?

Hudaý Hoşeýa juda täsin zady etmelidigini — oňa biwepa boljak loly aýala öýlenmelidigini aýdýar. Hoşeýa zynahorluga gaýdyp gitjek gelne öýlenmeli bolýar. "Bu Ysraýylyň Rebbe garşy baş galdyrmak we başga hudaýlara gulluk etmek bilen özüni zynahor aýal ýaly alyp barandygynyň illýustrasiýasy bolar" (1:2).

Şeýlelikde, Hoşeýa Gomere öýlenýär, soň olaryň üç çagasy bolýar. Birinji çaga oglanjyk bolýar-da, Hudaý oňa Ýizregel adyny dakmagy buýurýar. Ysraýylyň merkezi böleginiň demirgazygyndaky jülgäniň ady Ýizregel bolup, biziň eramyzdan öňki 733-nji ýylda ol ýerde

aşur goşuny bu territoriýany basyp almak üçin ysraýyl goşunyny çym-pytrak etdi. Ýizregel ady "*Hudaý ekýär*" diýmegi aňladýar. Bu adyň indiki hasyllary ýetişdirmek üçin tohum ekýän Hudaýy şekillendirýändigini bildim. Şeýlelikde, Hoşeýa bilen Gomeriň birinji çagasy, tizara şowsuz hem weýrançylykly boljak nikadan syzyp çykýan bereketli hasyly, hasylly tagallalary alamatlandyrýar.

Olaryň ikinji çagasy gyz bolýar, Hudaý oňa "*söýülmeýän*" diýmegi aňladýan Loruhama adyny dakmagy buýurýar. Olaryň üçünji çagasy ýene bir oglan bolup, Hudaý onuň adyna "*Meniň halkym däl*" diýmegi aňladýan Logammy adyny dakmagy buýurýar.

Bu är-aýal jübütiniň çagalarynyň atlarynyň özi olaryň nähili şowsuz maşgala boljakdyklarynyň öňünden aňladylmasy boldy. Iň wajyp zat hem, bu Hudaý bilen Ysraýylyň arasyndaky bozulan gatnaşyklary şekillendirýärdi.

Hudaýda Ysraýyl babatda uly umytlar hem meýilnamalar bardy. Ol Hudaýyň bereketli hasyla bolan umyt bilen eken halkydy. Olar Onuň Ýizregelidi. "Sen barada Meniň nähili meýilnamalarymyň bardygyny Men bilýärin — diýip, Reb aýdýar. — Bu meýilnamalar weýrançylyk üçin däl-de, ýagşylyk üçindir, olar size geljek hem umyt berer. Sen doga eden günleriňde Men seni diňlärin. Eger Meni bütin ýüregiň bilen gözleseň, taparsyň" (Ýermeýa 29:11–13-e seret).

Emma Ysraýyl ýeke-täk hak Hudaýa bütin ýüregi bilen seretmedi, şonuň üçin ençe gezek başyndan belalar indi. Ol özüni Hudaý tarapyndan söýülýänem, Onuň maşgalasynyň bir bölegem duýmady. Ysraýyl bir wagtyň özünde Onuň Loruhamasy hem Logammysy boldy, sebäbi ol Ondan ýüz öwürdi. Onuň çagalary bilen agzybir maşgala gatnaşyklaryna bolan umydy ýitirildi, ýöne hemişelik däl.

Hudaý bilen Onuň halkynyň arasyndaky şowsuz gatnaşyklar hakda okanymda, men: "Hudaý, meni Öz çagaň edendigiňi we meni söýýändigiňi bilýärin. Özümiň Seniň maşgalaň bir bölegididigimi-de bilýärin. Ýöne, dogrymy aýtsam, menem mydama Seniň söýgiňi duýup duramok. Seniň saýlan adamlaryň bilen bozulan gatnaşyklar maňa juda köp täsir edýär. Şunuň ýaly

zatlar bolanda, men özümi daşlaşdyrylan we ýeke duýýaryn. Men munuň ýaly gatnaşyklary islemeýärin. Men Seniň söýgiňi duýmak isleýärin" — diýip doga etdim.

## Näme üçin Gomer biwepa? Ol näme isleýär?

Hoşeýanyň aýaly öýde nägile bolýar. Gomer: "Oýnaşlarymyň yzyndan ylgap, iýmit we suw, ýüň hem zygyr geýimler, ýag hem içgiler üçin olara özümi satjak" (2:5) — diýýär. Bular adaty talaplar hem-de olary duýmak bolýan zatdyr. Eýsem, adamsy onuň talaplaryny kanagatlandyrmadymy? Eýsem, nika kanagatlandyryjy bolmanmydy?

Hakykat şeýledi, Hoşeýa Gomere gerek zadyň hemmesidi. Hoşeýa: "Ol özünde bar zatlaryň hemmesini — galla, täze şeraby, zeýtun ýagyny — oňa Meniň berendigime düşünmeýär" — diýýär (2:8). Ünsüni bol söýgüde we adamsynyň aladasyny etmekde jemlemegiň deregine Gomer başgalara näz-kereşme etmek bilen meşgullandy. Ol öz tenini satmak üçin Hoşeýadan gidýär, ýöne aslynda munuň deregine öýünde alýanyndan az alýar.

Ysraýylam edil şonuň ýaly etdi. Hudaý: "Adam ýaly, meniň ähtimi bozduňyz we Meniň ynamyma haýynlyk etdiňiz... mydama joşup duran ten höwesli zynahorlaryň hemmesi-de..." (6:7; 7:4) — diýdi. Bu Hudaýyň halkynyň şowsuz maşgala taryhydyr. Hudaý olaryň ähli mätäçliklerini kanagatlandyrmak isleýär, emma halk özüniň köne ýollaryna gidýär-de, bu bolşundan ejir çekýär. Ysraýyl patyşasy Dawudyň çagalary hem edil şonuň ýaly edýär. Dawudyň özi Batşeba bilen zyna edýär, soň hem, onuň adamsyny öldürmegi gurnaýar. Hudaý oňa Natan pygamberiň üsti bilen gürleýär: "Men saňa hojaýynyň öýüni hem aýallaryny berdim, Ysraýylyň hem Ýahudanyň patyşalygyny berdim. Eger bu saňa azlyk eden bolsa, Men saňa ondan-da köp zat bererdim. Sen näme üçin Rebbiň sözüni ýigrendiň [bolgusyz hasap etdiň] we bu eýmenç işi etdiň?" (2 Şamuwel 12:8–9).

Gomer, Ysraýyl, hatda onuň patyşalary-da, Hudaýyň mätäçlikleri kanagatlandyryp bilýän güýjüne we üpjünçiligine ynanmadylar. Aslynda Hudaý olara özlerine gerek zatlaryň hemmesini berdi, hatda bu-da azlyk eden bolsa, Ol: “Ondan-da köp zat bererdim” diýýär. Ýöne olar özleriniň islän zatlaryny almak isleýärkä-de, olar muny islän wagtlarynda-da, Hudaýyň ynamyna dönüklik etdiler.

Gomer bilen Ysraýylyň dönükligine akyl ýetirip başlanymda, men egoistik ýaşaýyş durmuşymyň öz mätäçliklerimiň hemmesini kanagatlandyrmaga ukyply Hudaýa bolan imanym ýetmezçilik edende kök urýandygyny gördüm. Hawa, men muny bilýärin. Men Hudaýyň emosional, fiziki, ykdysady we ş.m. meselelerde özümiň esasy üpjün Edijim bolup durýandygyna “ynanýaryn”. Ýöne talaplarym bilen isleglerim haýal etmän kanagatlandyrylmadyk ýagdaýynda men muňa nähili garaýaryn? Bu dünýäniň islegleri meni özüne çekýär, şoňa görä-de, men talaplarymy özümçe kanagatlandyrmaga synanyşýaryn. Men, dogrudanam, Hudaýyň meniň üpjün edijimdigine ynanýarynmy? Eger men ynanýan bolsam, onda Oňa serederdim we her näçe pulum bolsa-da, dünýäniň we ondaky özüne çekýän ownuk-uşak zatlaryň hemmesiniň meni kanagatlandyrmajakdygyna düşünerdim. Hudaý meniň öz mätäçliklerimi kanagatlandyrmaga synanyşmagymy islemeýär. Tersine, Ol meniň Özüne ynanmagymy we “ähli hajatlary kanagatlandyrýan” (Resullaryň işleri 17:25) Hudaý hökmünde bil baglamagymy isleýär.

Men özümiň: “Eý Hudaý, meniň ünsümi sowmagyma we bu dünýäniň isleglerine özümi aldyrmagyma ýol berme. Men Saňa biwepa bolmak islemeýärin. Men Saňa ynanmak isleýärin. Sen aslynda nähili bolsaň, Seni şol görnüşiňde — meniň söýýän üpjün edýän Ekleýjim — hökmünde görmegime mümkinçilik ber” — diýip doga edip oturanymy duýdum.

## Ysraýylyň biwepalygy Hudaýda nähili duýgular döredýär? Ol näme edip bildi?

Eger Gomer adamsyndan özüne azar berendigi ýa-da zalymlyk edendigi üçin giden bolsa, onda bu başga mesele bolardy. Ýöne onda gerek zatlaryň hemmesem bardy. Şeýle-de bolsa, ol başga erkekler bilen zyna etdi. Ysraýylyň kanunyna laýyklykda, Hoşeýanyň Gomer bilen diňe bir aýrylyşmaga däl, eýsem ony daşlap öldürmäge-de haky bardy. Ýöne *söýýän we wepaly* är duýgudaşlyk hem rehimdarlyk görkezýär.

Ysraýylyň biwepalyk hem zynahorluk ediji hereketlerine Hudaý nähili garady? Hudaý: “Ysraýyl çagaka, Men ony söýdüm we Öz Oglumy Müsürden çagyrdym. Ýöne Men ony näçe köp çagyrsam, ol şonça-da Menden daşlaşdy... Wah, Men seni nädip bereýin, Ysraýyl. Men seni nädip terk edeýin?... Meniň ýüregim paralanýar we Meni gynanma püre-pür edýär” diýdi (11:1–2; 8–9-a seret).

Hudaý olar bilen arasyny kesip bilerdi, emma Ol beýle etmedi. Onuň olary topraga garmaga doly haky bardy. Mika pygamber: “Saňa meňzeş Öz halkynyň arasynda diri galanlary bagyşlaýan başga Hudaý nirede bar? Ol Öz halkyna ebedi gaharlanyp bilmeýär, sebäbi Ol rehimdarlyk görkezmegi gowy görýär” (Mika 7:18-e seret) — diýýär.

Onuň meniň bilenem arany kesmäge doly haky bar, ýöne Ol beýle etmeýär. Onuň rehimi meni özüme bolan üýtgewsiz, rehimdar hem duýgudaş söýgüsi üçin pesgöwünlilik bilen minnetdarlyk bildirmäge mejbur edýär. Men muňa mynasyp däl, ýöne Ol meni bagyşlaýar. “Ýa Reb, Saňa hiç haçan öz-özünden bolmaly zat ýaly seretmegime ýol berme” — diýip doga etdim.

## Başda Hudaý näme edýär? Ol muny näme üçin edýär?

Özlerine dönüklik edenlerinde, Hudaýam, Hoşeýa-da çäre gördüler. Hoşeýa ýaralanan ýürek bilen aýalynyň meýillerini çym-pytrak etmek isleýär.

“Onuň ýoluna tikenli çäk çekerin,
öz ýodalaryny tapmaz ýaly,
Onuň garşysyna diwar guraryn.
Ol oýnaşlarynyň yzyndan kowalar,
Ýöne olary tutup bilmez.
Olary gözlär, ýöne tapmaz” (2:6–7-ä seret).

Ysraýyla bolsa Hoşeýa: “Siz zynahor ýaly, zynanyň muzduna göwün bermek bilen Hudaýyňyza dönüklik etdiňiz... Şeýlelikde, indi hasyllaryňyz sizi eklärden juda az bolar. Täze şerap taýýarlamak üçin üzüm bolmaz. Siz indi bu ýerde, Rebbiň ýurdunda, galyp bilmersiňiz” (9:1–3-e seret) — diýýär.

Men özüme: “Hoşeýa näme üçin Gomeriň meýilnamalaryny bozmak isledikä? Hudaý Ysraýylyň hasylyna bereket berse näme?” — diýip sorag berdim. Hoşeýa-da, Hudaýam özleriniň söýýänleriniň şahsy bähbitlerinden arz edýärdiler. Olar: “Özüňi aklamaga gönükdirilen arassa islegleriň bilen maňa ýüzlenýänçäň, men seniň egoistik islegleriň ýerine ýetmegine ýol bermerin. Sebäbi ol çykgynsyzlyga düşüp: «Gowusy ärimiň ýanyna dolanaýyn, sebäbi onuň bilen bolandaky ýagdaýym häzirkimden gowudy» diýip pikir eder” (2:7) diýýän ýalydy.

---

Men: “Ýa Reb... egoistligimiň getiren netijelerinden basymrak horluk çekmegime ýol ber, görgülerim hem agyrylarym meni Seniň ýanyna gaýtaryp getirsin” diýip doga edip başladym.

---

Hudaý: “Olar iýerler, ýöne barybir aç bolarlar. Olar zyna ederler, ýöne mundan hiç zat almazlar” (4:10-a seret) — diýýär. Olaryň boş ýaşaýşynyň maksady bardy; açlygy olara yzlaryna Hudaýa tarap barýan ýoly görkezer. Hudaý: “Olar günälerini boýun alyp, Maňa ýüzlenýänçäler, Men Öz mekanyma gaýdyp giderin, sebäbi bela başlaryna inen badyna olar Meni yhlas bilen gözlärler”

(5:15-e seret) — diýýär. Ysraýyla jeza bermek bilen Onuň maksady olary öýlerine gaýtaryp getirmekdi. Hoşeýa-da şuny isledi; ol Gomeriň gaýdyp gelip, ýene özi bilen ýaşamagyny isledi. Nähili duýgudaşlyk... nähili wepalylyk.

Men Hudaýyň gaharynyň meniňkä meňzeş däldigine düşündim. Onuň gahary mukaddes we mukaddes maksada gulluk edýär. Ýewreýlere hatyň awtorynyň: "Reb söýýänlerini jezalandyrýandyr we Öz çagasy hökmünde kabul edýänleriniň her birini jezalandyrýandyr" — diýen sözleri meniň ýadyma düşýär. Hudaýyň bu jezalaryna duş geleniňizde, ýatda saklaň, Hudaý size öz çagasy hökmünde garaýar... "Hudaýyň jezasy bize Onuň mukaddesligine gatnaşyp bilmegimiz üçin peýdalydyr" (Ýewreýler 12:6–7, 10). Men: "Ýa Reb... egoistligimiň getiren netijelerinden basymrak horluk çekmegime ýol ber, görgülerim hem agyrylarym meni Seniň ýanyna gaýtaryp getirsin. Men Seniň öýüň çäklerinden daşarda ýeke bolubereýin. Goý, Seniň mukaddes gaharyň meni öýe, Sen tarapa gönükdirsin. Men Senden daşlaşmak islemeýärin, eý Hudaý" diýip doga edip başladym.

## Bu Oňa nämä durýar? Ol aýal näme alýar?

Reb Hoşeýa: "Bar, aýalyň başga oýnaşy bilen zyna edýän bolsa-da, ony ýene bir gezek söý"... "Men aýaly on bäş kümüş teňňä we on bäş batman arpa, şeraba satyn aldym" (3:1–2) — diýýär.

Hoşeýanyň Gomeri satyn almagynyň näme üçin gerek bolandygy tekstde ýazylmaýar. Ol bergä batyp, gul bolandyr diýen çaklama bar. Günä hut şonuň ýaly edýär: ol gul edýär. Resul Pawlus: "Men gulçulyga satyldym, günä meniň hojaýynymdyr" diýýär (Rimliler 7:14-e seret).

Ysraýyl çagalaryna Hudaýyň şeýle mukaddesdigini, Onuň "günäniň hiç bir görnüşiniň hem bolmagyna ýol bemeýändigini" (Habakuk pygamberiň kitaby 1:13-e seret) öwredýärdiler. Olar günä üçin töleg tölemegiň gerekdigini bilýärdiler. Olar gaýta-gaýta

Hudaýa her ýylda ýakma gurbanlygyny getirmelidiler. Olar bu hakykaty her ýyl Pesah wagtynda baýramçylyk edip belleýärdiler. Müsürde ölüm perişdesi söýesine guzynyň gany çalnan gapynyň deňinden geçip gitdi. Gurbanlyk gerekdi, şonuň üçin ysraýyllar töleg hökmünde öküzleriň, geçileriň we guzularyň ganlaryny günäniň tölegi hökmünde döküärdiler.

Men, elbetde, Isanyň biziň hemmämizi günäniň gulçulygyndan halas etmek üçin Hudaýyň kämil Guzusy bolandygyny bilýärdim. Petrus: "Ata-babalaryňyzdan miras alan boş durmuşyňyzdan halas etmek üçin Hudaý töleg töledi. Onuň tölän tölegi ýöne bir altyn ýa-da kümüş däldi. Ol siziň günäleriňiz üçin bigünä we tegmilsiz Hudaýyň Guzusy Mesihiň ganyny töledi" (1 Petrus 1:18–19-a seret) — diýýär.

Siziň, belki, munuň ýaly ýokary tölegden soň bizden doly gulçulykdan başga hiç zadam talap etmez diýip pikir eden bolmagyňyz mümkin. Siziň Hoşeýanyň: "Bolýar, men seni gulçulykdan satyn aldym, bagyşladym we ýene öýümde ýaşamagyň üçin gaýtaryp getirdim. Ýöne sen bu gezek gürrüňsiz maňa gulluk etmelisiň. Men berk gulak asmadan başga hiç zada-da çydam etmerin. Indi men seniň hojaýynyň bolaryn" — diýerine garaşan bolmagyňyz mümkin. Ýöne Hoşeýa bilen Hudaý näme diýýär?

"Men ony ýene yzyna getirerin. Men ony çöle alyp giderin-de, onuň bilen mylakatly gürleşerin... Ol şol ýerde, köp ýyllar mundan ozal entek ýaşka edişi ýaly, men ony Müsürdäki gulçulykdan azat eden wagtymdakysy ýaly, maňa göwün berer. Wagty gelende, sen Maňa «*meniň hojaýynym*» diýmegiň deregine, «*meniň ärim*» diýersiň" — diýip, Reb aýdýar (2:14–16).

Hoşeýa biwepalyk edeni üçin Gomer gulçulykda galmaga mynasyp bolupdy. Ysraýyl Hudaýy inkär etmek bilen, Onuň saýlan halky hökmünde, gyrylmaga mynasyp bolupdy. Hudaýa garşy pitne turuzýanymyz üçin biziň hemmämiz günäniň guly bolmaklyga we hemişelik ýitirilen adam bolmaga mynasypdyrys. Emma Hudaý ýöne bir üpjün etmekden has ýokary zady edýär.

Ol diňe bir bizi gulçulukdan satyn alman, eýsem bizi söýgüli är-aýallyk gatnaşyklaryna gaýtaryp getirdi. Gomeri söýgi gatnaşyklaryna öwrüp getirdiler. Biz näme alýarys? Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň manysyny kesgitleýän Gudratygüýçli Hudaý bizi Öz söýýänleri diýip atlandyrýar.

Men doga edip başladym: "Ýa Reb, men düşünip bilemok. Meniň sözüm ýok. Meniň ýüregim püre-pür. Men mynasyp däl, Sen bolsa, meni mynasyp hasap edýärsiň — diňe bir ölümden soňky ýaşaýşa mynasyp hasap etmän, eýsem Seniň bilen ebedi ýakyn gatnaşyklarada mynasyp hasap edýärsiň. Ýüregimdäki minnetdarlygymy beýan etmäge mende söz ýok, eý Hudaý. Meniň durmuşym Seniňki".

## Mukaddes Ýazgynyň bu parçasynyň manysy näme? Bu meniň durmuşym üçin nämäni aňladýar?

Hoşeýa pygamberiň kitabynyň başynda ençe aýlarymy geçirenimden we Hudaý bilen has çuň gatnaşyklary duýanymdan soň, bu parçanyň manysyna düşünmäge taýýar boldum. Hoşeýanyň Gomeri, Hudaýyň bolsa, Ysraýylyň çagalaryny gaýtaryp getirmek isländigi düşnükli boldy. Ýöne näme üçin? Hudaý aslynda näme isledi?

Hudaý: "Saňa dogrulyk hem adalatlylyk, üýtgewsiz söýgi hem duýgudaşlyk görkezip, Men seni ebedi Öz aýalym edýärin. Men saňa wepaly bolaryn we seni Özümiňki ederin, soň sen ahyrsoňy Meni Reb hökmünde tanarsyň" — diýdi (2:19–20-ä seret). Men Hudaýyň biziň bilen, ýitirilen hem şowsuz adam nesli bilen bolan gatnaşyklarynyň hemmesiniň dowamynda Onuň bize söýgüsini görkezendigine aýdyň düşünip başladym. Onuň biziň berk tabyn bolmagymyzdan köpräk zady isleýändigi göze görnüp dur. Ol biziň Özüniň söýýän ýoldaşlary bolmagymyzy isleýär. Biz Özüni çagyrýançak we aýdýançak, Ol hatda bizde agyry-da döreder.

> "Ýörüň, Rebbe gaýdyp baralyň, Ol bizi tike-tike etdi, indi Ol bize şypa berýär. Ol bizi ýaralady, häzir ýaralarymyzy sarar. Biz Onuň barlygynda ýaşap biler

> ýaly, ine diýmän Ol bizi dikelder. Wah, biz Rebbi tanap bilsedik! Geliň, Ony tanamaga çalşalyň"... [Isa aýady aýtdy] "Men siziň gurban getirmegiňizi däl-de, *söýgi* görkezmegiňizi isleýärin. Men ýakma gurbanyny isleýşimden-de, siziň Meni köpräk tanamagyňyzy köp isleýärin" (6:1–3, 6).

Hudaýyň hem Ysraýylyň, hem meniň Özüni Kim bolup durýan bolsa, Şollugyna — *söýgi hem rehimdarlyk* Öz tebigaty boýunça wepaly, ygrarly, rehimli we duýgudaşlykdan doly Rebdigini — bilmegimizi isleýär. Är-aýalyň arasyndaky gizlin, söýgüli gatnaşyklaryň üsti bilen Ol meniň töweregimdäkilere söýgi görkezmegimi isleýär. Men bu hakykaty görenimde: "Men Hoşeýa pygamberiň kitabyndaky 6:6-nyň manysyny açdym!" — diýdim.

Düýp özeninde Isa fariseýlere şeýle diýdi:

> "Elbetde, Men salgyt ýygnaýjylar we günäkärler bilen iýip-içýärin. Siz Menden nämä garaşýarsyňyz? Men ebedi Hudaýyňyz bolmak üçin siziň bilen äht baglaşan *söýgi hem rehimdarlyk* Hudaýydyryn. Men Öz wadama wepaly bolup, siziň günäleriňiziň tölegini tölemäge we sizi hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynda dikeltmek üçin Hudaýyň Guzusy hökmünde geldim. Mukaddes Ýazga bagyş edilen siz hem, Maňa goşulyp, ýitirilen we zynahor durmuşynda gul edilen adamlaryň hemmesine söýgi görkezmelisiňiz. Şeýlelikde, salgyt ýygnaýjylary we zynahorlary ýazgarmaň-da, olara söýgi görkezmek, olary halas etmek we Meniň bilen ýakyn gatnaşyklara gaýtaryp getirmek üçin missiýamda Maňa goşulyň".

Men muny anyk gördüm. Hudaý Öz Ogluny meniň günämiň tölegini tölemäge bir sebäbe görä iberdi: Ol meniň bu durmuşda

we ebedi Özüniň söýýän hemrasy bolmagymy isledi. Men günä tarapyndan gul edilipdim, ýöne Ol meniň günäm üçin töleg töledi. Indi bolsa Ol meniň Özüne goşulmagymy we Onuň başga adamlara söýgi görkezişi ýaly, meniňem Hudaýy söýmegimi (Onuň Beýik tabşyrygy) we ýakynymy özüm ýaly söýmegimi (Onuň Beýik tabşyrygy) isleýär. Şonuň üçin men şowsuz çaga bolup, Onuň söýgi hem rehimdarlyk gatnaşygyndan daşlaşanymda, meni Özi bilen ýakynlyga gaýtaryp getirmek üçin Ol Öz söýgüsi içinde mende agyry döredýär. Günleriň birinde Hudaý Ysraýyl bilen baglaşan ähtini ýerine ýetirip, diňe bir Öz halkyny Özüne gaýtaryp getirmeýär-de, eýsem bu ýer ýüzüne ýeriň ilkibaşdaky wezipesini hem gaýdyp berýär. Şonda Hoşeýa pygamberiň kitabynyň 2-nji hem 14-nji baplarynda we Aýanlyk kitabynyň 21-nji babynda aýdylyşy ýaly, Onuň tutuş halky, şol sanda menem, indi agyry, görgi, günä we ölüm bolmaýan dünýäde ýaşar.

"Parçanyň bu aýadynyň manysyny gidip öwreniň" ýörelgesi meniň ünsümi öz dünýägaraýşyma çekdi. Indi men Mukaddes Kitaby şol prizmanyň üsti bilen okaýaryn. Men özümiň durmuşdaky missiýamy aýalyma we iki çagama *söýgi hem rehimdalyk* görkezmekde görýärin, sebäbi olary maňa Hudaý görkezýär. Men Hudaýyň öz durmuşyma getirjek adamlarynyň hemmesini *söýmegi* niýet edinýärin. Meniň beýle etmekdäki maksadym we yhlasym dowam edýän we ösýän Hudaýy Öz bolşuna — meniň *söýgüden hem rehimdarlykdan*[1] doly hemram hökmünde — tanama islegimden syzyp çykýar.

## SIZIŇ MUKADDES ÝAZGYNYŇ TARYHYNDAKY ORNUŇYZ

Gatnaşyklardaky açyşlara çuň ymtylyşly bolmak we dogry soraglary bermek bilen Deýw Mukaddes Ýazgynyň tutuş umumy şekilini bolşy ýaly, ondaky öz taryhyny-da belledi. Bu gün dünýäde Hudaýyň hereket edýändigine we siziň hem Onuň işiniň bir bölegi bolup durýandygyňyza hiç hili şübhe ýokdur. Resul Pawlus Hudaýyň gizlin meýilnamasynyň açykdygyny aýdýar: "Ine, gizlin

meýilnama: butparazlaryň Hudaýyň çagalarynyň miras alan bütin baýlygynda deň derejede paýy bardyr" (Efesliler 3:6-a seret).

---

Mukaddes Ýazgynyň umumy keşbini we Hudaýyň taryhyndaky öz ornumyzy görenimizde, biz Hudaýyň Kitabynyň hakykatyna has yzygiderli düşünip başlaýarys.

---

Bu Hudaýyň Ysraýyl babatdaky meýilnamasyny kiçeltmeýär we Ysraýyla degişli örän takyk pygamberliklere butparazlary goşmaýar. Ýöne bu Hudaýyň Öz saýlanan halky — ýygnak — arkaly dünýä bilen ýaraşmagy dowam etdirýändigini aňladýar. Resul Petrus ýygnaga — Mesihiň Kiçi Aziýadaky yzyna eýerijilere, ýehudylara bolşy ýaly butparazlara-da: "Siz saýlanylan halksyňyz. Siz Patyşanyň mukaddeslerisiňiz, Hudaýyň mukaddes halkysyňyz, Onuň hususyýetisiňiz. Bu biziň başgalara Hudaýyň merhemetini görkezip bilmegimiz üçindir" (1 Petrus 2:9-a seret) — diýip ýazdy. Soň Petrus Hoşeýa pygamberiň sözlerini getirýär: "Siz bir wagtlar halk däldiňiz, ýöne indi Hudaýyň halkysyňyz; öň Hudaýyň hiç hili rehimini almaýardyňyz, indi Onuň rehimini aldyňyz" (1 Petrus 2:10). Mundan başga-da, Pawlus: "Hudaý size Özi bilen adamlary ýaraşdyrma ýumşuny buýurdy... Biz Mesihiň ilçileridiris, şonuň üçin Hudaý siziň bilen gürleşmek üçin bizi ulanýar" (2 Korintoslylar 5:18,20) — diýdi.

Şeýlelikde, siz Köne Ähtiň taryhlaryny okanyňyzda, olar siz üçin ulanarlyklymy? Olar, dogrudanam, ulanarlykly, ýöne biz Köne Ähtiň awtorlarynyň gözleri bilen we Hudaýyň hakykatyny özümizde ulanmak üçin Onuň gözi bilen seretmelidiris. Hudaýyň ak patasynyň, güýjüniň, ynamlylygynyň, goragynyň, üpjünçiliginiň hakykaty, Onuň bilen ebedi öýde bolma wadalarynyň hemmesi, edil Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň maşgalasyna degişli bolşy ýaly, Guzynyň, Hudaýyň — Isa Mesihiň — halas edijilikli gurbanlygy

arkaly size-de degişli boldy. Hudaý size-de Özüniň *söýgüsini hem rehimini* görkezdi. Köne we Täze ähtler — bu Onuň Özüni size açmasydyr. Onuň siz bilen ýakyn dostlukly gatnaşyklaryndan syzyp çykýan ak patalaryň hemmesinden lezzet alyp bileriňiz ýaly, Ol Öz Kitabynyň we Mukaddes Ruhuň güýji bilen siziň Özüni tanamagyňyzy isleýär. Siz Onuň gelinliginiň — Ýygnagyň — bir bölegisiňiz, Mesih bolsa — siziň Söýgüliňizdir.

Mukaddes Ýazgynyň umumy şekilini we Hudaýyň taryhynda öz ornumyzy görenimizde, biz Hudaýyň Kitabynyň hakykatyna yzygiderli düşünip bileris.

Umumy şekili şeýle suratlandyryp bolar:

| | |
|---|---|
| **ÝARADYLYŞ:** | Hudaý bar zatlaryň hemmesini, şol sanda adamlary-da, Özi bilen gatnaşyklar üçin ýaratdy. |
| *Günä:* | Adamlar günä etdiler, günä-de olara ölüm (Hudaýdan aýra düşmäni) getirdi. |
| *Hudaýyň jogaby:* | Hudaý Ybraýym bilen, onuň üsti bilen hem, ebedi olaryň Hudaýy bolmak üçin, Ysraýyl çagalary bilen äht gatnaşyklaryny ýola goýdy. Ol ýewreý Mukaddes Ýazgylarynyň üsti bilen Özi barada aýanlyklary berdi. Özi Ysraýyly we bütin adamzat neslini günäniň hem ölümiň gulçulygyndan halas edip, olary dikeldýänçä, Ol gurbanlyk getirme sistemasyny ýola goýdy. |

**AMALA AŞMAK:** Hudaý Isanyň keşbinde bir gezekde hemişelik günäniň Tölegi bolmak üçin dünýä geldi. Ol haça çüýlenildi, ölümden direldi we halas etme wadasyndaky Özüniň etmeli bölegini ýerine ýetirip, göge alyndy.

*Mukaddes Ruh:* Isa Öz Atasynyň ýanyna gaýdyp bardy we halas etmä kepil geçmek, Mesihiň Tenini — Ýygnagy — emele getirmek, Täze Ähtiň ýazgysy arkaly Özi hakda goşmaça aýanlyk bermek we her bir imanly adamyň içinde Mesihiň diri barlygy bolmak üçin Mukaddes Ruh iberildi.

**TÄZEDEN DIKELME:** Hudaý Öz ýygnagynyň üsti bilen dünýäni Özi bilen ýaraşdyryp, bu asyrda işleýär. Onuň Öz halky we onuň bilen ebedi ýakyn gatnaşyklardan lezzet almagy üçin ölüm ýeňilýänçä we hemme zat Onuň ilkibaşdaky meýilnamasyna gaýdyp barýança, biziň Onuň bilen missiýamyz tamamlanmaýar. Mesih gaýdyp gelýär, soň biz Onuň bilen ebedi patyşalyk ederis. Şonda Hudaýyň halas etme wadasy doly bolar.

Ýaradylyş, amala aşma we täzeden dikelme taryhy — bu Gelip çykyş kitabyndan başlap, Aýanlyk kitabyna çenli bolan giň taryhdyr. Şeýle-de bolsa, siz bu taryha örän şahsy ýagdaýda salnansyňyz.

| | |
|---|---|
| *Aýratyn meňzeşlikde ýaradylan:* | Siz Hudaý we beýleki adamlar bilen söýgi gatnaşyklarynda bolmak üçin öz bolşuňyzda ýeke-täk edilip ýaradyldyňyz. |
| *Ýeke-täk maksat üçin halas edilen:* | Hudaý siziň bilen gatnaşyklaryň başyny başlaýar, şonuň üçin siz Ony tanap, Oňa meňzeş bolup we Onuň ýollaryndan ýöremek bilen Oňa şöhrat hem hormat getirmek üçin Onuň ýanyna barmagyňyz üçin halas edildiňiz. Ol siziň üstüňizi ýetirýär, şonda siz hem öz durmuşyňyzyň ýeke-täk manysyny amala aşyrarsyňyz. |
| *Takyk wezipäňiz bar:* | Mesihiň teniniň bir bölegi hökmünde öňüňizde aýratyn wezipäni ýerine ýetirmeklik durandyr — siz Hudaýy bütin janyňyz-teniňiz bilen söýmek we ýakynyňyzy özüňiz ýaly söýmek bilen Onuň dünýäni ýaraşdyrma missiýasyna gatnaşmalysyňyz. Şonda siz özüňiziň ebedilik söýýänleriňiz bilen bile günäsiz hem kämil dünýäde kämil gatnaşyklarda bolup, şöhratly umyt hem garaşma içinde Hudaýyň Özi bilen ýaşaýyş mirasyna girersiňiz. |

Öz aýratyn meňzeşligiňi, ýeke-täk maksadyňy we takyk wezipäňi açmaklyk — bu ömür uzynlygyndaky syýahatdyr. Mukaddes Ýazgynyň sahypalary — bu siziň ýol kartaňyzdyr, Mukaddes Ruh bolsa, siziň Ýolbelediňizdir. Siz diri Sözi öwreneniňizde, Hudaý siziň Özüniň *wepaly söýgüsini* duýmagyňyzy isleýär. Ol siziň hem edil şonuň ýaly derejede töweregiňizdäkilere şonuň ýaly

*wepaly söýgini* görkezmegiňizi isleýär. Köne Ähtiň her bir taryhy bilen Täze Ähtden alnan parça bu tema bilen baglanyşyklydyr. Sözi okanyňyzda we Hudaýy Öz bolşuna öwreneniňizde, özüňize Hudaýyň dünýäni Özi bilen ýaraşdyrma we siziň bilen Özüniň söýgi gatnaşyklaryny çuňlaşdyrma boýunça hemme zady öz içine alýan meýilnamasynyň çäklerinde serediň.

Häzir munuň özüňiz üçin nämäni aňladýandygy baradaky ýürekden çykýan dogany Hudaýa ýetirmäge wagt tapyň. Özi bilen gatnaşyklardan nämä garaşýandygyňyzy we nämä teşnedigiňizi Oňa beýan ediň.

"Ýa Reb, men ... aýtmak isleýärin"

## ÝÖNE SIZ OKAÝAN ZADYŇYZA YNANYP BILÝÄRSIŇIZMI?

“*Mukaddes Kitabyňyzy duýuň*” kitaby bilen siziň Mukaddes Ýazgynyň Hudaýy bilen gatnaşyklaryňyz bir faktor bilen şertlendirilendir: Mukaddes Kitap Ol baradaky takyk hem ygtybarly aýanlykdyr. Eger Hoşeýa pygamberiň kitaby taryhy taýdan ygtybarly dokument däl bolsa, onda öz okan we derňän zatlaryňyzyň hemmesiniň hakykatdygyna ýa-da hatda çyn zatdygyna ynamyňyz ýokdur. Bu Hudaýyň Sözüniň takyklygynyň we ygtybarlylygynyň ägirt uly ähmiýetiniň bardygyny aňladýar, bu göze görnüp dur.

---

Eger biz Mukaddes Kitap Hudaýyny tanamanyň artykmaçlyklaryndan peýdalanmaga umyt baglaýan bolsak, onda özümizde Kitabyň, ýagny Hudaýyň adamlary Öz adyndan ýazmaklary üçin ruhlandyrandygyny anyk şöhlelendirýän Kitabyň bardygyna ynamly bolmalydyrys.

---

Görýärsiňizmi, Söz ýazylmazyndan öň Hudaý Musa, Ybraýym we pygamberler bilen göni gürleşdi. Şeýle hem, Hudaý Özüni tende açyp, biziň bilen Öz Oglunyň üsti bilen gürleşdi (Ýewreýler 1:1–2-ä seret). Hudaýyň şol aýanlyklary hat görnüşinde ýazylyp, müňýyllyklaryň dowamynda Mukaddes Ýazgynyň sahypalarynda saklanyldy. Ýöne faktlar hem wakalar ürç edilip, dogry ýazylmadyk bolsa, onda bu günki Mukaddes Kitap Hudaýyň tebigatynyň we häsiýetiniň ýoýulan ýa-da düýbünden nädogry şöhlelenmesi bolar.

Şeýlelikde, Hudaýy tanamaklyk we Onuň bilen ikitaraplaýyn gatnaşykdaky ýaşaýyş aslynda Ondan takyk aýanlygy aljakdygymyza we olara eýe boljakdygymyza ýa däldigine baglydyr. Eger Mukaddes Kitap ygtybarly däl bolsa, onda biziň eýerýän hem tabyn bolýan taglymatlarymyza ynamymyz ýokdur. Göz öňüne getirip görüň, mysal üçin, Hudaý aslynda Musa on bäş tabşyryk beripdir, haýsydyr

bir kanunçy ýol ugruna olaryň bäşisini aýyrma kararyna gelipdir. Şonda gowy bolan ýagdaýyna Hudaýyň Kimdigi we Onuň bizden nämäni talap edýändigi baradaky düşünjämiz doly däl bolar.

Eger biz Mukaddes Kitap Hudaýyny tanamanyň artykmaçlyklaryndan peýdalanmaga umyt baglaýan bolsak, onda özümizde Kitabyň, ýagny Hudaýyň adamlary Öz adyndan ýazmaklary üçin ruhlandyrandygyny anyk şöhlelendirýän Kitabyň bardygyna ynamly bolmalydyrys. Eger Hudaýyň Sözi bize takyk ýazylyp berilmedik bolsa, onda biz we biziň çagalarymyz özümiziň Mukaddes Kitabyň hakyky Hudaýyny tanamak üçin edýän synanyşyklarymyzda aldanandyrys.

Gowy täzelik Hudaýyň Sözüne ynamly bolup biljekdigimizde we oňa ynanyp biljekdigimizde jemlenendir. Indiki bap siziň Mukaddes Kitaba bolan ynamyňyzy çuňlaşdyrmaga we onda tapylan baý hazynalary açmaga uly höwes döretmek üçin ýazylandyr.

12-NJI BAP

# NÄME ÜÇIN MUKADDES KITABA YNANMAK BOLÝAR?

Öz okaýan Mukaddes Kitabyňyzyň hakykatdan hem, Hudaýyň aýdan kitabydygyna nädip ynamly bolup bilýärsiňiz? Ýatda saklaň, ol müňlerçe ýyllar mundan ozal ýazylan. Siz onuň dogry göçürilendigine nädip ynamly bolup bilýärsiňiz? Uly bölümleriň, hatda tutuş kitaplaryň sypdyrylmandygyny, olaryň mazmunynyň bolsa, özleriniň şahsy pikirlerini goşan adamlar tarapyndan üýtgedilmändigini siz nädip subut edip biljek? Häzirki elimizde bar bolan Mukaddes Kitabyň Hudaýyň ýazmaklyga ruhlandyran awtorlarynyň dogry ýazan zadydygynyň subutnamalary barmy? Geliň, şu soraglara seredeliň[1].

## HUDAÝYŇ SÖZLERI TAKYK BERLEN

Birinji bapda biz Hudaý tarapyndan ruhlandyrylan Mukaddes Kitap diýlip atlandyrylan bu kitabyň 1500 ýylyň dowamynda 40-dan gowrak nesil, jemgyýetiň dürli gatlaklaryndan bolan 40-dan gowrak dürli awtorlar — çopanlar, esgerler, pygamberler, şahyrlar, monarhlar, alymlar, döwlet işgärleri, salgyt ýygnaýjylar, balykçylar we çadyr ýasaýjylar — tarapyndan ýazylandygyny belläpdik. Onuň Hudaý tarapyndan ruhlandyrylan sözleri dürli ýerlerde — çölde, köşkde, zyndanda, dagyň eňňidinde, türmede we sürgünlikde — beýan edildi. Ol Aziýa, Afrika we Ýewropa ýaly kontinentlerde we üç dilde — iwrit, arameý we grek dillerinde ýazyldy. Onda

ýüzlerçe taryhlar gürrüň berilýär, ýüzlerçe aýdymlar ýazylan we ýüzlerçe jedelli temalara deglip geçilen. Şeýle-de bolsa, awtorlaryň, çeşmeleriň we mazmunynyň dürlüligine garamazdan, ol ajaýyp üznüksiz temada — Hudaýyň Öz çagalaryny halas etme we bar bolan zatlaryň hemmesini Onuň ilkibaşdaky maksadyna laýyklykda dikeltme temasynda — birikmäge baryp ýetýär.

Halas ediji we baglanyşdyryjy maksadyň bardygy sebäpli Hudaý onuň ýitirilmegine, ýoýulmagyna ýa-da üýtgedilmegine ýol berip bilmeýär. Isanyň aýdyşy ýaly: "Ynanaýyň, gök bilen ýer geçip gidýänçä, onuň maksadyna ýetilýänçä, Hudaýyň Kanuny iň kiçi ownuklygyna çenli durar" (Matta 5:18-e seret). Ol nämedir bir zadyň Öz maksadyna päsgel bermegine ýol bermez. Isa: "Gök hem ýer öter, ýöne Meniň sözlerim ebedi galar" (Matta 24:35-e seret) — diýdi.

Hudaý biziň bilen gatnaşyklara şeýle gyzyklanýandygy sebäpli, Onuň Özi (gudrat bilen) Öz Sözüne ruhlanma berdi, onuň berlişine gözegçilik etdi we kimiň gözi hem ýüregi açyk bolsa görüp biler ýaly we onuň hakykatdygyna we dogrudygyna ynanyp biler ýaly, onuň ygtybarlydygyny ençe gezek tassyklady. Halklar Mukaddes Kitaby inkär etdiler, zalymlar ony köki bilen ýok etmäge synanyşdylar, ýeretikler ony ýoýjak boldular, jemgyýetler onuň gymmatyny ýitirjek bolup jan etdiler, ýöne Mukaddes Kitabyň ynamdarlygynyň subutnamalary bizi we çagalarymyzy onuň Hudaýyň hakykylygynyň çyn şöhlelenmesi bolup durýandygyna, onuň "ýerden hem gökden-de dowamlydygyna" (Luka 16:17) ynandyryp biler ýaly derejede ýeterlikdir.

Köne we Täze ähtlerde Hudaýyň ýolbaşçylyk ediji elini görmek kyn däl. Eger gadym wagtlardaky golýazmalaryň ýazylyş hem saklanyş prosesine üns bersek, Mukaddes Kitabyň takyklygyna ynamly bolup biljekdigimiz baradaky faktyň özi gudrat bolup durýar. Awtograflar diýlip atlandyrylýan Hudaý tarapyndan ruhlandyrylyp ýazylan asyl nusga golýazmalaryň häzir ýekejesem ýok. Biziň bu günki okaýanymyz — bu gadymky golýazmalara esaslanýan

we olardan terjime edilen beýleki asyl nusgalaryň nusgalarydyr. Munuň sebäbi Mukaddes Kitabyň entek çap edilýän stanoklar ýok bolan döwründe düzülendiginde we berlendigindedir. Golýazmalaryň hemmesini el bilen ýazmaly boldy. Wagtyň geçmegi bilen syýa soldy, ýüzüne ýazylan material bolsa zaýalandy. Şeýlelikde, eger dokumenti saklamak we indiki nesle geçirmek gerek bolan bolsa, täze nusgalary etmek gerekdi, ýogsa ol hemişelik ýitirilerdi. Elbetde, ol nusgalar hem, edil asyl nusgalar ýaly — el bilen könelýän materiallaryň ýüzüne solýan syýalar bilen ýazylypdy.

---

### Häzirki bize elýeter bolan golýazmalaryň asyl nusgalary takyk berýändigine biz nädip ynamly bolup bileris?

---

Ýöne siz özüňize adalatly soragy berip bilersiňiz: el bilen nusga edilen reproduksiýalary döretmeklik teksti berme prosesiniň bütin dowamynda ýalňyşlara alyp barmazmy? Ýadan ýazyjynyň ukusyzlykdan ýaňa garaňkyrap duran gözlerinden Hoşeýa pygamberiň kitabyndan wajyp sözleriň birnäçesi, tutuş bir bölümleri sypdyrmandygyny ýa-da esasy sözleriň käbirlerini üýtgetmändigini nireden bileli? Ýa-da haýsydyr bir öz bähbidini araýan we işe goşulýan ýazyjy Markyň Hoş Habaryny ýazylanyna ýüz ýyl geçenden soň göçürýärkä, özünden bäş baby goşan bolsa ýa-da Isanyň aýdan hem eden zatlaryny üýtgeden bolsa näme? Eger Hudaýyň Musa, Dawuda, Matta ýa-da Petrusa beren sözleri soňrak üýtgedilen we harsallyk bilen göçürilen bolsa, özümiziň ýeke-täk hak Hudaýy tanamaklyga golaýlaşýandygymyza nädip ynamly bolup bileris? Özümiziň tabyn bolýan buýruklarymyzyň Hudaýyň tebigatynyň we häsiýetiniň hakyky şöhlelenmesi bolup durýandygyna nädip ynamly bolup bileris? Käbir tankytçylaryň aýdyşlary ýaly, Mukaddes Kitap nätakyklyklardan we bozulmalardan doly köne ýazgylaryň ýygyndysy bolup durýan bolsa näme? Häzirki

bize elýeter bolan golýazmalaryň asyl nusgalary takyk berýändigine biz nädip ynamly bolup bileris?

Hudaý bizi düşünmezlikde galdyrmady. Ol Sözüň bir nesilden beýlekisine takyk geçirilendigine kepil geçmek üçin onuň geçirilişine gudrat bilen gözegçilik etdi.

## Bilesigeliji ýazyjylar

Hudaýyň Öz Sözüni takyk berýändigine kepil geçme usullarynyň biri-de, Kanunlar Kitabyna örän çynlakaý sereden erkekleri we aýallary saýlama, çagyrma we terbiýeleme usulydy. Hudaý ýewreý halkyna Öz Sözüne beýik hormat bilen seretmegi tabşyrdy we muňa ynandyrdy. Bu halkyň peýda bolan ilkinji günlerinden başlap, Hudaý olara şeýle diýdi:

> "Eý Ysraýyl, aýdýan zatlarymyň hemmesine ünsli gulak as... Meniň bu gün saňa berýän buýruklaryma özüňi bütin ýüregiňden bagyş et. Olary çagalaryňyza gaýta-gaýta gaýtalaň. Öýdekäňizem, ýoldakaňyzam, ýatanyňyzda-da, ýene turanyňyzda-da olar hakda gürläň. Olary ýatlatma hökmünde eliňe daň we maňlaýyňa as. Olary jaýyňyzyň gapylarynyň söýelerine we derwezeleriňize ýazyp goýuň" (Kanun taglymaty 6:3, 6–9-a seret).

Hudaýyň bu buýruklaryna bolan garaýyş ýewreý meňzeşliginiň bir bölegi bolup, biziň eramyzdan öňki V we III asyrlaryň aralarynda ýewreý alymlarynyň "*soferimler*" diýen ýewreý sözünden bolup, "*ýazyjylar*" diýmegi aňladýan bir topary peýda boldy. Ýewreý Mukaddes Ýazgylarynyň şol saklaýjylary özlerini gadymky golýazmalary gaty gowy saklamaklyga, gerek bolan ýagdaýynda, täze nusgalary taýýarlamaga bagyş etdiler.

Soferimleriň ýerine *talmud ýazyjylary* geldi. Olar takmynan biziň eramyzyň 100-nji ýyllaryndan başlap, 500-nji ýyllaryna

çenli mukaddes ýazgylary goraýardylar, düşündirýärdiler we teswirleýärdiler. Talmud ýazyjylarynyň yzyndan has meşhur bolan *masoret ýazyjylary* geldi (takmynan b.e.500–900 ýyllary).

Talmud göçürijileri, mysal üçin, golýazmalary göçürmäniň jikme-jik hem berk düzgünlerini ýola goýupdyrlar. Olaryň düzgünleri şeýle talapgär bolany üçin, täze nusga taýýar bolanda, olar täze alnan nusga, onuň göçürilip alnan nusgasy ýaly hukuk beripdirler, sebäbi olar onuň takyk nusgadygyna doly ynamly bolupdyrlar.

Adamlaryň bu topary Hudaýyň beren hünäri boýunça Köne Ähtiň tekstini asyrlar boýy saklamak üçin saýlanandylar. Göçüriji öz iş gününi özüniň bedenini dabaraly ýuwunmakdan başlaýar. Soň ol doly ýewreý lybasyna girýär-de, stolunyň başyna geçýär. Ol ýazyp barýarka, Hudaýyň ýewreýçe adyna ýetende, ýelegini syýa täzeden batyryp ýazyp bilmändir, sebäbi ol onuň sahypany bulaşdyraryndan heder edipdir. Ol Hudaýyň adyny ýazyp başlanda saklanyp ýa-da ünsüni başga zada sowup bilmändir. Hatda otaga patyşa girse-de, ýazyjy ýeke-täk hak Hudaýyň mukaddes adyny ýazyp bolýança, ony säginmän ýazmaga borçly bolupdyr.

Golýazmalary göçürmek boýunça talmud teklipleri aşakylary talap edipdir:

- Golýazma kagyzy hor malyň derisinden taýýarlanan bolmaly.
- Her bir golýazma kagyzy bütin kitabyň dowamynda sütünleriň belli bir mukdaryny saklamaly.
- Her bir sütüniň uzynlygy 48 setirden az we 60 setirden köp bolmaly däl.
- Sütüniň ini 30 harpdan köp bolmaly däl.
- Ähli çekimsizleriň arasynda aralyk bolmaly.
- Her bölümiň arasynda dokuz çekimsizi goýmak zerurdyr.
- Her kitabyň arasynda üç setir aralyk bolmaly.
- Musanyň bäşinji kitaby (Kanun taglymaty) hökman doly setir bilen gutarmaly.

- Hiç zady, hatda iň gysga sözi-de ýatdan ýazmak bolmaýar; hemme zady harpma-harp göçürmeli bolupdyr.
- Göçüriji her kitapda elipbiýiň haýsy harpynyň näçe gezek duş gelendigini sanamaly we ony asyl nusga bilen deňeşdirmeli bolupdyr[2].

Ýewreý Ýazgylaryna şeýle hysyrdyly hormaty goýmalydygyna bu kitapçalary Hudaý ynandyrdy. Ol muny, biz siziň bilen — we biziň çagalarymyz — Hudaý barada takyk aýanlyk alyp bilerimiz ýaly, Kanun Kitabynyň şeýle takyk berilmegini üpjün etmek üçin etdi.

Ýöne ýaňy-ýakyna çenli-de bizde Köne Ähtiň şeýle täsin ýagdaýda saklanylandygyny bilmäge mümkinçiligimiz ýokdy. 1947-nji ýyla çenli doly bolan iň köne ýewreý golýazmasy b.e. 900-nji ýyllaryna degişli edilýärdi. Ýöne Öli deňziň günbatar kenaryndan tapylan 223 golýazmanyň we başga-da köp hususy golýazmalaryň we fragmentleriň açylmagy bilen indi bize Köne Ähtiň paleograflar tarapyndan takmynan b.e. öňki 125-nji ýyllara degişli edilen golýazmalary bar. Atlandyrylyşy ýaly, "Öli deňziň bu düýrme kitaplary" öňki belli bolan golýazmalaryň islendiginden müň ýaş uludyr[3].

Ýöne iň gyzykly zat nämede: Öli deňziň düýrme kitaplary terjime edilip, häzirkizaman terjimeler bilen deňeşdirilende, häzirkizaman ýewreý Mukaddes Kitaby 95 göterimden-de köpräk derejede sözme-söz meňzeş bolup çykdy. (5 göterimlik aralyk, esasan hem, ýazylyşyň görnüşlerindedi. Mysal üçin, Işaýa pygamberiň kitabynyň 53-nji babyndaky 166 sözden diňe 17 harp sorag astyndady. Olardan 10 harp orfografiýanyň predmetidi, 4 sanysy — stilistiki üýtgeme; galan üç harp aýada goşulan "*ýagtylyk*" sözündedi)[4].

Başga sözler bilen aýtsak, ähli döwürlerdäki golýazmalaryň iň beýik açyşlary Köne Ähti göçürmede diňe ujypsyzja üýtgemeleriň ýüze çykmagyna, olaryň hijisiniň hem tekste aýdyň manysyny üýtgetmändigine we golýazmanyň fundamental bitewiligini şübhe astyna salmandygyny gökezýär.

Tankytçylar öňküsi ýaly, faktlara garşy gelýän sözlerini aýdarlar. Ýöne subutnamalaryň aglaba bölegi Hudaýyň Öz Sözüni saklandygyny we asyrlaryň dowamynda ony takyk geçirendigini tassyklaýar, şonuň üçin bu gün Köne Ähti eliňize alanyňyzda, eliňizde gowy saklanylan we doly ynamdar dokumenti tutup durandygyňyza doly ynamly bolaýyň.

## Täze Ähtiň teksti

Belli bolşy ýaly, ýewreý ýazyjylary Täze Ähtiň golýazmalaryny göçürmediler. Munuň birnäçe sebäbi bar. Resmi ýewreý ýolbaşçylary mesihiligi goldamadylar. Täze Ähtiň awtorlarynyň ýaýradan hatlary we taryhlary entek resmi Mukaddes Ýazgy hasap edilmeýärdi hem-de şol dokumentler iwritde däl-de, grek hem arameý dillerinde ýazylandy. Şeýlelikde, bu düzmeler bir nesilden beýlekisine geçirilende, şol bir formal düzgünler ýerine ýetirildi. Täze Ähtde Hudaý Öz Sözüniň ak patalarynyň biz we çagalarymyz üçin takyk saklanyljakdygyna kepil geçmek üçin täze bir zat etdi.

Taryhçylar tekstiň hakykylygyna antiki edebiýatyň iki standarty boýunça baha berýärler: 1) asyl nusganyň ýazylan wagty bilen iň irki nusgasynyň arasyndaky wagt dowamlylygy; 2) golýazmanyň näçe nusgasy elýeter.

Mysal üçin, Ýuliý Sezaryň Gall uruşlaryndaky ýeňişleri (b.e. öňki 58–51 ýyllar) barada biziň bu günki bilýän zadymyzyň hemmesi Sezaryň "*Gall uruşlary*" işiniň golýazmasynyň on nugasyndan alnan. Olaryň iň irki nusgasy asyl nusga döredileninden müň ýyldan az bolmadyk soňky döwre degişli edilýär. Liwiýiň "*Rimiň taryhynyň*" häzirki teksti bir bölekleýin golýazma we 19 sany soňrakky, ilki ýazylanyndan *soňky* 440-dan 1000-e çenli aralykdaky döwürlere degişli edilýär (aşakdaky tablisa seret)[5].

| NUSGAWY EDEBIÝATDA ULANYLÝAN TEKSTUAL YNAMLYLYK STANDARTY | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Awtor | Kitap | Ýazylan senesi | Iň irki nusgalary | Wagt aralygy | Nusgalaryň mukdary |
| Gomer | *Iliada* | b.e öňki 800 ý. | b.e öňki 400 ý. | takmynan 400 ýyl | 643 |
| Gerodotyň | *taryhy* | b.e öňki 480–425 ý. | takmynan b.e. 900 ý. | takmynan 1350 ýyl | 8 |
| Fukididiň | *taryhy* | b.e öňki 460–400 ý. | takm. b.e. 900 ý. | takm. 1300 ýyl | 8 |
| Platon | | b.e öňki 400 ý. | takm. b.e. 900 ý. | takm. 1300 ýyl | 7 |
| Demosfen | | b.e öňki 300 ý. | takm. b.e. 1100 ý. | takm. 1400 ýyl | 200 |
| Sezar | *Gall urşy* | b.e öňki 100–44 ý. | takm. b.e. 900 ý. | takm. 1000 ýyl | 10 |
| Liwiý | *Rimiň taryhy* | b.e öňki 59 ý. – b.e. 17 ý. | dördünji asyr onunjy asyr | takm. 400 ýyl 1000 ýyl | 1 bölekleýin 19 |
| Tasita | *Annaly* | b.e. 100 ý. | takm. b.e. 1100 ý. | takm. 1000 ýyl | 20 |
| Pliniý Sekind | *Hakyky taryh* | b.e. 61–113 ý. | takm. b.e. 850 ý. | takm 750 ýyl | 7 |

Munuň bilen deňeşdireniňde Gomeriň “*Iliadiýasy*” has ygtybarlydyr. Ony golýazmanyň häzirki döwürde bar bolan 643 nusgasyny tassyklap, nusgalaryň düzülen wagty bilen iň irki nusgasynyň arasyndaky wagt bary-ýogy 400 ýyldyr.

Liwiý bilen Gomeriň tekst subutnamalary taryhçylaryň olary asyl nusgany tassyklamaklary üçin ulanyp bilerleri ýaly has ýeterlik hasap edilýär, ýöne Hudaýyň Täze Ähtiň tekstini eden zady bilen deňeşdireniňde, şol subutnamalar hiç zat bolup galýar.

## Täze Ähtiň deňi-taýy ýok

Gadymky ýazgylaryň tekstleriniň dogrulygyna baha bermek üçin umumy kabul edilen bu standarty ulananymyzda, Täze Ähtiň aýratyn bolup durandygyny biz görýäris. Onuň deňi-taýy ýok. Gadymy dünýäniň ýekeje kitaby-da Mukaddes Kitabyň hakykylygyna, hatda golaýlaşybam bilmeýär. ("Mukaddes Kitap babatda ulanylýan tekst ygtybarlylygynyň standarty" tablisa seret)[6].

Täze Ähtiň golýazmalarynyň ýa-da fragmentleriniň *25 müňden* gowragy dünýäniň kitaphanalarynda we uniwersitetlerinde dur.

Şu wagt Ýohannanyň Hoş Habarynyň tapylan iň irki fragmenti Jon Raýlendsiň Angliýadaky Mançester uniwersitetinde ýerleşýär. Ony resul Ýohannanyň asyl nusgany ýazan wagtyndan *50 ýyldan* soňa degişli edýärler![7]

MUKADDES KITAP BABATDA ULANYLÝAN TEKST YGTYBARLYLYGYNYŇ STANDARTY

| Awtor | Kitap | Iň irki nusgalar | Wagt aralygy | Nusgalaryň mukdary |
|---|---|---|---|---|
| Ýohanna | Täze Äht | b.e. takm. 130 ý. | 50 ýyldan gowrak wagt | Fragmentleri |
| Täze Ähtiň beýleki kitaplary | | takm. b.e. 200 ý. (kitaplar) | 100 ýyl | |
| | | b.e. 250 ý. (Täze Ähtiň uly bölegi) | 150 ýyl | |
| | | b.e. 325 ý. (doly Täze Äht) | 225 ýyl | 5600 köpräk grek golýazmasy |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | b.e. 366–384 ý. (Wulgatynyň latyn terjimesi) | 284 ýyl | |
| | | b.e. 400–500 ý. (beýleki terjimeler) | 400 ýyl | 19 000 — gowrak terjime edilen golýazmalar |
| | | **JEMI** | 50–400 ýyl | 24 900 gowrak golýazma |

Asyl nusga golýazmalaryň ýazylan pursatyndan başlap — 1900 gowrak wagt öň — Mukaddes Kitaby inkär etmek ýa-da ýok etmek üçin gaty köp synanyşyklar edildi. Şeýle-de bolsa, Hudaýyň Sözi diňe bir dabaralanman, eýsem ýaýrady hem. XVIII asyryň görnükli fransuz ýazyjysy we şübheçil bolan Wolter özünden soňky ýüz ýyldan soň mesihiligiň diňe taryhda çykyt bolup galjakdygyny aýtdy. Ýöne ykbalyň oýny bilen, onuň ölenine elli ýyl geçenden soň, 1828-nji ýylda Ženewanyň Mukaddes Kitap jemgyýeti onuň öýüne göçüp, onuň çaphanasyny Mukaddes Kitaby öndürip, ony bütin dünýä ýaýratmak üçin ulanyp başlady. Petrus Işaýa pygambere salgylanyp: “Adamlar solýan güller ýalydyr, ýöne Rebbiň Sözi ebedi galýandyr” (1 Petrus 1:24–25) — diýýär.

Taryhdaky ýekeje kitabam onuň ýaly, şeýle köp mukdardaky dillerde giňden meşhur bolmandy. Mukaddes Kitabyň ýaýramasy milliardlarça nusgalarda sanalýar. Birleşen Mukaddes Kitap jemgyýetiniň 2008-nji ýyldaky hasabatyna laýyklykda, diňe şu ýylda agza guramalar 28,4 million doly Mukaddes Kitaby we 300 milliondan azrak bolan Mukaddes Kitap böleklerini ýaýradýar[8]. Olar, şeýle hem, Mukaddes Kitabyň we onuň bölekleriniň 2400

dile terjime edilendigini habar berýärler. Geň galmaly ýeri-de, bu diller dünýäniň 90% ilatynyň esasy gürleýän dili bolup durýar![9]

## HUDAÝYŇ SÖZI TAKYK ÝAZYLAN

Biz Köne we Täze Ähtleriň tekstleriniň asyrlaryň dowamynda takyklyk bilen dogry berlendigine ynamly bolup bileris. Başga sözler bilen aýtsak, başda ýazylan zat bu günki elimizde bar bolan zatdyr. Ýöne fundamental sorag ýüze çykýar. Hudaýyň sözleri Özüniň aýtjak bolşy ýaly ýazyldymy? Ruhlandyrylan şol ýazyjylar taryhy wakalary ýazanlarynda, yzygiderlilik taýdan şol wakalara ýeterlik derejede, ýagny olaryň ýazan zatlarynyň takyklygyna biz ynamly bolup biler ýaly derejede, ýakyn boldularmy?

---

Hudaý Özüniň Mesih baradaky sözlerini ýazmak üçin islendik biriniň üsti bilen we islendik ýerde gürläp bilýär. Ýöne biziň hakykata bolan goşmaça ynamlylygymyzy bermek üçin Ol gözi bilen görenleriň görkezmelerini ulandy.

---

Gadymky ýazgylaryň köpüsi özleriniň habar berýän wakalarynyň faktlaryny umumy görnüşde beýan edýärler. Gadymy dünýäniň käbir hormatlanylýan awtorlary özleri dogulmazyndan kän ýyllar öň bolup geçen wakalary we hiç haçan baryp görmedik ýurtlary hakda ýazypdyrlar. Olaryň berýän gürrüňleri esasan hem, faktlara esaslanýan bolsa-da, taryhçylar habar berýän wakalaryna geografiki hem wagt taýdan golaý bolan ýazyjylara köpräk ynanmagyň gerekdigini boýun alýarlar.

Muny göz öňünde tutanyňyzda, Täze Ähti ýazmaga ruhlandyranda, Hudaýyň söýgüsine we alada edişine üns beriň. Ylmy derňewleriň gaty köp bölegi Isanyň durmuşy, irki ýygnagyň taryhynyň we Täze Ähtiň esasy bölegini eýeleýän hatlaryň ýa-ha wakalary gözleri bilen gören adamlar, ýa-da gözi bilen görenleriň

döwürdeşleri bolan adamlar tarapyndan ýazylandygyny tassyklaýar. Hudaý dört Hoş Habaryň üçüsini ýazmak üçin Mattany, Marky we Ýohannany saýlaýar. Bular: “Gören şaýat boldy, onuň şaýatlygy hakdyr. Ol siz iman eder ýaly, özüniň dogry aýdýanyny bilýändir” (Ýohanna 19:35) — diýip tassyklap biljek adamlardylar. Hudaý Luka lukmana üçünji Hoş Habary we Resullaryň işlerini ýazmalydygyny aýtdy. Luka bilesigeliji hem seresap ýazyjy bolup, ol başlangyç material hökmünde “aramyzda ýüze çykan wakalaryň taryhyny köp adamlar başdan öz gözleri bilen görenleriň we Sözüň hyzmatçysy bolanlaryň bize aýdyşy ýaly...” (Luka 1:2) — diýen sözleri ulandy.

Hudaý Özüniň Mesih baradaky sözlerini ýazmak üçin islendik biriniň üsti bilen we islendik ýerde gürläp bilýär. Ýöne bize hakykata bolan goşmaça ynamlylygy bermek üçin Ol: “ozal-başdan bar bolany, eşidenimizi, gözlerimiz bilen görüp synlanymyzy, ellerimiziň tutanyny size yglan edýäris... görenimizi, eşidenimizi size aýdýarys” (1 Ýohanna 1:1,3) — diýen Ýohanna ýaly gözi bilen görenleriň görkezmelerini ulandy. Ol: “Size Rebbimiz Isa Mesihiň gudrat bilen gelşi hakda habar berenimizde, biz toslama ertekilere eýermedik. Biz Onuň şan-şöhratyny öz gözümiz bilen gördük” (2 Petrus 1:16) — diýen Petrusyň üsti bilen hereket etdi. Ol kimi Özüniň hasylly ýazyjysy edip saýlady? Mesihileri yzarlaýjydan Hudaýyň ýygnaklaryny döredijä öwrülmesi pajygaly bolan resul Pawlus, elbetde, beýlekileriň hemmesinden-de ynama mynasyp boldy!

Ýöne Hudaý munuň bilen çäklenmedi. Özüniň ruhlandyran Sözüni aýtdyran adamlary-da resullardylar. Bu adamlar özleriniň gözi bilen göreniň tejribesine daýanyp we döwürdeşleriniň, hatda ganym duşmanlarynyňam bilimlerinden peýdalanyp bildiler (Resullaryň işleri 2:32; 3:15; 13:31; 1 Korintoslylar 15:3–8e seret). Olar diňe bir: “Serediň, biz muny gördük” ýa-da “Biz muny eşitdik” diýmän, eýsem, öz ýazýan zatlaryna şeýle ynamly bolandyklary üçin aslynda: “Serediň”, “Soraň” we “Serediň, biz muny gördük”, “Bu size biziňkiden az mälim däldir!” — diýip çagyrdylar. Şunuň ýaly çagyryşlar “Mukaddes Ýazgynyň bütinligine Hudaý

tarapyndan ruhlandyrylandygyna" we Sözüň hut Hudaýyň aýdyşy ýaly ýazylandygyna iň beýik ynamy görkezýär (2 Timoteos 3:16).

Munuň ýaly ruhlanma we Mukaddes Kitaby ýazmagyň üstünden beýle gözegçilik edilmegi Hudaýyň maksadyny belleýär, Onuň maksady — Özi we adamyň ýagdaýy baradaky aýanlygyň ýekeje bölegininňem tötänligiň erkine berilmegine ýa-da nädogry ýazylmagyna ýol bermezlikdir. Onuň Öz Sözüni ýazmak üçin adam saýlanda örän saýlaýjy bolandygynyň ençe şaýatlyklary bardyr. Şol adamlaryň köp bölegi esasy wakalary gözleri bilen görenlerdi we Onuň bize ýetirmek isleýän hakykatlaryny ýazmak üçin ynamdar akabalar bolupdylar*.

## HUDAÝYŇ SÖZI DAŞYNDAN BERKIDILEN

Hudaý Öz Sözüniň dogrulygynyň tekstdäki subutnamalarynyň ummasyz mukdaryny döredeninden soň hem, işini bes etmedi. Şol wagtdan bäri Ol subutnamalary daşky serişdeler bilen berkitmegiň üstünde işleýär.

Taryhy dokumentiň dogrulygynyň adaty ölçegi *beýleki* taryhy materiallaryň onuň içki görkezmelerini tassyklamagydyr ýa-da inkär etmegidir. Çeşmeler özlerine: "Öwrenilýän edebiýatdan başga haýsy çeşmeler onuň takyklygyny we dogrulygyny tassyklaýar?" — diýip sorag berýärler.

Mysal üçin, Täze Äht Mukaddes Kitaba degişli däl bolan gadymky awtorlaryň golýazmalarynda şeýle giňden ulanylypdyr welin, hatda 27 kitabyň hemmesini, Mattadan başlap, Aýanlyga çenli, 11 aýatdan başgasyny, sözme-söz tapyp bolýar.

Ýewsewiý (b.e. 339 ý.), ("*Ýygnagyň taryhy*" III. 39) we Irineý (b.e. 180 ý.) ("*Ýereslere garşy*" III kitap) ýaly irki mesihileriň ýygyndylary resul Ýohannanyň tekstlerini tassyklaýar. Kliment Rimskiý (b.e. 95 ý.), Ignatiý (b.e. 70–110 ý.), Polikarp (b.e. 70–156 ý.)

---

* Içki subutnamalary barlamaklyga baryan hemmetaraplaryýn ýol Joş Makdauelliň "*Karary talap edýän täze subutnamalar*" (Nashville, TN: Thomas Nelson, 1999 neşir red.) atly kitabynda berlipdir.

we Tisian (b.e. 170 ý.) dagy Täze Ähiň beýleki tekstleriniň daşky tassyklamasyny teklip edýärler. Tasit (b.e. 55–117 ý.) we ýewreý taryhçysy Iosif Flawiý (b.e. 37–100 ý.) ýaly mesihi däl taryhçylar köp sanly Mukaddes Kitap taryhlarynyň mazmunyny tassyklaýarlar. Şu we beýleki daşky çeşmeler Mukaddes Kitap ýazgylarynyň takyklygyny, taryhdaky ýekeje kitabyňam beýle takyk däldigini tassyklaýar[10 †].

Şeýle-de bolsa, Mukaddes Kitapdan daşdaky çeşmeler Mukaddes Kitabyň ygtybarlylygyny tassyklaýan ýeke-täk daşky şaýatlyklar däldir. Hudaýyň Sözüniň hakykylygyny daşlaram gygyryp aýdýarlar. Mukaddes Kitabyň ynamdardygyny arheologiýa asyrlar boýy gaýta-gaýta yzygiderli hem üznüksiz tassyklap gelýär. Öňräk çap edilen, baş redaktory men (Şon) bolan "*Talyplar üçin apologetikany öwrenmek üçin Mukaddes Kitabyň*" aşaky şaýatlyklaryna seredeliň.

## Mukaddes Kitap arheologiýasy

XVIII asyryň ahyryna çenli Ýakyn Gündogarda Mukaddes Kitap artefaktlaryny gözlemeklik hazyna gözleýän awçylaryň elleriniň işi bolupdy, olaryň usullary mazarlary-da talamagy öz içine alýardy. Napoleonyň goşunynyň 1799-njy ýylda Müsürde tapan Rozettskiniň daşy hemme zady üýtgetdi. Mukaddes Kitap arheologiýasy kem-kemden hormatlanylýan arheologlaryň iş sferasyna öwrüldi. Bütin Ýakyn Gündogardaky gadymy harabalaryň açyşlary Mukaddes Ýazgyda agzalyp geçilýän halklaryň we wakalaryň üstüne täze nur saçdy. Indi biz häzirki düşünjelere ýat bolan däplere we durmuşy ýörelgelere düşünip bilýäris.

Arheologiýa hem Mukaddes Ýazga göni ýa-da göni däl ýagdaýda degişli bolan 25 müň sany tapyndyny görkezmek bilen, Mukaddes Kitapda gürrüňi edilýän wakalaryň we adamlaryň taryhylygyny hem

† Mukaddes Kitapda daşarky çeşmeleriň Mukaddes Kitabyň hakykylygyny tassyklaýandygy baradaky goşmaça maglumatlara "Karary talap edýän täze subutnamalar" kitabynyň 3-nji we 4-nji baplarynda serediň.

açdy. Munuň üstesine-de, Täze Ähtde ady agzalýan 30 şahsyýetiň, Köne Ähtdäki 60-a golaý şahsyýetiň taryhda bolandygyny arheologiki we taryhy derňewler tassyklady. Mukaddes toprakda Mukaddes Kitaba degişli bolmagy mümkin bolan ýerleriň diňe kiçijik bölejigi gazyldy, ýöne bar bolan gazyndylara degişli bolan köp maglumatlary-da çap edip bolar. Şeýle-de bolsa, aşakda getirilen mysallar ýaly arheologiki maglumatlar Mukaddes Kitabyň taryhy taýdan dogrudygyny, mifiň, yrymyň ýa-da aşa bezemäniň önümi däldigini aýdyň görkezýär (Ýohanna 3:12; 2 Petrus 1:16; 1 Ýohanna 1:1–2).

**Gadymy Korintos.** 1928-nji ýyldan 1947-nji ýyla çenli Korintosda geçirilen arheologiki derňewler Pawlusyň Korintosdaky we Rimdäki ýygnaklara ýazan hatlaryna degişli iki obýekti bilen gözleýjileri haýran galdyrdy. B.e. takmynan 5-nji ýylyna degişli edilýän gadymky ýanýodada oýulyp ýazylan latyn ýazgysy Pawlusyň işdeşi Erasty şäher gaznaçysy diýip atlandyrýar (Rimliler 16:23). Mukaddes Ýazgyda özüni gaznaçy edip saýlandyklaryna minnetdarlyk hökmünde ýanýodanyň bir bölegini Erastyň özüniň geçirendigi aýdylýar. Mundan başga-da, 1935-nji ýylda köpçülikleýin leksiýalary, resmi işleri we sud proseslerini geçirmek, şeýle hem, höküm çykarmak üçin ulanylan daş platforma gazyldy. Ol Bema ýeri hökmünde atlandyrylypdyr. Bema — bu Pawlusyň Mesihiň “höküm” tagtyny suratlandyranda ulanan grek sözüdir (2 Korintoslylar 5:10), ol ýere mesihileriň hemmesi baýragyny almak üçin barmalydyrlar (1 Korintoslylar 3:10–17).

**Titiň arkasy.** Isa şägirtleri bilen Zeýtun dagynyň üstünde ybadathananyň gurluşygy barada gürrüň edip otyrka: “Bu zatlary görýärsiňizmi? Size dogrusyny aýdýaryn, bu ýerde daş üstünde daş galmaz, hemmesi dargar” (Matta 24:2) — diýýär. Pygamberligiň takyklygyny imperator Titiň ýeňiş ýadygärligi hökmünde (b.e. 79–81 ý.) gurlan, ýagny kiçi jigisi imperator

Domisianyň gurduran Titiň arkasy görkezýär. Gadymy Forum bilen Kolizeýiň arasynda ýerleşýän mermer arka talanylan Iýerusalim ybadathanasyndan alnan oljanyň (menorlaryň we mukaddes surnaýlaryň) getirilişini şekillendirýär.

Bu wajyp şaýatlygyň üstesine-de, Iýerusalimdäki Ybadathana dagynyň günorta-demirgazyk köçesiniň töwereklerinde 1970-nji ýyllarda geçirilen gazuw işleri b.e. 70-nji ýyllarynda rimlileriň harby kampaniýa döwründe ýokardan aşak taşlan äpet daşlaryny tapdy. Häzirki döwre çenli Ybadathana dagynyň üstünde ilkibaşdaky gurluşyk konstruksiýalarynyň ýekejesem saklanylmandyr. Titiň Arkasynyň ýüzündäki şekiller we ýazgylar Isanyň ýewreý ybadathanasynyň doly weýran ediljekdigi barada eden pygamberliginiň ýerine ýetendiginiň taryhy tassyklamasy bolup hyzmat edýär.

**Babyl ýyl ýazgylary** ýüzünde biziň eramyzdan öňki sekizinji we üçünji asyrlaryň arasynda bolup geçen wajyp wakalar şekillendirilen klinopisli tablisalaryň toplumy bolup hyzmat edýär (klinopis — parslarda gadymy pahna şekilli çyzyklardan ybarat bolup oýulyp ýazylan köne ýazuw). Takyk bir ýyl ýazgysy b.e. öňki 605–594-nji ýyllardaky döwri, babyl patyşasy Nebukadnesaryň (b.e. öňki 605–562 ý.) II harby ýeňişleri we onuň Iýerusalime çozup girişi (2 Patyşalar 24) ýazylan döwri öz içine alýar. Onda Nebukadnesaryň öz kakasy Nabopalasar öleninden soň patyşa saýlanylandygy aýdylýar. Ýyl ýazgylarynda b.e. öňki 599-njy ýylda Nebukadnesaryň goşunynyň Siriýa süýşendigi, günbatara, Ýahuda süýşmegini dowam edendigi, ol ýere b.e. öňki 597-nji ýylda barandygy aýdylýar. Ol ýere barandan soň patyşa Iýerusalime hüjüm edýär-de, Ýehoýakin patyşany ýesir alýar we (b.e. öňki 609–597 ý.) onuň ýerine Sidkiýany patyşa goýýar (b.e. öňki 597–586 ý. 2 Patyşalar 24:10–20).

Robert Koldeweý babyl ýazgylarynda, ýesirlikde bolan wagtynda Ýehoýakine we onuň patyşalyk maşgalasyna berlen

iýmit paýlarynyň görnüşleri (b.e. öňki 595 ý.) dokumental taýdan bellenilen ýazgylaryň goşmaça subutnamalaryny tapdy (2 Patyşalar 24:8–16). Mundan başga-da “Lahiş hatlary” ady bilen meşhur bolan, howlugyp ýazylan fragmentler babyl goşuny Ysraýylyň Iýerusalimden takmynan 40 km. uzaklykda duran harby awanpostlaryny weýran etmeziniň edil öň ýanynda ysraýyllaryň çykgynsyz ýagdaýdaky ýalbaryşlaryny suratlandyrýar. Bu degerli arheologiki subutnamalar Nebukadnesaryň gabawynda duran Iýerusalimiň soňky günlerini suratlandyrýan Mukaddes Kitap ýazgylaryny tassyklaýar.

---

Bilgamdan başga-da, Köne Ähtiň 60-a golaý adamy taryhy hem arheologiki taýdan bellenilen.

---

**Bilgamyň ýazgysy.** Tankydy garaýyşly bolan alymlar Bilgamyň we onuň gürlän eşeginiň taryhynyň (Çölde 22:22–40) üstünden onlarça ýyllaryň dowamynda gülüp ýördüler. Hatda Bilgamyň özüniň bolandygy-da şübhe astyna salyndy. 1967-nji ýylda arheologlar Deýr-Allonyň (Iordaniýa) gadymky binasynyň harabalarynda gipsiň ýüzüne ýazylan owadan arameý tekstini tapanlaryndan soň bu nukdaýnazar üýtgäp başlady. Tekst 50 setirden ybarat bolup, solan gyzyl hem gara reňkler bilen ýazylypdyr. Ýazgyda: “Begor ogly Bilgamyň kitabyndaky duýduryş. Ol hudaýlaryň palçysydy” — diýilýärdi (Çölde 22:5, Ýeşuwa 24:9). Tekst tapylan bina b.e. öňki VIII asyra (Uzyýa patyşanyň hökümdarlyk eden döwrüne) degişli edilen bolsa-da, tekstiň özüniň suwaglarynyň we syýasynyň ýagdaýy onuň öňräkki, Bilgamyň Mukaddes Kitap döwrüne degişlidigini görkezýär.

Bilgamdan başga-da, Köne Ähtiň 60-a golaý adamy taryhy hem arheologiki taýdan bellenilen. Olara Dawut (1 Şamuwel 16:13), Ýehuw (2 Patyşalar 9:2), Omry (1 Patyşalar 16:22), Uzyýa (Işaýa 6:1), Ýotam (2 Patyşalar 15:7), Hizkiýa (Işaýa 37:1), Ýehoýakin

(2 Ýyl ýazgylar 36:8), Şalmaneser V (2 Patyşalar 17:3), Beýera III (1 Ýyl ýazgylary 5:6), Sargon II (Işaýa 20:1), Sanherip (Işaýa 36:1), Nebukadnesar (Danyýel 2:1), Waltasar (Danyýel 5:1), Kureş (Işaýa 45:1) we beýlekiler degişlidir.

**Eblanyň tablisalary.** 1976-njy ýylda italýan arheology Paolo Mattianyň Aleppodaky Tell-Mardihde (Siriýa) tapan Eblanyň tablisalary 16 müňden gowrak palçyk sahypalardan ybarat bolan korol arhiwi bolup durýar. B.e. öňki 2400-nji ýyla degişli edilen ýazgylar Kenganyň (soňrak Ysraýyl diýip atlandyrylan) Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň ýaşan döwründen öňki ýaşan halklaryň ýaşaýyş durmuşy, sözlük ätiýaçlygy, söwdasy, geografiýasy we dinleri barada düşünje berýär. Jowanni Pettinatonyň "*Eblanyň arhiwleri. Palçygyň ýüzüne ýazylan imperiýa*" atly işinde terjime eden tablisalarynyň birnäçesi Sodom (Gelip çykyş 19:1), Adma (Gelip çykyş 10:19), Seboýym (Gelip çykyş 14:2,8), Gasor (1 Patyşlar 9:15), Megiddo (1 Ýyl ýazgylary 7:29), Kengan (Gelip çykyş 48:4) we Iýerusalim (Ýermeýa 1:15) ýaly Mukaddes Kitap şäherleriniň bolandygyny tassyklaýar.

Mundan başga-da, tablisalaryň ýüzünde Nahor (Gelip çykyş 11:22–25), Ysraýyl (Gelip çykyş 32:28), Eber (Gelip çykyş 10:21–25), Mihail (Çölde 13:13) we Ysmaýyl (Gelip çykyş 6:11) ýaly Mukaddes Kitap gahrymanlarynyň atlary görkezilen. Sözlük ätiýaçlyklary hakda aýtsak, onda daş sahypalaryň ýüzlerine Mukaddes Kitapda ulanylan sözlere meňzeş käbir sözler bar. Mysal üçin, Gelip çykyş 1:2-de ulanylýan "*umman*" sözi. Bu gabat gelmelerden başga-da, tablisalarda ýewreý edebiýatyna we dinine degişli maglumat bar bolup, bu bize Ysraýyl hökmünde belli bolan sebitiň siwilizasiýasyna düşünmäge kömek edýär[11].

Geçen iki ýüzýyllygyň dowamynda Hudaýyň Sözüniň aklyňy haýran ediji takyklygy daşky taýdan tassyklanyldy. Bu ençeme derňewleriň geçirilendigine garamazdan, daşky tarapdan hiç hili

goldawy almaýan Marmonyň kitaby bilen deňeşdireniňde, güýçli tapawutlanýar. Mukaddes Kitaba daşyndan edilýän şaýatlyklar juda seýrek hadysa bolup, olar dünýädäki beýleki dini ýazgylar bilen deňeşdireniňde, Mukaddes Kitaby ýeke-täk edýär.

• • •

Köne we Täze Ähtleriň subutnamalarynyň ygtybarlylygy diňe bir ynandyryjy bolman, eýsem olar düşnükli we öwgä mynasyp bolup, olaryň nesillere geçirilmegine Hudaýyň söýgi bilen gözegçilik edendigini görkezýär. Ol özüňiz üçin Öz Sözüniň sahypalarynda Hudaýy we Onuň ýollaryny açanyňyzda, “siziň bilen gatnaşykda bolmagy yhlas bilen isleýän hak Hudaýy” (Müsürden çykyş 34:14) açýandygyňyza ynamly bolmagyňyzy isleýär.

# JEMLEÝJI SÖZ

Biz (Joş bilen Şon) bu baplardan Hudaýyň Sözüniň çuňluklaryny öwrenmekde özüňize kömek etjek pikirleri alansyňyz diýip umyt edýäris. Biz şeýle gysga wagtyň dowamynda uly ýoly geçdik. Geliň, netije çykaralyň: biz Mukaddes Kitabyň taglymat maksadyna seretdik. Ol biziň aklymyz bilen düşünip biljek paýhasly hakykatlarymyzy berýär. Ol bize Hudaý hakda, özümiz we bütin ýaşaýyş hakda nämä ynanmalydygyny öwredýär. Ol bize durmuşy Hudaýyň görşi ýaly görmäge mümkinçilik berýär, ol biziň Mukaddes Kitap dünýägaraýşymyzyň esasy bolup durýar.

Biz, şeýle hem, Mukaddes Kitapda özüňi nähili alyp baryş barada nähili maksadynyň bardygyny öwrendik. Hudaýyň kanunlarynyň we nesihatlarynyň nämäniň dogrudygyny, nämäniň dogry däldigini görkezýän serhetler ýaly hereket edýändigini gördük. Biz Hudaýyň ýollaryndan ýöremekligiň özümize bähbitlidigini bildik. Biz Özüniň hakykaty boýunça dogry ýaşap bilerimiz ýaly, Özüni hormatlap, bagtly, doly gymmaty bolan durmuşda ýaşarymyz ýaly, Hudaý bize Özüniň Sözüni berdi.

Biz hemme zadyň bize gatnaşyklar kontekstinde beriljekdigine düşünmesek, onda Hudaýyň Sözüniň baş maksadyny gözden sypdyrmagymyzyň mümkindigi hakda gürrüň etdik. Hudaý bize Mukaddes Kitaby berdi, sebäbi Ol biziň bilen ýakyn söýgi gatnaşyklarynda bolmak isleýär we biri-birimiz bilen hem, edil şonuň ýaly söýgi gatnaşyklaryndan lezzet almagymyzy isleýär. Onuň bizi Öz keşbinde ýaradan gatnaşyklar Hudaýy bolup durýandygy sebäpli, Öz Sözi arkaly biziň Özüni duýmagymyzy

isleýär. Ol biziň Öz Sözüni başgalar bilen duýmagymyzy-da isleýär. Bu kitabyň maksady bizi Mukaddes Kitaby tanamanyň we ony ýönekeý öwrenmäniň çäklerinden çykmaga höweslendirmekdir.

Bu kitabyň sahypalaryna eden syýahatyňyzyň diňe şahsy peýdany getirmek bilen çäklenmezligi üçin doga edýäris. Siz olary başgalar bilenem paýlaşarsyňyz diýip umyt edýäris. Şonuň üçin biz sizi mesihi dostlaryňyz bilen ýygnanyşyp, Mukaddes Ýazgyny öwrenmekligi yzygiderli işiňiz etmäge çagyrýarys. Bu gün gürleşmek we biri-biri bilen maglumatlary alyşmak üçin şeýle köp kiçi toparlar ýygnanyşýarlar. Bu-da wajyp. Ýöne Hudaýyň Sözüniň töweregindäki goşmaça gürrüňdeşlikler bize has-da zerurdyr. Hudaýyň Sözüni bilelikde gatnaşyklaryňyzyň merkezi edip, siz Hudaýy hakykatdan duýup bilersiňiz we Onuň Sözüni biri-biriňiz bilen bilelikde duýup bilersiňiz. Hut şonda Mesihiň Teni bilelikde ösýär-de, Onuň hakykaty dogrudanam ýaşaýşa dahyly bolan gatnaşyk hökmünde daş-töweregimizdäki dünýäde görünýär.

Siziň taglymatlary ýa-da Hudaýyň tabşyryklaryny indiden beýläk ýöne bir ynanmasy we durmuşda ulanmasy gerek bolan hakykatlar ýaly seretmezligiňiz üçin doga edýäris. Hudaýyň hakykatlary her neneň wajyp we aňrybaş zerur bolsa-da, olar siziň Onuň bilen gatnaşyklaryňyzy çuňlaşdyrmaňyzyň serişdesi bolup durýar. Belki, bilelikdäki syýahatymyz Dawut patyşanyň dogasyndan alnan salgylanmalar bilen tamamlansa ýerine düşer. Dawut Hudaýyň göwnünden turýan adamdy. Ol Hudaýyň buýruklarynyň hemmesini özüniň söýýän Rebbi bilen gatnaşyklarynyň kontekstinde gördi.

*Ýa Reb, parzlaryňyň ýoluny öwret,*
*men ony ahyra çenli saklaryn.*
*Maňa düşünje ber kanunyňy berjaý ederim ýaly,*
*ony tutuş ýüregim bilen saklarym ýaly.*
*Tabşyryklaryňyň ýolundan Sen meni ýöret,*
*çünki men ondan alýaryn lezzet.*

*Diňe öz bähbidimi aramaz ýaly,*
*Öz düzgünleriňe tarap öwür ýüregimi.*
*Boş hysyrdylardan sow gözlerimi,*
*Öz ýollaryňda maňa ber ýaşaýyşy.*
*Özüňden gorkýanlara berdiň wadany:*
*men — bendäň babatda hem tassykla ony.*
*Menden sow gorkýan masgaralygymy,*
*çünki ýagşydyr Seniň adalatly hökümleriň.*
*Jan-tenden küýseýärin buýruklaryňy,*
*Öz dogrulygyňda maňa ber ýaşaýyşy.*
Zebur 118:33–40.

# GOŞMAÇA RESURSLAR

. . .

# BELLIKLER

# GOŞMAÇA RESURSLAR

Siz Mukaddes Ýazgynyň bar baýlygyny bary-ýogy bir hepdäniň, aýyň ýa-da ýylyň dowamynda açyp bilmeýärsiňiz. Bu wagty hem tagallany talap edýär. Bu prosesde size, belki, indiki sahypalardaky goşmaça resurslar kömek eder. Şol resurlar şulary öz içine alýar:

- *Efeslilere hatyň sözbaşy adynyň tablisasy*
  Efeslilere haty öwrenmegiň netijesinde Şonuň ýokary synp okuwçylarynyň gelen netijeleri şeýle.

- *Parafrazlar*
  Mukaddes Kitapdan parçalary öz sözüň bilen gürrüňiňi düzmek boýunça teklipler.

- *Tematiki derňewler.*
  Belli bir tema boýunça Mukaddes Kitaby öwrenmäni ösdürmek boýunça teklipdir.

- *Biografiki derňewler*
  Mukaddes Ýazgyda adamy ösdürmegi öwrenmek boýunça teklipler.

- *Mukaddes Kitaby güýçli depginde öwrenmek üçin maglumatlar tablisasy*
  Mätäçlikler ýa-da agyrylar wagtynda ulanylýan parçalary tapmaga mümkinçilik berýän Mukaddes Ýazgynyň kitaplaryna salgylanmanyň klassifisirlenen sanawy.

| ÝOKARY SYNP MEKDEP OKUWÇYLARYNYŇ TITUL TABLISASYNYŇ MYSALY | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Efeslilere hat: Mesih ýaly, Hudaýyň merhemetinde we hakykatynda birlikde ýaşaň. | | | | | | |
| Baplar | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| Bap Ady | Mesih arkaly halas bolma | Diňe merhemet boýunça | Butparazlar üçin halas bolma | Merkezinde Mesih bolan ýaşaýyş | Pähimli ýaşaýyş | Imanda berk durmak |
| Abzaslaryň atlary | :1–2 Salamlaşma<br><br>:3–1 Ak patalar<br><br>:15–23 Hudaýyň beýikligi we güýji | :1–10 Merhemet boýunça halas bolma<br><br>:11–22 Birlik | :1–13 Mesihiň syry<br><br>:14–21 Hudaýyň güýji | :1–16 Mesihde bir Ten.<br><br>:17 bap 5:5 Hudaýa öýkünijiler boluň | :6–21 Paýhasly boluň<br><br>:22–23 Ärler we aýallar | :1–4 Çagalar we ene-atalar<br><br>:5–9 Gullar we hojaýynlar<br><br>:10–20 Hudaýyň ýaraglary<br><br>:21–24 Jemleýji söz |
| Esasy aýat: | 9 | 5 | 6 | 15, 16 | 18 | 11 |
| Esasy söz: | Wadalar | Direldilen | Mirasdaşlar | Bütin beden | Ýöriş | Harby geýimler |

Synlar:

- Gowy işler — bu onuň sebäbi däl-de, netijesidir.
- Biziň ýaradylmagymyzyň sebäpleriniň biri — gowy işleri etmegimizdir.
- Halas bolma — bu eden zatlarymyzyň netijesi däl-de, Hudaýyň sowgadydyr.

# PARAFRAZ

Mukaddes Ýazga düşünmekdäki we ony öwretmekdäki ýene bir peýdaly ädim — bu öwrenýän parçaňyzyň detallaryny görmek üçin manyny başga sözler bilen aýtmakdyr.

## PARAFRAZ ÝAZMAK BILEN PARÇANYŇ DETALLARYNY NÄDIP GÖRMELI.

A. Kesgitleme. Mukaddes Ýazgynyň parçasyny perefrazlamak — diýmek, parçany öwrenmekdir we öz sözüň bilen aýtmakdyr.

B. Parafraz bize nädip kömek edip bilýär:
   1. Parçany perefrazlamak üçin biz her bir many we söz barada öz sözüň bilen gürrüň berip biler ýaly derejede pikirlenmelidiris. Bu berlen hakykatlara düşünmämizi giňeldýär.
   2. Bu, şeýle hem, ruhy hakykatlary başgalara düşündirip bilmäge kömek edýär. Size hakykaty bu gün beýleki adamlara aňsat düşünip biler ýaly sözler bilen beýan etmäge çalyşmak gerek.

Ç. Perefrazda dürlüligi nädip ulanmaly.
   1. *Adaty parafraz*. Perefrazlamanyň parçany bir sözden öz sözüň bilen gürrüň berilýän görnüşleriniň biridir. Parçanyň bary-ýogy birnäçe sözüni däl-de, bütin jümläni

üýtgetmek, ýekeje sözi-de öňküligine galdyrmazlyk zerurdyr.

2. *Gysga gürrüň berme.* Siz parçany üçden ikä, ýarymyna ýa-da başdaky uzynlygynyň bir bölegine çenli-de gysgaldyp bilersiňiz. Wajyp bölekleri sypdyrmazlyga çalşyň. Gürrüň bermäniň bu görnüşi uzyn parçalary ýa-da gürrüň beriji parçalar üçin has-da gowudyr.
3. *Giňeldilen gürrüň berme.* Siz parçany başdaky uzynlygy bilen deňeşdireniňde, iki esse giňeldip bilersiňiz. Siz onuň manysyny doly düşündirmäge çalyşýarsyňyz. Perefrazyň bu görnüşi düşnüksiz zady düşündirmäni we aýdyňlaşdyrmagy öz içine alýar. Bu gürrüň bermeler üçin däl-de, taglymat parçalar üçin örän gowudyr.
4. *Obrazlaýyn gürrüň berme.* Muny hyýalyňdaky zatlary perefraz etmekde ulanyň.
   a. Käwagt illýustrasiýalary häzirkizaman görnüşlerine çalşyň. Hudaýyň Sözi “islendik ikiýüzli gylyçdan-da ýiti” diýmegiň deregine, “islendik hirurgiki skalpelden-de ýitidir” — diýip bilersiňiz.
   b. Siz bu gün anyk bir adama hat ýazýanyňyzy göz öňüne getirip bilersiňiz. Mysal üçin, siz Pawlusyň hatlarynyň birini öz sözüňiz bilen aýtmak isleýärsiňiz. Şeýlelikde, siz ýaňy-ýakynda mesihi bolan dostuňyza hat ýazýanyňyzy göz öňüne getirýärsiňiz-de, hatda saklanylýan hakykaty oňa hat ýazanyňyzda adatça ulanjak diliňizde düşündirmäge synanyşýarsyňyz.

# TEMATIKI DERŇEWLER

## I. Tematiki derňewler näme?

A. Kitaby ýa-da onuň bölegini öwrenmegiň deregine, siz tematiki taýdan öwrenmäniň çäklerinde Mukaddes Ýazgynyň takyk nämäni öwredýändigini anyklamaga çalyşýarsyňyz. Mysal üçin, siz Mukaddes Kitabyň "Ýaltalyk" temasy barada näme diýýänini öwrenip bilersiňiz.

B. Taglymaty öwrenmek üçin siz diňe taglymat temany, mysal üçin, aklanma baradaky taglymaty saýlaýarsyňyz.

Ç. Eger wagtyňyz az bolsa, onda temany Mukaddes Ýazgynyň haýsy materialyny öwrenýän bolsaňyz, şonuň bir bölegi bilen çäklendirip bilersiňiz. Mysal üçin: "Mesihiň Kolosiýalylara hatdaky taglymaty" ýa-da "Ýohannanyň hatlaryndaky «*çagalar*» sözüniň ulanylyşy".

D. Gowy temany saýlamaklyk gowy tematiki derňewiň açarydyr.

## II. Tematiki derňew üçin materialy nädip tapmaly

A. *Simfoniýany öwreniň.* Siziň temaňyza degişli sözleriň ulanylyşyna serediň.

B. *Atanaklaýyn salgylanmalar.* Öz temaňyza degişli birnäçe parçany tapanyňyzda, siz adatça olaryň we beýleki parçalaryň aralaryndaky atanaklaýyn salgylanmalary tapyp bilersiňiz.

Ç. *Mukaddes Kitap sözlügi.* Ol size peýdaly maglumaty berşi ýaly, öz temaňyz boýunça Mukaddes Ýazga goşmaça salgylanmalary hem berip bilýär.

D. *Tematiki sanawlar.* Käwagt maglumatlar Mukaddes Kitabynda Mukaddes Ýazga salgylanmalar temalar boýunça sanalýar. Maglumat beriji Mukadds Kitap hem bar bolup, onda belli bir tema degişli bolan tutuş bir tekst ýa-da dürli parçalar ýazylandyr.

E. *Çäklendirilen derňew.* Eger siz öz temaňyzy Mukaddes Ýazgynyň belli bir bölegi bilen, mysal üçin, "Pawlusyň öz hatlary üçin eden dogalary" bilen çäklendiren bolsaňyz, onda size gerek bölümleri tapmak üçin materialy okamak ýa-da oňa seretmek gerek bolar.

## III. Tapan zatlaryňyzy nädip saýhallamaly

A. Materialy tapanyňyzda, ony öwreniň we ýatda saklamak isleýän zatlaryňyza degişli bellikleri ediň.

B. Öz ýazgylaryňyzy öwreniň we olary klassifikasiýa ediň. Temasy boýunça meňzeş bolan pikirleri toparlara bölüň. Dürli aýatlara berilýän ünsleriň dürli bolmagy meýilnama üçin temalaryň dürli boljagyny aňladýar. Aýatlary toparlara bölüp başlanyňyzda, bu geljekde temalaryň belli bir ulgamyny öwrenjekdigiňiz baradaky pikire alyp baryp biler.

Ç. Soň öz materialyňyzy logiki shema salyň. Ony çem gelen ýerlere oklaşdyrmakdan başlaň we öňe süýşdügiňizçe ony ýerbe-ýer goýuň. Bütin materialy shema ýerleşdirmäge çalşyň.

# BIOGRAFIKI DERŇEWLER

Aslynda bu temasy adam bolup durýan, ýöriteleşdirilen tematiki derňewdir.

## I. Biografiki derňewiň öwrenilişi.

A. *Nämäni ýatda saklamaly.*

1. Materialy, edil tematiki derňew üçin tapyşyňyz ýaly tapyň.
2. Mukaddes Kitap sözlügini ulananyňyzda seresap boluň, ol siziň deregiňize pikir edäýmesin we siziň aklyňyzy belli bir netijelere alyp barmasyn. Pikirlenip bolanyňyzdan soň, Mukaddes Kitap sözlügindäki makalany okamak, belki, hemmesinden gowy bolar.
3. Käbir Mukaddes Kitap gahrymanlarynyň ady birden köp bolýar, mysal üçin, Şawul — Pawlus, Kifa we Simun — Petrus, Ysraýyl — Ýakup. Adamyň mümkin bolan atlarynyň hemmesi boýunça maglumatyňyzyň bardygyna ynamly boluň.
4. Käwagt Mukaddes Kitap atlary birden köp adamy aňlatmak üçin ulanylýar, mysal üçin, Şawul, Ýohanna, Merýem we ş.m. Kimi öwrenmek isleýän bolsaňyz, şol adam hakda hem okaýandygyňyza göz ýetiriň.
5. Käbir gahrymanlara Mukaddes Ýazgynyň şeýle uly bölegi bagyş edilýär, şonuň üçin siz özüňiziň öwrenmäňizi şol adamyň durmuşynyň belli bir etapy

ýa-da durmuşy jähti bilen çäklenip bilersiňiz (Mysal üçin: “Resul Pawlusyň doga etme durmuşy”)

B. *Nämä üns bermeli*. Aşakda bir zady öwrenýän wagtyňyzda üns bermesi gerek bolan zatlaryň käbir usullary berlen. Käwagt adam baradaky maglumatyň ýoklugy sebäpli, olaryň hemmesini tapyp bolmaýar. Bu doly sanawa dalaş etmeýär-de, ýöne bir gollanmadyr. Öwrenýän adamyňyz barada maglumat tapanyňyzda, siz başga ulgamlary öwrenmek barada pikir edersiňiz. Mysal üçin, eger siz Dawudyň terjimehalyny öwrenseňiz, onda aşaky soraglary berip bilersiňiz (haýsy, elbetde sözlerini islendik Mukaddes Kitap gahrymany babatda ulanyp bolýar):

1. Taryh.
    a. Onuň dogluş şertleri nähili boldy — haçan, nirede we ş.m.?
    b. Onuň ene-atasy we maşgalasy kimlerdi? Olar nähilidiler? Olaryň ruhy ýagdaýlary nähilidi?
    ç. Töweregindäkiler we irki okuwlary onuň soňky durmuşyna nähili täsir etdi?
    d. Ýene haýsy faktorlar ony soňky durmuşyna taýýarlady?
2. Ulalandaky durmuşynyň esasy faktorlary.
    a. Onuň esasy işi nämedi we durmuşda nämä ýetipdi?
    b. Ol näme bilen tapawutlandy?
    ç. Durmuşynda haýsy adamlar wajyp bolupdy? Onuň dostlarymy, duşmanlarymy, maşgalasymy? Başga adamlar oňa nähili täsir etdiler we ol olara nähili täsir etdi?
    d. Geografiýa — ol nirede ýaşady we işledi?
    e. Onuň Hudaý bilen gatnaşyklary nähilidi? Bu onuň durmuşyna nähili täsir etdi?

    ä. Ol Mukaddes Ýazgynyň haýsydyr bir bölegini ýazdymy? Bu ol barada näme diýýär?
3. Esasy wakalar.
    a. Onuň durmuşyndaky esasy wakalar haýsylardy? Esasy kynçylyklary nämededi?
    b. Onuň durmuşynda nähili dürli döwürler bardy? Şol döwürleri haýsy esasy pursatlar bölýär?
    ç. Onuň ölüminiň usuly, sebäbi we netijesi nähili bolupdy?
4. Häsiýet.
    a. Onuň häsiýeti nähili? Onuň haýsy güýçli taraplary bardy?
    b. Onuň iň gowşak ýeri nämedi?
    ç. Onuň güýçli we gowşak taraplarynyň sebäbi nämededi we netijesi nähili bolupdy?
    d. Onuň nähili takyk kemçilikleri we günäleri bardy? Munuň netijeleri nähili boldy?
    e. Onuň nähili güýçli taraplary we zehinleri bardy? Olary ulanmaklyk ony nämä alyp bardy?
    ä. Onuň durmuşa we başga adamlara bolan umumy gatnaşyklary nähilidi?
    h. Onuň ruhy derejesi nähilidi?
    i. Ol durmuşda we işde haýsy esasy ýörelgelere esaslandy?
5. Täsir.
    a. Ol öz döwürdeşlerine nähili täsir ýetirdi?
    b. Ol soňky taryha nähili täsir ýetirdi?
    ç. Köneäht gahrymany babatda aşakdakylary anyklaň:
        1. Ony Mesihiň keşbi hasap etmek bolýarmy? Eger hawa bolsa, onda nädip hasap edip bolar?
        2. Täze Äht ony nähili görkezýär?

6. Jikme-jiklikler. Detallary gözden sypdyraýmaň. Olar öwüşgin berýär we köplenç örän ähmiýetli bolýar.

## II. Biografiki derňewde materialyň gurnalyşy.

A. Belki, siz öz materialyňyzy meýilnama görnüşinde görkezmek islärsiňiz. Ýokarda nämä üns bermelidigi babatda teklip edilen teklipleriň käbirleri (I punktdaky B goşmaça punkt) başga kategoriýalary görkezip biler.

B. Belki, siz şol adamy suratlandyrmak islärsiňiz.

Ç. Gürrüňizi durmuşyňyzda çaklanylýan şahsy ulanyşy ýazmak bilen jemläň, öwrenýän adamyňyzyň durmuşyndaky položitel ýa-da otrisatel taraplaryny, ýa-da ikisinem suratlandyryň.

# MUKADDES KITABY GYSSAGLY ÖWRENMEK ÜÇIN MAGLUMAT TABLISASY

## Alkogol, neşe

Gelip çykyş 1:28; Çölde 6:2–4; Kanun taglymaty 6:4; Zebur 55:22; 104; Süleýmanyň pähimleri 20:1; 23:20; 23:29–35; 31:4–6; Müsürden çykyş 5:11; Matta 11:19; 16:27–29; 27:34; Mark 15:23; Luka 7:33–34; 10:34; Ýohanna 2:9–10; 14:6; Rimliler 12:1; 13:1–5, 13; 14:21; 1 Korintoslylar 5:11; 6:10–12; 6:19,20; Galatýalylar 5:16–21; Efesliler 5:18; Kolosiýalylar 3:2; 1 Timoteos 2:5; 5:23; 1 Salonikliler 5:4–8; 1 Petrus 1:13; 2:13–17; 4:3–4; 5:7; Aýanlyk 9:20–21; 18:23; 21:8; 22:15.

## Umytsyzlyk, çykgynsyzlyk

Zebur 27; 40:13; 103; 121; Ýohanna 11; Resullaryň işleri 27.

## Birahatlyk

*Otrisatel birahatlyk*

Zebur 55:22; 121; Matta 6:25–34; Resullaryň işleri 27; Filipililer 4:6,7; 1 Petrus 5:7.

*Položitel birahatlyk*

2 Korintoslylar 11:28; Filipililer 2:20.

*Birahatlyga hötde gelmek*

Ýohanna 14:1–3; 14:18,27; Filipililer 4:4–9; Ýewreýler 13:6; Ýakup 1:22; 1 Ýohanna 4:18.

## Hudaýyň söýgüsi we kabul etmesi

Zebur 27; 103; Luka 15; Resullaryň işleri 27.

## Baýlyk, maddylyk

Kanun taglymaty 8:11–14; Eýýup 31:24–25; 31:28; Zebur 49:10–12; 52:5–7; 62:10; Süleýmanyň pähimleri 3:9; 10:9; 11:1; 15:27; 17:23; 19:17; 22:7; 23:4,5; 27:24; 28:20; 30:7–10; Wagyz kitaby 5:10; Matta 6:24–34; 18:23–25; 19:16–24; 25:14–30; Mark 6:7–11; 8:36; Luka 12:13–21; 16:19 we ş.m.; Rimliler 13:6–8; 1 Korintoslylar 16:2; 2 Korintoslylar 8:14–15; 9:7; Filipililer 4:18–19; 1 Timoteos 6:7,10; Ýewreýler 13:5.

### *Sebäpler*

Gelip çykyş 20:17; Пс. 72:2–3; Süleýmanyň pähimleri 3:9–10; 3:27–28; 11:15; 11:24–25; 14:21; 17:18; 19:15,17; 21:5; 22:7; 22:26–27; 28:20,22; Wagyz kitaby 5:15–17; Malaky 8:10; Luka 3:11; 6:38; 12:15–21; Rimliler 18:8,9; Galatýalylar 6:10; 1 Salonikliler 3:10; Aýanlyk 3:17.

### *Nähili garamaly*

Gelip çykyş 1:28; Gelip çykyş 20:15,27; Zebur 50:10–12; 50:15; Zebur 55:22; Matta 6:25–34; 25:14–29; 1 Petrus 5:7.

## Syrkawlyk

Zebur 119:71; Matta 9:2–6; 9:18–26; 10:5–8; 13:58; 25:39–40; Mark. 6:7–13; 7:24–30; 9:20–27; Luka 9:1,2,6; 13:1–5; Ýohanna 9:2,3; Rimliler 5:3–5; 8:28; 1 Korintoslylar 11:29,30; 2 Korintoslylar 2:7–10; Ýewreýler 9:27; 12:22; Ýakup 1:2–4; 5:1–14; 1 Petrus 1:5–7.

### *Syrkawlyga hötde gelnişi*

Rimliler 11:33; 1 Korintoslylar 12:25–26; Ýewreýler 11:1; Ýakup 5:6; 1 Ýohanna 1:9.

## Nika

Gelip çykyş 2:18, 24; Efesliler 5:22–23; Kolosiýalylar 3:18–21; 1 Petrus 3:1–17; 1 Timoteos 3:4–5.

## Günä

Zebur 32; 103; Işaýa 53:6; Matta 6:12; 18:21; Luka 15; Rimliler 8:23; 2 Korintoslylar 7:8–10; 1 Petrus 1:24; 1 Ýohanna 1:9.

### *Günäniň sebäpleri*

Gelip çykyş 2:17; 3:4–5; 3:8, 22; Eýýup 1:9–11; Ýohanna 14:26; Ýohanna 16:8, 13; Filipililer 3:12–16; 1 Timoteos 4:2; 1 Ýohanna 1:8–10; Aýanlyk 12:10.

*Günäniň netijeleri*

Zebur 73; Rimliler 6:23; 1 Ýohanna 1:9.

*Günä hötde gelnişi*

1 Şamuwel 16:7; Zebur 103:14; 139:1–4; Ýohanna 8:3–11; Ýakup 5:16; 1 Petrus 3:18; 1 Ýohanna 1:8–9.

*Günäniň öňüni almak*

Efesliler 4:32.

## Aldamak

Gelip çykyş 20:16; Süleýmanyň pähimleri 12:19, 22; Efesliler 4:25.

## Çydamlylyk

Zebur 40:1–3; Ýohanna 11; Resullaryň işleri 27; 2 Korintoslylar 12:7–10; Ýewreýler 12:5–11.

## Gahar

Zebur 2:5–9; 7:11; 10; 95:11; 130:3–4; Işaýa 48:9; Danyýel 9:9; Amos 5:18–20; Nahum 1:2–3; 1:6–8; Mark 3:5; Rimliler 1:18; 2:5; 1 Salonikliler 1:10; 2:1b; Süleýmanyň pähimleri 22:24–25; 24:29; 26:24.

*Adama gahara garşy berilýän duýduryş*

Zebur 37:8; Süleýmanyň pähimleri 10:18; 14:27, 29; 15:1, 18; 16:32; 20:3, 22; 27:5–6; 29:11, 20, 22; Wagyz kitaby 7:9; Matta 5:22; 7:1–5; Luka 17:3,4; Rimliler 12:19; 14:4; 2 Korintoslylar 7:8–10; Galatýalylar 5:20; Efesliler 4:26–32; Kolosiýalylar 3:8; 2 Timoteos 4:2; Ýewreýler 12:15; Ýakup 1:19–20; 3:3–14; 4:1; 5:9.

*Gahara hötde gelmek*

Gelip çykyş 4:5–7; Süleýmanyň pähimleri 15:28; 19:19; 22:24–25; 25:15; Matta 2:16; Mark 10:14; Ýohanna 4.

*Gaharyň netijeleri*

Zebur 73; Süleýmanyň pähimleri 14:17; 25:28; Matta 5:38,44; Efesliler 4:30–31.

## Gomoseksuallyk

Gelip çykyş 19; Lewiler 18:22; 20:13; Rimliler 1:26–32; 1 Korintoslylar 6:9–11; 1 Timoteos 1:10.

## Tekepbirlik

Süleýmanyň pähimleri 8:13; 11:2; 13:10; 16:18; 18:12; 21:24; 27:1; 29:23.

## Depressiýa, sustupeslik

Gelip çykyş 4:6,7; Müsürden çykyş 6:9; Çölde 11:10–15; 1 Patyşalar 19; Resullaryň işleri 3; Zebur 23:4; 27; 32; 34:15–17; 38; 40:1–3; 51; 69; 88; 102; 103:13,14; 121; Süleýmanyň pähimleri 18:14; Ýermeýanyň agysy; Matta 5:12; 11:28–30; 26:37–38; 26:75; Ýohanna 4:1–3; 15:10,11; Resullaryň işleri 27; Rimliler 8:28; 15:13; 2 Korintoslylar 4:8,9; Efesliler 1:3–14.

*Depressiýa hötde gelnişi*

Ýohanna 14:1–14; 14:26–27; Kolosiýalylar 1:16,17; Ýewreýler 1:3; 13:5.

*Depressiýany duýdurmak*

Filipililer 4:11–13; 4:8.

## Tertip-düzgün

Süleýmanyň pähimleri 3:11,12; 13:24; 19:18; 22:6,15; 23:13; 29:15; 1 Korintoslylar 5:1–13; 11:29–34; 2 Korintoslylar 2:1–11; 12:7–10; Efesliler 6:1–4; 1 Timoteos 4:7; Ýewreýler 12:5–11.

## Dostluk

Süleýmanyň pähimleri 27:6, 10; 17:9, 17; Ýohanna 15:13–15.

## Isleg

Gelip çykyş 3:6; Müsürden çykyş 20:17; Süleýmanyň pähimleri 10:3, 24; 11:6; 28:25; Matta 6:21; Luka 12:31–34; Rimliler 13:14; Galatýalylar 5:16; Efesliler 2:3; Titus 2:12; 3:3; Ýakup 1:13–16; 1 Ýohanna 2:16; Ýahuda. 18; 1 Petrus 1:14; 4:2–3.

## Durmuşy meseleler

1 Korintoslylar 6:9–12; 21:8; Efesliler 5:18; Aýanlyk 21:8; 22:15.

## Göripçilik

Titus 3:5; Ýakup 3:14–16; 1 Petrus 2:1.

## Ýaltalyk

Süleýmanyň pähimleri 12:24, 27; 13:4; 15:19; 18:9; 26:13–16; Matta 25:26.

## Söýgi

Süleýmanyň pähimleri 10:12; 17:19; Matta 5:44; 22:39–40; Rimliler 3:10; 1 Korintoslylar 13; 1 Petrus 1:22; 1 Ýohanna 4:10, 19; 5:2–3; 2 Ýohanna 5–6.

## Parahatlyk

Zebur 40:1–3; 119; 121; Süleýmanyň pähimleri 3:1–2; 16:7; Ýohanna 11; 14:27; Rimliler 5:1; 12:18; 14:19; Filipililer 4:6–9; Kolosiýalylar 3:15; Ýewreýler 12:24.

## Umyt

Zebur 27; 40:1–3; 119; 121; Süleýmanyň pähimleri 10:28; 13:12; Resullaryň işleri 27; Rimliler 15:4–5; 1 Saloniklilar 1:3; 4:13–18; Ýewreýler 6:11, 18–19.

## Ýigrenç

Süleýmanyň pähimleri 26:24–26; Ýewreýler 12:15.

## Ýekelik

Gelip çykyş 2:18; Zebur 25:16; 121; Matta 19:11–12; Luka 15; Ýohanna 11; Resullaryň işleri 27; 1 Korintoslylar 7:7–28; Efesliler 1:3–14; 2 Timoteos 4:9–12.

*Ýekelige hötde gelmek*

Süleýmanyň pähimleri 18:24; Ýohanna 3:16; Rimliler 8:9; 8:14–17; 8:26–31; 8:35–39; 1 Korintoslylar 6:19; 1 Ýohanna 1:9; 4:13.

## Gaýgy etmek

Süleýmanyň pähimleri 12:25; 14:30; 17:22; Matta 6:24–34; Filipililer 4:6,7; 1 Petrus 5:6–7.

## Toba etmek

Luka 3:8–14; 24:47; Resullaryň işleri 3:19; 5:31; 17:30; 26:20; 2 Korintoslylar 7:10; 12:21.

## Ysnyşyklyga talap

Resullaryň işleri 27.

## Endik

Süleýmanyň pähimleri 19:19; Işaýa 1:10–17; Ýermeýa 13:23; 22:21; Rimliler 6–7; Galatýalylar 5:16–21; Ýewreýler 5:13 we ş.m.; 1 Petrus 2:14, 19.

## Karara gelmek

2 Timoteos. 3:15–18; Ýewreýler 11:23–27.

## Bagyşlamak

Zebur 32; 103; Süleýmanyň pähimleri 17:9; Matta 6:14–15; 18:15–17; Mark 11:25; Luka 17:3–10; Efesliler. 4:32; Kolosiýalylar 3:13; Ýakup 5:15; 1 Ýohanna 1:8–10.

## Öz-özüňe baha bermek

Luka 15; Efesliler 2:3–14.

## Maşgala meseleleri

Gelip çykyş 2:18–25; Kanun taglymaty 24:1–4; Süleýmanyň pähimleri 5:18; 8:22; 19:13; 21:9; 19; 27:15–16; Wagyz kitaby 9:9; Matta 5:31–32; 19:3–9; 1 Korintoslylar 7:10–16; Efesliler 5:21–33; Kolosiýalylar 3:18–25; Ýewreýler 13:4; 1 Petrus 3:1–7.

### *Maşgala meseleleriniň sebäpleri*

1 Korintoslylar 7:12–16; 2 Korintoslylar 6:15–16; Efesliler 5:21–33; Kolosiýalylar 3:18–25; 1 Petrus 3:1–7.

## Hasrat

2 Şamuwel 12; Zebur 6:5–7; 23:4; 119:28; 137:1, 5, 6; Süleýmanyň pähimleri 14:13; 15:13; Matta 5:4; 14:12–21; 26:38; Ýohanna 11; 1 Korintoslylar 15; 2 Korintoslylar 4:14–5:8; Efesliler 4:30; 1 Salonikliler 4; 2 Timoteos 1:10; Ýewreýler 2:14–15; 9:27.

## Ölüm

Zebur 23:6; Süleýmanyň pähimleri 3:21–16; 14:32; 1 Korintoslylar 15:54–58; Filipililer 1:21, 23; Ýewreýler 2:14–15.

## Pes göwünlilik

Süleýmanyň pähimleri 13:34; 15:33; 16:19; 22:4; 29:23; Ýohanna 13:1–17; Galatýalylar 6:1,2; Efesliler 5:15–21; Filipililer 2:1–11; Ýakup 4:6, 10; 1 Petrus 5:6–7.

## Ýüregiň awama

Matta 9:36; 14:14; 15:32; 20:34; Mark 1:41; 6:34; 8:2; 10:21; Luka 19:41–44.

## Gybat

Süleýmanyň pähimleri 10:18; 11:13; 18:8; 20:19; 26:20–22; Ýakup 4:11.

## Gorky

Gelip çykyş 3:10; Zebur 103; 121; Süleýmanyň pähimleri 10:24; 29:25; Matta 10:26–31; Resullaryň işleri 27; 2 Timoteos 1:7; Ýewreýler 2:14,15; 1 Petrus 3:6; 3:13–14; 1 Ýohanna 4:18.

## Aýrylyşma

Gelip çykyş 2:18–25; Müsürden çykyş 20:14; Kanun taglymaty 24:1–4; Işaýa 50:1; Ýermeýa 3:1; Malaky 2:16; Matta 5:2; 5:27,28; 5:31,32; 6:14,15; 19:3–9; Mark 10:2–12; Rimliler 6:1–2; 12:1–2; 13:14; 1 Korintoslylar 7:10–24; 7:33–34; 7:39–40; Ýakup 5:16.

*Aýrylyşmanyň sebäpleri*

1 Korintoslylar 7:10–15.

*Aýrylyşmanyň öňüni almak*

1 Şamuwel 12:33.

## Ene-atalar/Çagalar

Gelip çykyş 2:24; 2 Korintoslylar 12:14; Efesliler 6:1–4; 1 Timoteos 3:4–5.

# BELLIKLER


## 2-NJI BAP. MUKADDES ÝAZGYNYŇ ÝATDAN ÇYKARYLAN MAKSADY

1. Stiwen Prothero, Dini sowatlylyk: Her bir amerikanlynyň bilmeli we etmeli zady (Nýu-Ýork: Harper Kollins, 2007), 38.
2. Barna ylmy gözleg topary, “Alty megatem döreýär”, Barna.org web sahypasynyň makalasy 462, (Wentura, CA: Barna gözleg topary, Ltd.), 2.
3. Deýwid Ferguson, Gatnaşyk esaslary (Ostin, TX: Gatnaşyk metbugaty, 2004), 74.
4. Joş Makdauell we Şon Makdauell, Sarsmaz hakykat (Eugene, OR: Hasyl öýi neşirýatçylary, 2010), 36.

## 3-NJI BAP. ÝÜREKLERIMIZIŇ GÖZLERINI AÇYP

1. Şon Makdauell tarapyndan salgylanýar, Täze nesil üçin ötünç soramak (Eugene, OR: Hasyl öýi neşirçileri, 2009), 141.
2. Pol C. Wits, Atalaryň imany: Ateizmiň psihologiýasy (Dallas, TX: Spens neşir, 2000), 146.
3. Deýwid Ferguson, Gatnaşyk esaslary (Ostin, TX: Gatnaşyk metbugaty, 2004), 45.
4. Gloriýa Gaýter we William J. Gaýter, “Meni söýýärler” (Neşwil, TN: William J. Gaýter, Inc., 1978), CCLI14019.
5. Ferguson, 57.

## 4-NJI BAP. MUKADDES ÝAZGYDA ISANY TANAMAK

1. Joş Makdauell we Şon Makdauell — “Sarsmaz hakykat” kitabyndan, (Eugene, OR: Hasyl öýi neşirçileri, 2010), 218–219.
2. Deýwid Ferguson, Gatnaşyk esaslary (Ostin, TX: Gatnaşyk metbugaty, 2004), 64–65.

## 5-NJI BAP. MUKADDES ÝAZGYNY BAŞGALAR BILEN DUÝMA TEJRIBESI

1. Joş Makdauell we Şon Makdauell, Sarsmaz hakykat (Eugene, OR: Hasyl öýi neşirçileri, 2010), 407–408.
2. Makdauell, 200.
3. Deýwid Ferguson, Hiç haçan ýeke däl ýygnak (Witon, IL: Tyndale House neşirçileri, 1998), 32.
4. Makdauellden alyndy, 268–269.
5. Ferguson, 76.
6. Makdauellden, 404.

## 7-NJI BAP. DÜŞÜNDIRIŞ: ÇAKLANYLÝAN MANA DÜŞÜNMEK

1. Riçard Stengel, “Iman, hemişe ösýär” Inboks — Redaktoryň stoly, “Time” žurnaly, 2011-nji ýylyň 25-nji apreli.
2. Jon Meçam, “Dowzah ýok bolsa näme etmeli?” “Time” žurnaly, 2011-nji ýylyň 25-nji apreli.

## 11-NJI BAP. ÖZÜŇIZI MUKADDES ÝAZGYNYŇ UMUMY SURATYNYŇ IÇINDE ÝERLEŞDIRIŇ

1. Şahsy maglumatlar we Hoşeýa pygamberiň kitaby boýunça okuw ýazgylary Ogaýo ştatyndaky Koplidäki Deýw Bellis tarapyndan, öz taryhyny paýlaşmaga rugsady bilen berlen.

## 12-NJI BAP. NÄME ÜÇIN MUKADDES KITABA YNANMAK BOLÝAR?

1. Tutuş kitap Joş Makdauelliň kitabyndan alnan, Joş Makdauell we Şon Makdauell, Sarsmaz hakykat (Eugene, OR: Hasyl öýi neşirçileri, 2010), 9-njy bap. Joş Makdauell, Bob Hostetler we Deýwid H. Bellis, Ynançlara ynanmagyň aňyrsynda (Wheaton, IL: Tyndale House Publisher, 2002), 166–178; we www.seanmcdowell.org.
2. Joş Makdauell, Hököm çykarylmagyny talap edýän täze subutnama (Neşwil, TN: Nelson, 1999), 74
3. Joş Makdauell, Hököm çykarylmagyny talap edýän täze subutnama, 78.
4. Joş Makdauell, Hököm çykarylmagyny talap edýän täze subutnama, 79.
5. Joş Makdauell, Hököm çykarylmagyny talap edýän täze subutnama, 38.
6. Joş Makdauell, Hököm çykarylmagyny talap edýän täze subutnama, 38.
7. Joş Makdauell, Hököm çykarylmagyny talap edýän täze subutnama, 38–39.
8. Birleşen Injil Jemgyýeti, “Injil jemgyýetleri tarapyndan Mukaddes Ýazgylaryň paýlanyşynyň 2008-nji ýyldaky gysgaça mazmuny”, www.biblesociety.org/index.phpid=21-e serediň.
9. Birleşen Injil Jemgyýeti, “2008-nji ýylyň 31-nji dekabryndaky Global Ýazgylaryň terjimesi” www.biblesociety.org/index.php? Id = 22-ä serediň.
10. Makdauell, Hostetler, Bellis, 167–169, 176–179.
11. Şon Makdauell, “Süňkler we hapalar”, *Talyplar üçin apologetikany öwrenmek üçin Mukaddes Kitaby*, Şon Makdauell, gen. red. (Neşwil, TN: Broadman & Holman neşirçileri, 2009).

# AWTORLAR WE JOŞ MAKDAUELLIŇ GULLUGY BARADA

**Joş Makdauell** ýaşlykda ynamsyz adam bolupdy. Ol Miçigandaky Kelogg kollejinde okanda, mesihi talyplaryň topary oňa Isa Mesihiň sözlerini akyl taýdan öwrenmegi teklip edýärler. Joş çagyryşy kabul edýär we Isanyň hakykatdan hem, özüni şeýle söýýändigi üçin onuň ugrunda ölen Hudaýyň Ogludygy baradaky hakykat bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Joş ömrüni Mesihe bagyş etdi we 50 ýylyň dowamynda öz şaýatlygyny we Hudaýyň hakykydygy hem-de biziň gündelik durmuşymyzda wajyp bolup durýandygy baradaky subutnamalaryny paýlaşyp gelýär.

Joş Uiton kollejinde bakalawr derejesini aldy we Kaliforniýadaky Talbot teologiki seminariýasynyň ylahyýet magistri derejesini aldy. Ol 50 ýylyň dowamyda "*Mesih üçin haçly ýöriş meýdançasynyň*" işgäri boldy. Joş bilen aýaly Dotti eýýäm 40 ýyldan gowrak wagt bäri maşgala bolup ýaşap gelýärler. Olaryň ullakan dört çagasy we bäş agtygy bar. Olar Günorta Kaliforniýada ýaşaýarlar.

**Şon Makdauell** — pedagog, orator we awtor. Ol Talbot teologiki seminariýasyny tapawutlanyp tamamlady-da, filosofiýanyň we teologiýanyň magistriniň iki görnüşli derejesini aldy. Ol Kapistrano-Welli mesihilik mekdebiniň Mukaddes Kitap bölümine ýolbaşçylyk edýär we häzirki döwürde Günorta baptist teologiki seminariýada apologetika we dünýägaraýşy derňäp öwrenme boýunça doktorlyk dissertasiýasynyň üstünde işläp ýör. Siz Şonuň blogyny okap, *www.seanmcdowell.org*. saýtynda çykyş etmek üçin onuň bilen habarlaşyp bilersiňiz.

Şon bilen onuň aýaly Stefani eýýäm on ýyldan gowrak wagt bäri maşgala bolup ýaşap ýörler, olaryň iki çagasy bar. Olar Günorta Kaliforniýada ýaşaýarlar.

# MAZMUNY

**1-NJİ BAP:** MUKADDES KITAP: SYRLYMY WE OŇA DÜŞÜNMEK KYNMY? . . . . . . . . . . . . . . . 5

**BIRINJI BÖLÜM**

MUKADDES KITABA DÜŞÜNMÄNIŇ USULLARY

**2-NJİ BAP:** MUKADDES ÝAZGYNYŇ ÝATDAN ÇYKARYLAN MAKSADY. . . . . . . . . . . . . . 19

**3-NJİ BAP:** ÝÜREKLERIMIZIŇ GÖZLERINI AÇYP . . . . . . 40

**4-NJİ BAP:** MUKADDES ÝAZGYDA ISANY TANAMAK . . . . . . . . . . . . . . . . . 57

**5-NJİ BAP:** MUKADDES ÝAZGYNY BAŞGALAR BILEN DUÝMA TEJRIBESI . . . . . . . . . . . . . . . . . 70

**6-NJY BAP:** HAKYKATY AÇMANYŇ AÇARY . . . . . . . 87

**IKINJI BÖLÜM**

MUKADDES KITABY ÖZÜŇ ÜÇIN NÄDIP ÖWRENMELI

**7-NJİ BAP:** DÜŞÜNDIRIŞ: ÇAKLANYLÝAN MANA DÜŞÜNMEK . . . . . . . . . . . . . . . . 103

**8-NJİ BAP:** DÜŞÜNDIRIŞIŇ GURALLARY . . . . . . . . . . 119

**9-NJY BAP:** ÖZ PIKIRLERIŇIZI BAŞGALAR BILEN PAÝLAŞYŇ . . . . . . . . . . . . . . . . . . 142

**10-NJY BAP:** "GIDIŇ-DE, ÖWRENIŇ" MUKADDES ÝAZGY PARÇASYNYŇ MANYSY. . . . . . . . . . . . . . 155

**11-NJİ BAP:** ÖZÜŇIZI MUKADDES ÝAZGYNYŇ UMUMY SURATYNYŇ IÇINDE ÝERLEŞDIRIŇ . . . . . . 167

**12-NJİ BAP:** NÄME ÜÇIN MUKADDES KITABA YNANMAK BOLÝAR? . . . . . . . . . . . . . . . 188

JEMLEÝJI SÖZ. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 207

GOŞMAÇA RESURSLAR. . . . . . . . . . . . . . 213

BELLIKLER . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 233

*Görmek. Öwrenmek. Ýerine ýetirmek.* Mesihileriň köpüsi Mukaddes Ýazgynyň mehaniki ulanylyşynda ünsi jemleýärler. Makdaueller “Mukaddes Kitabyňyzy duýuň” atly kitabynda: Hudaýyň ilkibaşdaky maksady — Mukaddes Ýazgy — bu Onuň adamlar bilen gatnaşyklardan lezzet almagy üçin Özüni açmagyň usulydygyny yglan edýärler.

Awtorlar Mukaddes Kitabyň mesihileriň nähili durmuşyny düýpgöter üýtgedip biljekdigini görkezýärler:

- *Çuň ýakynlyk.* Hudaý adamlary şeýle bir ýaratdy welin, Onuň bilen ýakyn gatnaşyk — olaryň manyly durmuşa barýan ýeke-täk ýoludyr. Onuň ýazylan Sözi şeýle gatnaşyklary üpjün edýär.

- *Gatnaşyk tejribesi.* Biz Hudaýyň tabşyryklaryna boýun bolmalydyrys. Şeýle-de bolsa, Ol biziň Özi bilen we beýleki mesihiler bilen kabul etmek, şatlyk we rahatlyk ýaly zatlary bilelikde duýmagymyzy isleýär.

- *Söýgide ösmek.* Joş we Şon Mukaddes Ruhuň Mukaddes Ýazgylary şöhlelendirmekdäki ornuny nygtaýarlar. Olar okyjylara öwrenmäge we “hakykat Sözüni takyk ulanmaga” kömek etmek üçin subut edilen gurallary hödürleýärler. Ilki bilen, olar öwrenmek — bu mesihilere Mukaddes Kitabyň awtory Hudaýyň hut Özüni has çuňňur söýmeklerine kömek etjekdigini nygtaýarlar.

Mesihiler Mukaddes Kitap we onuň awtory bilen tanyş bolanlarynda, durmuşda paýhas, many we kanagatlanma tapýarlar.

*Ruhy çopanlar, ýolbaşçylar, ene-atalar we ýaşlar liderleri üçin — Mukaddes Kitabyň aýan edýän mesihiligiň üýtgeýän durmuşyny we medeniýetini wagyz etmek we başdan geçirmek isleýän her bir adam üçin esasy guraldyr.*

TM